**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY**

**Meredow D.M.**

# Nebit - gaz pudagynyň ykdysadyýeti

**Aşgabat – 2010**

# Giriş

Täze galkynyş eýýamynda ýurdumyz günsaýyn ösýär, täze belentliklere tarap ýetýär. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda işlenip düzülen ykgysadyýetiň köptaraply ösüş modeli durnukly netijeligini görkezýär, halk hojalygynyň ähli ugurlarynda öşegidişlikler aýdyň görünýär. Türkmene döwür – döwran dolandy. Bu gün bu jümläni her bir türkmenistanly uly buýsanç, çäksiz minnetdarlyk bilen gaýtalaýar. Şol ajaýyp döwranyň iline, ýurduna baky dolanmagy üçin hormatly Prezidentimiz Gurbangyly Berdimuhammedow turuwbaşdan **“Döwlet adam üçindir!”** diýen ganatly jümleleri baş şygyr edindi. Bu şygyr bolsa beýik Galkynyş. Täze özgertmeler zamanasynyň bagtyýar adamlaryny ýagty geljege sary ynamly ýola düşürdi.

Milli Lidermiziň irginsiz, tagallasy bilen döwletimizi ýerasty hem ýerüsti baýlyklary halkymyzyň durmuş ýaşaýyş derejesiniň has – da rowaçlanmagyna gönükdirlendir. Watanymyzyň gülläp ösmeginiň hatyrasyna zähmet çekýän ildeşlerimiz lezzetli durmuşyň hözirini görüp, milli Lidermiziň özleri üçin döreden ajap zamanasynyň mahabatçylaryna öwrüldiler.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde durnukly ösüş ýoluna düşen Watanymyzyň hormatly Prezidenti döwlet başyna geçen gününden il – ýurt bähbitli tutumly işleriniň ýüzlerçesine badalga berip, ummasyz baýlyklarymyzy halkymyzyň eşretli durmuşuna görnükdirdi. Milli Lidermiziň tutanýerliligi netijesinde ýerasty baýlyklarymyzy gazyp – agtarmak, nebitdir gaz senagatynyň pudaklarynyň işlerini düýpgöter üýtgedip gurmak, täze nebit – gaz ýataklaryny açyp, olaryň öndürijilikli işlemegini üpjün etmek, daşary ykdysady gatnaşyklaryny has – da pugtalandyrmak, Diýarymyzda öndürilen harytlary dünýä bazarlaryna çylarmak we ençeme beýleki döwrüň öňe sürýän

meseleleriniň bolmagy ýurdumyzyň durnukly we ygtybarly ösüşiniň kepili boldy.

Ýaňy ýakynda hemmämiziň bilişimiz ýaly özüniň gözbaşyny Amyderýanyň sag kenaryndaky ýataklardan alýan uzynlygy ýedi müň kilometre golaý Türkmenistan – Özbekistan – Gazagystan – Hytaý gaz geçirijisiniň işe girizilmegi bilen bütin dünýä ýer ýüzündäki iň uzyn gaz geçirijisiniň gurluşugynyň tamamlanandygyna şaýat boldy. “XXI asyryň taslamasy” diýip atlandyrlan bu gazgeçirijini 2009 – njy ýylyň 14 – nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti we dostlukly üç ýurduň – Hytaý Halk Respublikasynyň, Özbekistan Respublikasynyň we Gazagystan Respublikasynyň Liderleri Lebap welaýatyna baryp, ol ýerde XXI asyryň iri energetika magistraly bolan tranzasiýa gaz geçirijisini ulanmaga bermek dabarasyna gatnaşdylar. Bu wakanyň taryhy wakadygyny belläp geçmek gerek. Bu gaz geçirijiniň gysga wagtda işe girizilmegi bolsa Türkmenistan bilen Hytaýy bir – birine has ýakynlaşdyrýar. Olary ýakynlaşdyrýan menzilleriň Beýik “Ýüpek ýolunyň” üstünden geçmegi bu taslamanyň ähmiýetini artdyrýar.

Ata Watanymyzda tebigy baýlyklaryň ummasyz gorlay bar. Munuň şeýledigine ýurdumyzyň ýerasty baýlyklaryna – gaz gorlaryna garaşsyz eksperleriniň geçiren barlaglary hem doly şaýatlyk edýär. Bu baýlyklaryň netijeli peýdalanylmagy bolsa ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşine uly itergi berýär. Hormatly Prezidentimiz özüniň çuň manyly çykyşlarynyň birinde ýurdumyzda bar bolan tebigy baýlyklarmyzyň diňe bir öz halkymyzyň eşretli ýaşaýşyna gönükdirilmän, eýsem tutuş adamzadyň bähbidine hyzmat etdirmekden ugur alynmalydygyny aýdypdy. Beýik Galkynyş hem täze özgertmeler zamanynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedowyň ýolbaşçylygynda durmuşyň dürli ugurlarynda bolşy ýaly, tebigy baýlyklarymyzy agtarmak, tapmak, netijeli peýdalanmak ugrunda hem uly işler edilýär. Ondan başga – da paýtagtymyzda “Türkmenistanyň nebiti we

gazy” atly halkara sergisi hem – de “Täze Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň nibitgaz senagatynyň ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy” atly halkara maslahatlary men ýygy – ýygydan geçirilýär.

2008 – nji ýylyň ahyrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy **“Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr serişdeleriniň hem – de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty”** atly halkara maslahaty atly rezolýusiýany kabul etdi. Ony Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolup durýan 192 döwlet biragyzdan goldady. Halkara hyzmatdaşlygyň öňe ilerleýji depginde ösmegi üçin durnukly şertleri döretjek we ykdysady howpsuzlygy üpjün etjek bu resminamany kabul etmek başlangyjy bilen Türkmenistan çykyş edip, ol häzirki wagtda energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna ibermekde has – da işjeňlik görkezýär. Rezolýusiýanyň biragyzdan kabul edilmegi adamzat ýaşaýşy üçin möhüm bolan, dünýäde höküm sürýän syýasy – ykdysady ýagdaý bilen baglydyr. Bütin dünýäde energiýa serişdelerine artýan isleg bir tarapdan uglewodorod serişdelerini öndüriji ýurtlar üçin nebiti we gazy çykarmak hem – de ibermek babatda täze mümkinçilikleri açan bolsa, ikinji tarapdan energiýa serişdelerini öndürmek we daşamak boýunça giň gerimli taslamalary işläp düzmäge we durmuşa geçirmäge itergi berdi. Bu bolsa iň öňde baryjy tehnologoýalary we dolandyryş usullaryny ulanmagyň zerurlygy bilen şertlendirilýär. Emele gelen ýagdaýda halkara nebitgaz geçiriji ulgamlarynyň işlemeginiň howpsuzlygyny kepillendirmekde we adamzadyň ösüşi üçin iňňän möhüm bolan energiýa serişdelerini ygtybarly eltmekde tagallalary birleşdirmegiň zerurlygy ýiti ýüze çykýar.

# I Bap. Ykdysadyýetiň esaslary.

Ykdysadyýet şeýle bir umumy söz bolup, giň göwrümli köp many özünde jemlemegi sebäpli oňa bir söz bilen kesgitleme bermek mümkin däl.

Häzirki zaman şertlerinde ykdysadyýete bir näçe kesgitleme bermek bolýar:

**1.** Ýurduň halk hojalygy ýa - da aýry - aýry pudaklary içine alýan onuň bir bölegi (senagatyň, oba hojalygynyň ykdysadyýeti);

**2.** Hojalyk işleri prossesinde toplanan öndüriji güçleriň şol wagtky ösüş derejesine we emele gelen kesgitli ykdysady ulgamyna laýyklykda adamlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň taryhy kesgitlemeleriniň jemleri (gül eýeçilik, kapitalistik we beýleki döwürleriň ykdysadyýetleri);

**3.** Adamlaryň edýän işleri, olaryň kanunlary we kanuna laýyklygyny hem - de önümçiligiň käbir şertlerini we düzüjilerini öwrenmek bilen meşgul bolýan ylymy düzgün - tertip (ýurduň hal hojalygynyň nazarýet ykdysadyýeti).

**4.** Ykdysadyýet bu döretmek we ulanmak ýoly bilen zerur bolan durmuş nygmatlaryny öndürip, adamlaryň we jemgyýet isleglerini kanagatlandyrmagy .pj.n edýän hojalyk ulgamydyr.

**Ykdysadyýetiň aýry - aýry derejeleri.**




Pudagyň ykdysadyýetiniň esaslaryny öwrenmeklik üçin nazaryýeti ýagdaýlary beýan etmekden, şeýle hem tejribelik taýdan pudagyň ykdysadyýetini kärhanalardaky ýaly gönüden - göni dolandyrmak türgenleşigini öwretmekden ybaratdyr.

# II Bap. Kärhana barada düşünje.
## 2.1. Kärhanalaryň görnüşleri we hojalyk – hukuk formalary.

2.1. Kärhanalaryň görnüşleri we hojalyk – hukuk formalary.

Kärhananyň hut özi, haryt öndüriji we hyzmat ediji bolup, beýleki subýektler bilen her dürli hojalyk aragatnaşyklaryna gatnaşýan **bazaryň wajyp subýekti** bolup durýar.

**Kärhananyň düýp manysy - Telekeçilik işi** - talaplary kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen özbaşdak iş ýöretmek.

Telekeçilgi guramanyň esasy formasy kärhanadyr.

**Kärhana** – Talaby kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen önüm öndürmek, işleri ýerine ýetirmek üçin kanunlara laýyk döredilen, ýuridiki şahys haklaryna eýe bolan, özbaşdak hojalyk subýektdir.

Bazar ykdysadyýetinde **önümçilik** diýlende, maddy önümçilik ulgamynda ýa-da hyzmat ulgamynda bolandygyna garamazdan girdeji getirýän işleriň her dürli görnüşleri göz öňünde tutulýar.

**Kärhana -** bu haýsyda bir maksada ýetmek üçin guralan hojalyk birligi, ýagny bu ykdysadyýet birligi.

**Kärhana:**

- Özbaşdak mesele kabul etmek.
- Önümi öndürmek we ýerlemek üçin önümçiligiň faktorlaryny hakyky ulanmak.
- Girdeýji almaga we başka maksatlary amala aşyrmaga okgunly.

**Kärhana** – bu kommersiýa guramasy, ýagny girdeýji almaga okgunly gurama. Şeýlelikde kärhana kommersiýa däl, ýagny girdeýji almak maksadyny yzarlamaýan guramalardan düýpli tapawutlanýar.

Umuman Kommersiýa däl kärhanalaryna – haýyr-hasabat we beýleki fondlar, asosiasiýalar, jemgiýet birleşikleri, dini guramalar we beýlekiler girýär.
Her bir kärhana bazar şertlerinde aşakdaky esaslary ýerine ýetirmeli:

- Tygşytlylyk (bellenen netijelere minimal çydaýjylar bilen ýetmek ýa-da belli bir çykdaýjy mukdary bilen iň ulu netijeleri gazanmak.);
- Maliýe durnuklylyk (kärhana her bir wagt pursadynda gerekli tölegleri amala aşyryp bilýär);
- Girdeýji almak (önümçilik we ýerlemeklik, kärhana girdeýji gazanyp peýdaly bolar ýaly guralmaly).

**Ýuridik şahs** – öz hojalygynda, öz eýeçiliginde ýa-da operatiw dolandyrmasynda emlägi bolan, öz borçnamalaryna şol emläk bilen jogap berýän, kazyýetde talap ediji bolup çykyş edip bilýän gurama.
Kärhana döwlet hasabyna alynandan soň we ‘Ýuridik şahslaryň Ýeketäk döwlet hasabat reestrine girizilenden soň döredilen diýip hasaplanýar we ýuridik şahs adyna eýe bolýar.
Kärhanalar şertlerine, maksatlaryna we işleme häsiýetlerine görä tapawutlanýarlar. Telekeçilik işini has jikme- jik seljermek üçin kärhanalar hojalyk işiniň häsiýetine, eýeçilik görnüşlerine, kapital degişliligine we ony dolandyrmasyna, hukuky ýagdaýyna we başga şertlere görä her dürli görnüşlere bölünýärler.
**Kärhanalaryň görnüşleri:**

| Pudak alamatlaryna we hojalyk işine görä |
|---|

- Önümçilik
- Gurluşyk
- Söwda
- Ylmy- önümçilik we başgalar

| Eýeçilik formasyna görä |
|---|

- Döwlet
- Munisipal

- Hususy
- Garyşyk we başgalar.

Eýeçiligiň hukuk düzgünininiň häsiýetine görä

- Ýekebara
- Kollektiw:

Umumy paý eýeçilikli
Umumy bileleşik eýeçilikli

Önümçilik potensialynyň kuwwatyna görä (kärhananyň göwrümi)

- Kiçi
- Orta
- Uly

Önümçilik faktorynyň üstin çykyşyna görä

- Zähmet talap edijiligi ýokary
- Maýa talap edijiligi ýokary
- Material talap edijiligi ýokary

Maýa degişliligine görä

- Milli
- Daşary ýurtly
- Garyşyk

Jogapkärçilik çäklerine görä

- Doly jogapkärçilikli
- Çäklenendirlen jogapkärçilikli

Öndürýän önümine görä

- Önüm öndürýän kärhana
- Hyzmat edýän kärhana

**İş görnüşine laýyklykda bölünme:**
Kärhanalar ilki bilen ýurdyň ykdysadyýetiniň haýsy pudagyna degişlidiklerine laýyklykda bir birinden tapawutlanýarlar. Pudaklar – senagat, gurluşyk, oba hojalyk, saglygy goraýyş we ş.m.
**Kärhananyň göwrümine laýyklykda:**
Wajyp aýratynlyklaryň biri hem - bu kärhananyň göwrümi. Kärhananyň göwrümi ilki bilen şol kärhanada işleýän işgär sanyna göra kesgitlenýär.
Kiçi kärhanalar- 50 işgäre çenli, orta kärhanalar- 50 den 500 işgäre çenli (käbir ýagdaýlarda 300 işgäre çenli), uly kärhanalar – 500 den ýokary we has uly kärhanalar – 1000 ýokary işgär.
Kärhananyň göwrümi şol kärhananyň haýsy pudaga we senagata degişlidigine baglydyr.
**Eýeçilik şertlerine laýyklykda:**
Eýeçilik formasy kärhananyň ýuridik statusynýn esasydyr. Eýeçilik formasyna laýyklykda hususy, döwlet, munisipal, jemgiýetçilik guramalarynyň eýeçiligindäki we başga kärhanalary tapawutlandyrýarlar.
**Hukuk- gurlyş formasyna laýyklykda:**
Raýat ýuridik şahs bolmasada telekeçilik işi bilen meşgullanmaga haky bardyr. Bu telekeçiligiň görnüşine ýekebar telekeçilik diýilýär.
Telekeçiligiň başga bir görnüşi hem paýdarlar jemgiýetidir.
Önümiň, işin we hyzmatyň öndürilmesi -kommersiýa hereketiniň subýektleri (edaralary) bolan guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Eger eýeçiliginde, hojalyk ýolbaşçylygynda ýa-da operatiw dolandyrmasynda (uprawleniýede) özbaşdak emlägi bar bolsa we öz borçnamalary boýunça jogap berseler, öz adatdan emläk hukuklaryny amala aşyryp bilseler,wezipelerini yerine ýetirip bilseler, kazyýetde talapkär we jogapkär hökmünde çykyş edip bilse bular ýuridiki şahs diýilip hasaplanylýarlar.
Kommersiýa guramalary öndürýan önümi (işi, hyzmaty) bilen bazar talabyny kanagatlandyrmak bilen ondan ykdysady peyda

(girdeji) görjek bolýarlar. Kommersiýa däl karhanlary nähili hem bolsa jemgyýetçilik talaplaryny kanagatlandyrmak üçin döredilýarler we olaryñ hereketi girdeji alma bilen bagly bolmaýar.

Hojalyk bileleşikler we jemgyýetleri-bu ustaw kapitaly tarapyndan esaslandyryjylaryñ (gatnaşyjylaryñ) paýlaryna (goşantlaryna) paýlanylan kommersiýa guramalarydyr. Gatnaşyjylaryñ goşantlary hasabyna emele gelen emlak, şeyle hem bileleşik ýa-da jemgyýet tarapyndan onun iş prosessinde öndirilen emläk eýejilik hukugunda oña degişli bolýar.

Aksioner (paýdarlar) jemgyýetiniñ hojalyk birleşikleri we jemgyýetlerinden tapawutlykda aksiýalaryñ belli bir sanyna bölünen ustaw kapitaly bolýar. Paýdarlar (aksionerler) olara degişli bolan aksiýalaryñ gymmatynyñ çaginde jemgyýetiñ hereketi bilen bagly bolan zyýan çekmä töwekgellik edýärler.

Paýdar jemgyýetler açyk we ýapyk bolup bilýärler. Dine az esaslandyryjylaryň arasynda aksiýalary ýaýradylýan **paýdar jemgyýeti, ýapyk** hasaplanylýar. Ol çykarýan aksiýalaiyna açyk ýazylma (abuna) geçirip bilmeýär. **Açyk gömüşdki paýdar jemgyýeti** boýunça az çykarýan aksiýalaryna açyk ýazylma geçirip bilýär we olary arkaýyn gazna (fond) bazarynda satyp bilýär.

**Kärhanalaryň gurluşy (1.1 sur.)**



Döwlet we munisipal unitar kärhanalarynda olara berkidilen emläge bolan eýeçilik hukugy ýok. Emläk döwlet ýa-da munisipal eýeçiliginde bolup karhana hojalyk dolandyrma hukugy esasynda degişli bolýar.

# III Bap. MAÝA GOÝUMLARYŇ YKDYSADY NETIJELILIGI.

**3.1. Maýa goýumlar. Umumy düşünje.**
**3.2. Maýa goýumlaryň ykdysady netijeliligini kesgitlemegiň usullary.**
**3.3. Nebit gaz pudagynyň maýa goýumlarynyň çeşmesi.**

## 3.1. Maýa goýumlar. Umumy düşünje.

Önümçiligiň ýokary hilliligini kämilleşdirmek bazar şertlerinde inwestirleme prosessiniň esasyny emele getirýän täzelik girizmek görnüşinde amala aşyrylýar.
Täzden girizilen kada( tazelik girizmek) –bu peýdaly netijäniň ösüşini berän we adatça, ylmyň we tehnikanyň üstünliklerine esaslanan talaby kanahatlandyrmanyň täze usuly.
Inwestirlemeler( inýýestment - inlis sözünde kaptal goyumlar diýmegi anlatýar). Şonuň bilen "inwestirlemelere" we "maýa goyumlara" sinonim hokminde seretmek bolýar. Emma inwestirleme düşünjesi giň bolup, öz düzümine dürli maýa goýumlardan başga - da bir tarapdan önümçilik eýeçiligine hukugy gazanmaga edilen önümçilik harçlamalary we beýlekitarapdan bolsa, täze önümiň bazara girizilmegi üçin edilýän çykdajylary hem alýar.
Maýa goýumlar (maýa harçlamalar) – diýlende, esasy fondlary täzeden işläp çykarmak üçin edilýän harçlamalar, ýa - da täzelerini gurmaklyga we bar bolan kärhanalary dikeltmäge we tehniki taýdan enjamlaşdyrmaga (önümçilik maýa goýumlary), ýaşaýyş, komunal we medeni durmuşy gurluşyklaryna (önümçilik däl maýa goýumlary) harçlanýan pul serişdelerine düşünilýar.
Täzeden girizilen kadalaryň gurluşy esasy kapitalyň parametrlerine täsir edýär. Şu nukdaýnazardan olary tehnologiki täzelik girizmelere we täze önüme bölmeklik maksada laýykdyr.

Tehnologiýany täzelemegiň proýektleri nyrh bäsdeşligi bilen harçlamany peseltmegiň hökmanlygy bilen ýa - da täze resurs ýagdaýlaryna öwrenişmeklik bilen stimulirlenýär.
Täzeden girizilen kadalaryň gurluşy esasy kapitaly täzeden döretme prosesinde dikeltmäniň we täze gurluşygyň arasyndaky baglanşygyna täsir edýär. Täze önümi çykarmaklyk täze önümçiligi döretmegi ýa - da bar bolan önümçiligi giňeltmegi göz öňünde tutýar. Şunlukda dinamiki toplama wariantyny emele getirýär.
Tehnologiki täzelik girizmeler görnüşi taýdan, fiziki taýdan könelişen tehnikany çalyşmagyň başlaýjysy bolýar.Şunuň bilen birlikde inwestirleme netijeliligi öňki çäkdäki önüm görnüşleriniň mümkinçilikleriniň artmagyna bagly bolýar. Sebäbi täze tehnologiýa zerarly önümiň kämilleşmegi önümçilik çykdaýjylarynyň kemelmegi we satuwyň artmasy mümkin.
**Maýa (kapital)** – bu uzak wagt dowamynda ulanylýan öndürjilik faktorydyr. Ol edilen pursatyndan başlap, köp ýyllar dowamynda önümçilige gatnaşýar. Kapitaly kärendä alyp bolýar, emma köplenç maýa goýumlar enjamlary satyn almak bilen, jaýlaryň we binalaryň gurluşygy bilen , transport serişdeleriniň satyn alynmagy bilen arabaglanşykly bolup durýar.
**Aňly maýa(intelektual kapital) -** bu tehnologik bilimleri we tejribeleri emele getirip, önümçiligiň (aňly) eýeçiligine hukuk hökmünde berkidilýär.
Maýa goýumlar barada karar çykarlanda kärhana geljekde alyp biljek goşmaça girdejisi bilen sarp edilen fiziki we aňly kapitaly hökmany ýagdaýda deňeşdirmeli.
Töwekgel biznes inwestirleme proseslerini guramaklygyň iň netijeli formasy bolup durýar.
Kärhananyň inwestirleme strategiýasy iki sany emele getirijiler bilen kesgitlenilýär:

**1**.Resurslaryň göwrümi we häsiýetleri bilen (önümçilik we kadrlar potensialy, pul - maýa resurslary önümçilik eýeçiligine hukuk, baza maglumatlaryna girme);
**2**.Bazarda bäsdeşlige ukyplylygy bilen(bazardaky paýy, çig mal üpjünçiligi, resurs bazarynda bäsdeşlik ýagdaýy );
Iki emele getirjileriň derňewi kärhananyň inwestirleme strategiýasyny kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.
Maýa goýumlary önümçiligiň ösüşinde inwestirlemäniň esasy hökmünde – bu ilki bilen proýekt – agtaryş işleri we işgärleri taýýarlamak üçin, gurluşyk - montaž işleri üçin, tehniki enjamlary, maşynlary, mehanizmleri, gurallary satyn almak üçin edilýän önümçilik çykdaýjylardyr.
Hereket edýän kärhananyň täzeçe gurulmasyna, dikeldilmesine – önümçiligiň bir proýekt boýunça doly ýa - da bölekleýin täzeden enjamlaşdyrylmasynyň we täzeden gurulmasynyň amala aşyrylmasy degişlidir.Oňa görnüş taýdan köneleşen we fiziki taýdan sandan çykan abzallaryň önümçiligiň mehanizmleşdirme we awtomatizasiýalaşdyrma bilen çalyşmagy, tehniki kämilleşen baza esasynda önümçiligiň möçberiniň artmagyny üpjün edýän, tehnologiki zwenolaryň we kömekçi gulluklaryň proporsiýasyzlygy(disproporsiýany) aýyrmaklyk, önümiň görnüşlerini giňeltmek, ýa - da galyndysyz önümçiligi döretmeklik şeýle hem beýleki tehniki ykdysady görkezijileri gowlandyrmak girýär.

## 3.2. Maýa goýumlaryň ykdysady netijeliligini kesgitlemegiň usullary.

Inwestirlenýän kopitala esaslanan önümçiligiň ykdysady ösüşini uzk möhlet aralygynda ýokary derejeli (intensiw) we ekstensiw (hil däl - de hal taýdan ösüşi ya - da ösüşde yza gaýtmak) ýaly ösüşleri häsiýetlendirip biler.
Ykdysady netijeliligi hasaplaşyklary ösüşiň wariantlary deňeşdirilende girizilen täzeliklerde maýa goýumlaryň iň

amatly möçberini kesgitlemekde esasy fontlaryň üznüksiz önümçiligindäki dürli ugurlary saýlamakda zerur. Hasaplaşyklar amala aşyrylanda umumy ykdysady netijelilik we efekty emele getiren netijeliligiň inwestirlme bolan gatnaşygy ýaly kesgitlenilýär. Şunuň birlikde harçlamalar we netijeler wagt faktoryny hasa almak bilen kesgitlenilýär. Aýratyn kärhanada inwestirlemäniň netijeliligi öz täsiri tetijesinde emele gelen girdejiniň artmagy bilen kesgitlenilýär.
Maýa goýumyň ykdysady netijeliligini her taraplaýyn esalandyrmak, ony ýokarlandyrmagy belli bir rezerwlerini ýüze çykarmak maksatlary bilen görkezijiler sistemasy ulanylýar. Bu sistemada umumylaşdyryjy hökmünde serişdeleri yzyna gaýtarma möhletini häsiýetlendirýän maýa goýum harajatyny ödeýjiliginiň görkezijisi we göz öňüde tutylan önümçiligiň artmagyny üpjün edilmegi bilen resursy aýap saklamagy (maýa sygymlylygy) kesgitläp biljek udel maýa goýumlaryň görkezijisi kabul edilýär. Ondan başgada sistemanyň düzümine aşakdaky görkezijiler hem girýär: Zähmetiň öndürijiligi, fondy ödeýiş, önümiň özüne düşýän gymmaty, önümiň çig - mal we energiýa sygymlylygy.

**Maýa goýumlaryň umumy ykdysady netijeliligi aşakdakylar boýunça hasaplanylýar:**

**a)** Halk hojalygynda D (G) deňeşdirilen nyrhlardaky öndürilen milli girdeýjiniň artmagynyň K maliýeleşdirilýän ähli çeşmeleriň boýunça bu ösüşi emele getirýär önümçilik maýa goýumy bolan gatnaşygy boýunça:

$$Э_{kh}=\Delta G/K$$

**b)** Aýratyn hereket edýän kärhanada şeýle hem esasy fontlaryň üznüksiz önümçilik formalarynda (görnüşlerinde) - (dikeltme giňeltme we tehniki taýdan enjamlaşdyrma) - girdeýjiniň artmagynyň maýa goýumlaryna bolan gatnaşygy ýaly:

$$Э_{kö} = \Delta П/K$$

Şu ýerde maýa goýumlary netijesinde

**П** - girdejiniň artmagy (özüne düşýän gymmatynyň peselmegi)

**ç)** täzeden gurulýan kärhanalarda, sehde, obýektlerde netijeliligiň görkezijisi

**Эп -** meýilleşdirilen girdeýjiniň maýa goýumlaryna bolan gatnaşygy boýunça kesgitlenilýär:

$$Эп = (N - C) / K$$

Şu ýerde:

**N** - ýylla göýberilýän önümiň kärhana nyrhy;

**C** - mümkinçilikler doly özleşdirilende soňky ýylda göýberilmäniň özüne düşýän gymmaty.

Ykdysadyýet inwestirlemesiniň netijeliliginiň hasabaty bilen bir wagtyň özünde girdeýjiniň ösüşi boýunça harajatyň ödeýjilik möhleti kesgitkenilýär:

$$Ö_{пп} = K / \Delta П$$

Girdeýjiniň ösüşi ahyrky ýyllar boýunça ozalky we inwestirleme döwrüniň girdejisiniň möçberiniň tapawudy bilen kesgitlenilýär.

Öň getirilen çykdaýjylaryň görkezen sistemasyny (aşakda berlen) inwestirlemäniň wariantlaryny saýlap bolar (deňeşdirilip çykarylan netijelilik)

$$Ç + EK \rightarrow min$$

Şu ýerde:

**Ç** - wariant boýunça gündeki çykdajylar (özüne düşýän gymmaty)

**K** - wariant boýunça maýa goýumlar

**E** - maýa goýumlarynyň netijeliligini normatiw koefisiýenti

Has netijeli warianty saýlamak üçin inwestirlenýän obýektyň iň pes çykdaýjysy boýunça ykdysady netijeliligi kesgitlenilýär. Soňra inwestirlemäniň özünden saýlanylan iň pes getirilen çykdajyly warianty boýunça umumy ykdysady netijeliligiň hasabaty getirilýär.

Ykdysady netijeler netijeliligiň normatiw üpjün etmesi eger tersine bolsa, ykdysady netijeliligi boýunça oňat görkezijili wariantlaryň goşmaça saýlawy geçirilýär.
Ýokarda görkezilen hasabatlar inwestirlemäniň umumy ykdysady netijeliliginden başgada maliýe gurtlylygyna esaslanýan inwestirleme proýektleri taýýarlanylanda geçirilýär.
Inwestirlemäniň maliýe netijeliligi haçanda proýektiň inwestora we inwestision prosesiniň gatnaşyjylarynyň ýerlenilenden (satylandan soňky) maliýe netijeliligini görkezýär. Bu ýerde indiki elementler garalýar:

- hususy inwestirleme görnüşdäki çykdajylar;
- kärhananyň hojalyk işinden pul girdejisiniň düşmegi;
- inwestirlemäniň ykdysady döwri, ýagny pul girdejisiniň düşmesine garaşylýan wagt aralygy.

Inwestirlemäniň geljekdäki şertleriniň näbeliligi üçin her bir maýa goýumlara töwekgelik mahsus.
Inwestirleme obýekty boýunça töwekgeligiň birnäçe görnüşi bar:

- **Bazar töwekgeligi** - önümçiligiň faktorlaryny nyrhlarynyň, önümiň talap we hödürleme bagly bolan kapitaly ýetirmek mümkinçiligi bilen kesgitlenilýär.
- **Biznes töwekgelligi** - inwestirlemäniň netijeliligiň ykdysady bahalanmasynyň şüwhesizdiginde aýan bolýar.
- **Maliýe töwekgeligi** - nyrh ukuplylygynyň görkezijileriniň peselmegi bilen inwestirleme we komersiýa satuwy döwründe aktiwleriň (üstünlikleriň) gymmatynyň gaçmagyna bagly.

## 3.3. Nebit gaz pudagynyň maýa goýumlarynyň çeşmesi.

Pul goýberme we karz pul berme barada “ wagtlaýyn düzgünnama” laýyklykda fondlary emele getirmek we gaýtadan döretmek üçin maýa goýumlar görnüşinde hususy we

karz alnan serişdeleri goýmagy amala aşyrýan inwestorlara aşakdakylar degişli bolup bilerler:

- döwlet we munisipalitet emlägini ýa - da emläk hukuklaryny dolandyrmaga ygtýyarly organlar;
- guramalar we kärhanalar, kärhana eýeleriniň birleşmeleri, jemgyýetçilik guramalary we eýeçiligiň ähli görnüşlerine hukukly beýleki kärhanalar(ýuridiki şahslar);
- halkara guramalar, daşary ýurdyň hukukly edaralary(ýuridiki we fiziki şahslar);

Inwestorlar, şeýle hem Nebit gaz pudagyny ösdürmek we ýerleşdirmek boýunça inwestision proýektlerini amala aşyrmaga inwestorlar tarapyna ygtyýar berlen beýleki fiziki we ýuridiki şahslar müşderi bolup bilerler.

Maýa goýumlara pul goýbermäniň çeşmeleri aşakdakylar bolup bilerler;

hususy maliýe resurslary we inwestorlaryň hojalyk içindäki maliýe rezerwleri;

- ätiýaçlyk kärhanalary tarapyndan heläkçilik, tebigy betbagytçylyk netijesinde ýitginiň öwezini doldurmak görnüşinde tölenýän puk - maýa serişdeleri we başga serişdeler;
- inwestoryň karz alan maliýe serişdeleri ýa - da onuň tarapyndan berlen serişdeler(obligasiýany goýbermek arkaly ýaýradylan karz);
- inwestoryň daşyndan çekilen maliýe serişdeleri(aksiýalary satmakdan alan serişdeleri,zähmet kollektiwiniň agzalarynyň, ýuridiki şahslaryň, raýatlaryň paý we başga tölemeleri);
- ýola goýlan tertip boýunça kärhana birleşmeleri bilen merkezleşdirilen maliýe serişdeleri;
- býutžetden daşary fondlaryň serişdeleri;
- gaýtarylmaýan we gaýtarylyp berilýän esas bilen berlen federal býutžetiň serişdeleri;
- Türkmenistan subýektleriniň býužet serişdeleri;
- daşary ýurt inwestorlarynyň serişdeleri;

Gurluşyk we obýektler boýunça maýa goýumlaryna pul goýberme bir we birnäçe çeşmeleriň hasabyna amala aşyrlyp bilner.

Pul goýbermäniň çeşmeleri içki, daşky,hususy we karzyna alnanlara bölünýär.

**Içki çeşmelere** amartizasion tutumy we bölünmedik(paýlanylmadyk) girdeji görnüşindäki düşewüntler degişlidir.

**Daşky çeşmelere** karz alynmalaryň, aksiýalary çykarmalaryň, kommersiýa kreditleriniň, gös - göni daşary ýurt inwestirlemeleriň hasabynda formirlenýär.

Pul goýbermäniň ähli içki çeşmeleri - **hususydyr.**

Aksiýalary çykarmakdan girýän girdejilerden başga ähli daşky çeşmeler - **karzyna alnanlardyr.**

## IVBap
## Daşary ýurt kompaniýalary bilen önümi paýlaşmak baradaky ylalaşyklar boýunça hyzmatdaşlygyň ösüşi.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň nebitgaz pudagynda dünýä belli "Petronas", "Dragon Oil", "Barren Enerjy", "Maýersk Oil" ("Wintershall" kompaniýasy bilen konsorsiumda) we "Maýtro" ("Türkmennebit" DK bilen konsorsiumda) kompaniýalary önümi paýlaşmak hakynda ylalaşygyň şertlerinde işleýär. Häzirki wagta çenli şol kompaniýalar tarapyndan Türkmenistanda önümi paýlaşmak hakynda ylalaşygyň taslamalaryna 1,34 mlrd. amerikan dollary möçberde maýa goýuldy.

2030-njy ýyla çenli önümi paýlaşmak hakynda ylalaşýgyň taslamalaryna 56,8 mlrd. amerikan dollaryna çenli serişdäniň maýa goýulmagy göz öňünde tutulýar. 2030-njy ýylda önümi paýlaşmak hakynda ylalaşygyň taslamalary boýunça nebitiň çykarylyşy kenarýaka toplumlaryny hasaba alanyňda 50 mln. tonna we gazyň çykarylyşy-77 mlrd. kub metre deň bolar. 2007-2030-njy ýyllar aralygynda önümi paýlaşmak hakynda ylalaşygyn çäklerinde 527 mln. tonna nebit (gaz kondensaty bilen bilelikde) we 796 mlrd.kub metr tebigy gaz çykarylar. Önümi paýlaşmak hakyndaky ylalaşyk boýunça daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan çykarylan nebitiň we gazyň möçberinde Türkmenistanyn paýy 60%-den gowragy tutar.
Geljegi uly kenarýaka deňiz toplumlaryny özleşdirmek önümi paýlaşmak hakyndaky ylalaşygyň taslamalaryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde "Türkmennebit" döwlet konserniniň başda durmagynda häzirkizaman ösen tilsimatlary we maýa goýumlaryny çekmek arkaly daşary ýurt kompaniýalary bilen bilelikde amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.
Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda täze tehnologik desgalary kuwwatlygyna ýetirmegiň, Türkmenbaşydaky we Seýdidäki nebiti gaýtadan

işleýän zawodlar toplumynda nebiti ilkinji gezek gaýtadan işleýän täze desgalary gurmagyň, işläp gelýän desgalary toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmagyň, durkuny täzelemegiň we olary düýpli abatlamagyň hasabyna 2010-njy ýylda nebiti gaýtadan işlemegiň möçberi 12 mln. tonna, 2020-nji ýylda 20 mln. tonna ýetiriler.

2025-nji ýylda Balkan welaýatynda we 2030-njy ýylda Ahal we Mary welaýatlarynda işe goýberiljek täze nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň hasabyna 2025-nji ýylda nebiti gaýtadan işlemegiň möçberi 22 mln. tonna we 2030-njy ýylda bolsa 30 mln. tonna barabar bolar.

Daşary ýurtlara ýerlenilýän nebit önümleriniň möçberini 2010-njy ýylda 8 mln. tonna, 2020-nji ýylda 14 mln. tonna we 2030-njy ýylda 20 mln. tonna ýetiriler.

Polipropileniň ýyllyk öndürilişi 2020-nji ýylda 217 müň tonna we 2030-njy ýylda 500 müň tonna ýetiriler.

Tebigy we ugurdaş gazy gaýtadan işlemegiň hasabyna suwuklandyrylan gaz (propan+butan) almak üçin:

- Deňiz ýataklarynda - ýyllyk ondürijiligi 1 mln. tonna bolan;
- Akpatlawuk - Keýmir - Çekiçler ýataklarynda ýyllyk öndürijiligi 200 müň tonna bolan täze kuwwatlyklary gurmak göz öňünde tutulýar.

Işläp gelýän nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň öndürijiligini ýokarlandyrmagyň we täze guruljak nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň hasabyna 2030-njy ýylda suwuklandyrylan gazyň öndürilişi 800 müň tonna ýetiriler.

Suwuklandyrylan gazyň öndürilişiniň möçberi işläp gelýän kuwwatlyklary hasaba alanyňda 2020-njy ýyla çenli 2 mln. tonna we 2030-njy ýyla çenli bolsa 3 triln. tonna ýetiriler.

# V Bap
# Nebit gaz pudak guramalarynyň esasy fondlary.

**5.1Esasy fondlar barada düşünje. Esasy fondlaryň klassifikasiýasy, görnüşleri we bahalandyrylyşy.**
**5.2Amortizasiýa we esasy fondlaryň könelmesi.**
**5.3Nebit gaz pudak kärhanalarynyň esasy fondlarynyň remonty.**
**5.4Esasy fonlaryň ulanylşynyň esasy görkezijileri.**
**5.5 Önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrylmagynyň ýollary.**

## 5.1 Esasy fondlar barada düşünje. Esasy fondlaryň klassifikasiýasy, görnüşleri we bahalandyrylyşy.

Belli bir önümiñ görnüşini öndürmeklik ýa - da işiň görnüşini ýerine ýetirmeklik üçin ýuridiki şahslaryñ islendik guramaçylyk - hukuk görnüşi zahmet serişdeleriniñ we zahmet serişdelerynyñ (predmetleriniň) toplumyna eýe bolýar.

**Zahmet serişdesi** - bu zahmeti talap edýän predmetlere tasir etmek üçin, onuň görnüşini üýtegtmek üçin we belli bir önümi öndürmek üçin peýdalanylýan ähli serişdelerdir. Olar önümçiligiñ esasy sebäpleriniñ biri bolup çykyş edýärler. Zahmet serişdeleri bu - önümçilik serişdeleriniñ has gymmat baha bölegidir. Olar köp sany önümçilik döwürlerine hyzmat edýärler, uzak wagtlap önümçilik hereketine (prosessine) gatnaşýarlar we önümçilik prosessinde kem - kemden tozup - hakyky görnüşini saklamak bilen gymmatyny taýýar önüme bölekleýin geçirýärler. Olary **esasy fondlar** diýip atlandyrýarlar.

Bir önümçilik döwründe bütinleý peýdalanylýan, öz hakyky görnüşini üýtgedýan we derrew öz gymmatyny taýýar önüme geçirýän zahmet serişdeleri **dolanyşyk fondlaryna** degişlidirler.

Ýuridiki şahslaryñ guramaçylyk - hukuk görnüşiniñ esasy we dolanyşyk fondlaryñ jemi onuň önümçilik fonduny emele getirýar. Önümçilik fondunyñ umumy göwrüminde esasy we dolanyşyk fondlarynyñ arasyndaky gatnaşyk önümçilik hereketiniň aýratynlygyna bagly.

Önümçilik hereketine gatnaşmagyna görä esasy fondlar esasy önümçilik we önümçilik dal fondlara bölünýärler.

**Önümçilik däl esasy fondlar** - bu önümçilik hereketine gatnaşmaýan we kärhananyñ taýýar bolan önümine öz gymamtyny geçirmeýän esasy fondlaryñ bölegidir. Olara kärhananyñ balansynda bolan ýaşaýyş jaý fondy, klublar, naharhanalar, çagalarbaglary, saglyk öýleri, stadionlar we beýleki medeni durmuş taýdan hyzmat etme obýektleri degişlidir. Bular önümçilik hereketiniñ gidiºine gös - göni tasir etmeıän esasy fondlaryñ bölegi.

**Önümçilik esasy fondlar** - önümçlik hereketine gös - göni gatnaşýarlar ýa - da oña hyzmat edýärler we kärhananyñ maddy - tehniki esasyny (bazasyny) emele getirýärler. Eýeçiligiñ islendik görnüşindäki kärhananyñ balansynda bolýan esasy fondlar kärhananyñ aktiwinde "Esasy fondlar we beýleki dolanyşykda bolmaýan aktiwler“ maddasy boýunça hasaba alynýarlar. Esasy fondlar - jaylar, gurluşlar, geçiriji gurluşlar, güýç berýän (kuwwat) we iş maşynlary, ölçeg we sazlaýyş gurallary hem - de beýleki zahmet serişdeleri kärhananyñ maddy fondana degişli bolýarlar.

**Maddy däl aktiwler** maddy taýdan manysy bolmadyk emma kärhana girdeji getirmäge ýardam edip, onuň hojalyk dolanyşygynda uzak wagtlap (bir ýyldan artyk) ulanylma hasiýetine eýe bolýan aktiwler toparyny (hojalyk serişdelerini) aňlatmak üçin ulanylýan ummylaşdyrylan düşünje.

Hojalyk işinde özüniñ ýerine yetirýän wezipesine we hyzmatyna görä maddy däl aktiwler üç esasy topara bölünýarler: **akyl ýetiriş (añlaýyş. İntelektual) eýeçiligi; emläk hukugy; goýlan çykdajylar.**

Intelektual eýeçiligine, hereket edýän kanuna laýyklykda döredilen serişdeler, peýdaly görnüşleri, senagat nusgalary, haryt belgileri, harydyñ çykarylan ýerleriniň atlary, "nou - hau", elektron hasaplaýyş maşynlarynyñ makstnamalary (programmalary),integral shemalaryñ tehnologiýasy, awtor we baglanyşykly hukuklar - degişlidirler.

**Emläk hukuklaryna**, yerden. suw resurslaryndan emläkden we ş.m. - den peýdalanma bolan hukuklar degişlidirler.

**Goýlan çykdajylara**: guramaçylyk bilen baglanyşykly, ylmy - gözleg we tejribe konstruktor işläp taýýarlamalar degişlidirler.

Hakyky madda alamatlaryna we önümçilik hereketine gatnaşyş derejesine esaslanyp kärhanalaryñ esasy fondlary dürli toparlara we topar bölümlerine bölünýärler.

**1.** Jaýlar.

**2.** Gurluşlar.

**3.** Geçiriji desgalar.

**4.** Maşynlar we enjamlar.

Şol sanda:

1. Güýç berýän (kuwwat) maşynlary we enjamlar;
2. Iş maşynlary
we enjamlar;
3. Ölçeg we sazlaýyş esbaplar we desgalar, labaratoriýa enjamlary;
4. Hasaplaýyş tehnika;
5. Beýleki maşynlar we enjamlar.

**5.** Transport serişdeleri.

**6.** Gurallar.

**7.** Önümçilik inwentary we oña degişli esbaplar.

**8.** Hojalyk inwentary.

**9.** Işçi we önüm maly.

**10.**Köpýyllyk oturtmalar.

**11.**Yerleri gowulandyrmaga (gurluşsyzy kapital çykdajylar.
**12.** Beýleki esasy fondlar.

Birinji topara önümçilik hereketi içinde bolup geçýän (nasos we kompressor stansiýalaryñ, tehniki ussahanalaryñ, deemulsasion guramalaryñy, şeyle hem dolandyryş, sklad, labaratoriýa we beýleki jaýlar degişlidirlei.

- Gurluşlar toparyna rezerwuarlar, yollar, köprüler, howuzlar we ş.m. degişlidirler.
- Geçiriji desgalar toparyna turbageçirijiler, elektrogeçirijilerin, elektrogeçirijileriň liniýalary, arabaglanyşyk liniýalary we beýlekiler degişlidirler.
- Kuwwat, güýç beriş maşynlary we enjamlary topar bölegine içinden ot alýan dwigateller, bug maşynlary, bug, gaz we gidroturbinalar, elektrodwigateller we elektrogeneratorlar we beýleki degişlidirler.
- iş maşynlary we enjamlary topary traktor göterijilerini, elektroturbinalary, we ş.m. öz içine alýar.
- Ölçeg we sazlaýyş gurallary we gurluşlary, labaratoriýa enjamlary we ş.m. degişlidirler.
- Hasaplaýyş tehnikasyna elektron hasaplaýyş, dolandyryş we ş.m. maşynlar. sifr (sany hasaplaýyş) maşynlary we enjamlary, kompýuterler degişlidirler.
- Transport serişdeleri toparyna demir ýol, suw we awtomobil transporty, kärhananyň içindäki tranaport serişdeleri we ş.m. degişlidir.
- Önümçilik inwentary we oña degişli bolan esbaplar topary gurallar üçin telezkalary, marşe merdiwanlaryny, ýangyjy saklamak üçin baklary we beýl. öz içine alýar.
- Hojalyk inwentarytoparyna stollar, şkaflar, ýazýan maşynlar, köpeldiji apparatlar we başgalar degişlidirler.

Esasy fondlaryñ bahalandyrylmasy üçin fiziki we gymmat görkezijileri ulanylýar.

Bahalandyrmanyñ fiziki görnüşi ep - esli derejede tehniki hereketiniñ aýratynlyklary bilen we senagatyñ her bir pudagynyñ esasy fondlarynyñ düzümi bilen kesgitlenilýär.

Fiziki görkezijide, adaty bolşy ýaly, has wajyp görnüşdaki enjamlar, ýagny gös - göni maksat edilen önümi çykarmaklyga niýetlenen we kärhananyñ önümçilik gymmatyny kesgitleýän enjamlar hasaba alynýar, şonuñ üçin fiziki görkezijiler ulanylmanyñ çäkli ýagdaýyna eýedirler, sebäbi olarda dine bir görnüşdaki esasy fondlary bahalandyryp bolýar.
Haçan - da bir kärhananyñ ýa - da bütin himiýa toplumynyň ygtyýarlygynda bar bolan esasy fondlaryñ ählisini olaryñ iş hereketini yzanamak üçin balralandyrmalc zerurlygy ýüze çyksa gymmat görkezijilerinden peýdalanýarlar.

## Esasy fondlar başlangyç. galan we dikeldiş gymmatlyklary boýunça bahalandyrylýar.

**Başlangyç gymmatlyk -** bu esasy fondlary edinmeklige ýa - da gumiaklyga, şol sanda daşamak, gurmak we montaz üçin edilen ähli çykdajylary şohlelendrýär. Şeýlelikde bu esasy fondlaryñ kärhananyñ balansyna hasaba alnan pursadyndaky gymmatlyk

$$S_n = S_o + Z_t + Z_m$$

şu ýerde:
**So**=enjamlaryñ ýa - da gurluşygyñ gymmaty (nyrhy), man.
**Zt=**öndürijiden gurulma yere getnamak üçin transport çykdajylary (ýükleýiş - düşüriş işleriniñ gymmatyny hasaba alma bilen), man.
**$Z_m$** - ulanylma yerinde gurluşyk - montaz işleriniň gymmaty. man.
Başlangyç gymmatlyk amortizasiýa tutumlaryñ möçberini kesgitlemek üçin peýdalanylýar we esasy fondlaryñ bütin gulluk etme möhleti döwründe üýtgemeýär. Amortizasiýa tutumlarynyň hasabyna esasy fondlaryñ önümçilik hereketine gatnaşmagy döwürde olaryñ doly öwezi doldurylmalydyr.
**Galyndy gymmatlyk -** Gulluk etme derejesine baglylykda esasy fondlar tozup başlaýarlar we olaryñ başlangyç

gymmaty peselýär. Başlangyç gymmat bilen amortizasiýa tutmalarynyñ arasyndaky taapwuda galyndy gymmatlyk diýilýär:

$$S0=Sn - A$$

şu ýerde.

**A** - amortzasiýa tutmalaryñ ululygy, man.

Esasy fondlaryñ peýdalanylan böleginiñ (könelen böleginiñy gymmaty amortizasiýa tutumalry bilen bahalandyrylýar.

Galyndy gymmatlyk esasy fondlaryñ haýsy böleginiñ tölenmän galanyny, hazirki wagtda esasy fondlar başlangyç çykdjylaaryñ nähili bölegine entek, eýediklerini görkezýär. Bu bahalandyrylma boýunça kärhananyñ esasy fondunyñ tozma (könelme) derejesi barada aýdyp bolýar.

Esasy fondlaryñ material taýdan we model taýdan könelmelerini tapawutlandyrýarlar.

Esasy fondlaryñ material taýdan könelmesi bu - önümçilik hereketine gatnaşmagyna görä kem - kemden ilkibaşdaky harydyñ isleg ödäp bilijilik ukybynyñ ýitmekligi, şol sebäpli olar işe yaramaz bolup, taze zahmet serişdeleri bilen çalşyrylmasyny talap edýärler.

Esasy fondlaryñ başlangyç gymmatlygynyñ öweziniñ doldurylma derejesine görä galyndy gymmatlygy kemelýär. Ol başlangyçdan (peydalanmanyñ başlangyç döwründen) nula çenli (enjamdan peýdalanma döwründen tamamlanma pursadyna çenli) üýtgeýär.

Galyndy gymmatlygýnyñ görnüşi bolup ýapylan (ýok edilen) gymmatlyk çykyş edýär, ol ýa - da peýdaly (polozitel) ululyk ýa - da nula deñ bolmalydyr.

Esasy fondlaryñ ýapylan (ýok edilen) gymmatlygy metallalomyñ gymmaty bilen onuň alynmasyna edilen çykdajylaryñ arasyndaky tapawut ýaly kesgitlenilýär.

$$S_l = S_m – (Z_{dm} + Z_u)$$

şu ýerde,

$Z_{dm}$ - demontaz. işlerine çykdajylar (ýükleýiş - düşüriş işlerini goşmak bilen), man.

Haçan - da metanolomyñ gymmaty demontaz we transportlama harçlanan çykdaýjylardan az bolsa, ýatyryjy (ýapylan) gymmatlyk nula deñ.

**Dikeldiş gymmatlyk** - bu bahalandyrylma döwründen soñky üýtgän şertlerde esasy fondlaryñ gymmaty, ýagny berlen görnüşdäki enjamyñ döredilmesi, şu gün nähili gymmata eýe bolýandygyny görkezýär.

Esasy fondlaryñ önümçilik şertleriniň üýtgemegi bilen, olaryñ gynimaty hem üýtgeýär. Hereket ediş derejesine görä köplenç kärhanalarda, hasam eger peýdalanma möhleti köp ýyllar bilen hasaplanylsa, dürli wagtlarda alnan emma dürli nyrhlara eýe bolyan meñzeş esasy fondlar üýşýär.

Bu ýagdaý amortizasiýanyñ hasaplanylmasy üçm we hasaba alynmasy üçin kynçylyk döredýär. sebäbi enjamyñ her bir görnüşine ulanma döwrüne baglykda amortizasiýa tutamlaryñ möçberleri kesgitlenilyar. Amortizasiýanyñ hasaba alnmasyny we hasaplanylmasyny ýeňillleşdirmek üçin bu fondlary bir ölçcg bilen bahalandyrmak, ýagny dikeldiş gymmaty boýunça esasy fondlaryñ düýpli derňenmesini (tazeden bahalandyrylmasyný) geçirmek zerurlygy ýüze çykýar.

**Esasy fondlaryñ bazar nyrhy diýlende** bu fondlaryñ erkin bäsdeşler bazarynda satylmasy ıagdaıynda satyjylar we alyjylar °ertnamasyndaky bellenilýän nyrh.

Sonda alyjylaryñ we satyjylaryfi oýlanyşykly hereket etmegi. kanun bozulmazlygy. şertleşik obýektiniñ howlukmaç satylmaklyga mätäç bolmazlygy şertleşigiñ tölegi bolsa pul - maýa görnüşinde edilmekligi we goşmaça şertlerin bolmazlygy talap edilýar.

Esasy fondlaryñ düýpli derñelmesinde esasy fondlaryñ doly dikeldiş we galan dikeldilmeli gymmatyny kesgitlemek zerur. Doyly dikeldilme gymmaty hökmünde bazar nyrhyny ulanylanda tazeden balialandyrnia wagtynda kärhanadaky bar bolan esasy fondlara meñzeş bolan esasy fondlaryñ taze

(ýañadan öndürlen) görnüşlerini alyp boljak nyrhlar alynýar. Eger edil şunun ýaly mysallar ýok bolsa, tehniki häsiýetnamalarynyñ deñeşdirilmesiniñ üsti bilen gymmaty anyklanylan meñzeş bolan obýektler boýunça kesgitlemeli bolýar.

Esasy fondlaryñ düýpli derňelmesinde (tazeden bahalandyrylmasynda) maslahat berilýän koeffisiýentler boýunça dikeldiş gymmaty olaryñ balans gymmatynyñ degişli bolan koeffisiýentine (k) köpeldilmesi bilen anyklanylýar:

**$C_B = C_b\ k$**

Dnrli döwürlerde alnan esasy fondlara her döwwrüñ özüne degişli bolýan koeffisiýentleriñ ulanylýandygyny göz önüne tutulmalydygyny bellap geçmeli.

Düýpli dememeden geçen esasy fondlar dikeldilme gymmaty boýunça, ondan soñky girizilenler bolsa başlangyç gymmaty boýunça körhananyñ balansynda durýarlar.

Şeýlelikde, esasy fondlaryñ nyrh bilen baglanyşykly bahalandyrylmasynyñ ähli üç görnüşi karhanada bir wagtyñ özünde ulanylyp, dürli maksatlar üçin hyzmat edýärler. Esasy fondlaryñ peýdalanylmaga tabşyrylan pursady gymmatlygyñ absolýut (doly) ululygy bahalandyrylmanyñ ähli görnüşlerinde birmeñzeş bolar. Başlangyç gymmatlyk doly tozma (konelmä) çenli üýtgemän galýar. Galyndy gymmatlyk wagtyñ geçmegi bilen peselýär, dikeldiş gymmatlygy bolsa, dürli ýagdaýlaryñ we şertleriň täsir etmeginde üýtgeýär.

## 5.2 Amortizasiýa we esasy fondlaryň könelmesi.

Esasy önümçilik fondlary uzak wagtyñ dowamynda önümçilik hereketine gatnaşýarlar, olar wagtyñ geçmegi bilen könelýärler, olaryñ gymmatlygy peselýär we bölek boýunça öndürilen önüme geçýär hem - de önümiñ özüne döşýän gymmatyna goşulýar.Netijede, önümçilik hereketiniñ gidişinde esasy fondlaryñ doly könelme pursady bolup geçýär. Bu bolsa esasy fondlaryñ isleg ödäp bilijilik ukybynyñ hem -

de taýýar önümiñ özüne düşýän gymmatyna geçip, esasy fondlaryñ gymmatynyñ ýitýändigini añladýar.
Esasy fondlaryñ gymmatynyñ taze önüme meýilnamaly (planlý) geçmegi **amortizasiýa diýlip atlandyrylýar**. Önümiñ özüne düşýän gymmatyna goşulýan serişdeler bolsa - **amortizasiýa tutmalary diýlip atlandyrylýarlar.** Amortizasiýa tutumlarynyñ önümçilik hereketiniñ dowamynda esasy fondlaryñ dargan (könelen) bölekleriniň gymmatynyñ öwezini doldurmak üçin zerur bolan öndürilýän önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ wajyp bölegi bolup çykyş edýärler.
Kärhanalarynda her ýyl we her aý taýýarlanylan önüme geçirilmeli bolýan amortizasion tutumynyñ iñ derkar (amatlý) ululygyny kesgitleme zerurlygy hemişe döreýär. Bu ululygyñ kesgitlenilmesindäki ýalñyşlyk kärhananyñ ykdysady ýagdaýyna gaty täsir edýär.
Amortizasion tutumlarynyñ möçberiniñ ýokarlandyrylmasynda belli bir döwürdäki önümiñ özüne düşýän gymmaty onuň dogry kesgitlenilmesindäki ýokary bolýar, şonda kärhananyñ salgyt salynýan girdeji amortizasion tutumalarynyñ ýokarlanmasy hasabyna peselýär. Eger, amortizasiýa tutumlarynyñ ululygy kemeldilse önümiñ özüne düşýän gymmaty peselýar we girdeji ýokarlanýar. Şonda girdejä bolan salgyt we salgyt tutumlarynyñ beýleki görnüşleri ýokarlanýar.
Ýyl boýunça amortizasion tutumlarynyň jemi her ýyl özüne düşýän gymmatyna geçýän esasy fondlaryñ gymmatynyñ bölegini şöhlelendirýän amortizasiýanyñ bolmaly möçberi (normalary) boýunça kesgitlenilyar. Amortizasiýanyñ bolmaly möçberi mümkingadar enjamyñ her bir görnüşiniñ bir ýylky dargamasynyñ gymmatyna laýyk gelmelidir we onun gulluk etme döwrüniñ dowamynda könelme hem - de onun önümçilikden ayrylma pursadyna çenli gymmatynyñ doly dikeldilmesi üçin yeterlikli serişdeleriñ toplanmagyny üpjün etmeli.

Indi çykarylyp başlanan has taze enjamyñ ulanylma möhletini kesgitlemek üçin ekspert bahalandyrmadan peýdalanylýar. Esasy fondlaryñ amortizasiýasynyñ bolmaly

möçberi olaryñ iş şertleri baradaky hakyky maglumatlaryñ toplanmasyna göra anyklanylýar, wagtal - wagtal seredilip durulýar.
Önümçilige ylmy - tehniki üstünlikleriniñ girizilmesini we esasy fondlaryñ işjeñ bölekleriniñ tehniki ösüşini we tazelenmesini çaltlaşdyrmakda kärhanalaryñ höwesini ýokarlandyrmak üçin maliýe şertlerini döretmek maksady bilen kärhanalar esasy fondlaryñ işjeñ böleginiñ amortizasiýasynyñ täzeleşdirme usulyny peýdalanmaga hukuklydyrlar.
Çaltlaşdyrylan amortizasiýa esasy fondlaryñ gulluk etmäniñ normatiw möhleti bilen deñeşdirip olaryñ balans gymmatynyñ önümçiligiñ tutumlaryna has tiz doly geçirilmesiniň ýörite usuly bolup çykyş edýär. Kärhanalar çaltlaşdyrylan amortizasiýa usulyny aşakdaky sanalyp geçilýän ýagdaýlarda ulanylýan esasy fondlar bilen geçirip bilýärler:
- eger bu fondlar hasaplaýyş tehnika serişdeleriniñ, materiallaryñ, enjamlaryñ we gurallaryñ taze kämilleşen görnüşleriniň öndürnmesini ýokarlandyrmak üçin ulanylýan bolsalar;
- eger olar tarapyndan dargan we model taýdan könelen enjamlaryñ, abzallaryñ has öndürijilikli işi bilen doly çalşyrylma geçirilse;
Çaltlaşdyrylan amortizasiýa girizilende kärhanalar onuň hasaplap çykarylmasynyñ deñ ölçegi usulyny ulanýarlar, sonda bellenilen tertipde tassyklanylan (degişli bolan inwentar obýektine ýa - da olaryñ toparyna görä) doly dikeldilme üçin ýyllyk amortizasiýa tutumlarynyñ bolmaly möçberi ýokarlanýar, emma iki esseden kop däl.
Çaltlaşdyrylan amortizasiýanyñ hasap edilen usuly maşynlaryň, enjamlaryñ we transport serişdeleriniñ aşakdaky serişdelerine degişli bolmaýar:
- gulluk etme möhleti 3 ýyldan geçmeýän maşynlar, enjamlar we transport serişdeleri;
- hakyky geçilen 1000 km - den hasaplanyp maşynyñ gymmatyndan % - de kesgitlenýän normalar (bolmaly

möçberler) boýunça renowasiýa üçin amortizasiýanyñ hasaby edilýän göçme awlomobil transporty.
- synaglaryñ (barlaglaryñ) diňe kabir görnüşinde ulanmaga we belli bir önümiñ çakli möçberini öndürmeklige niýetlenen örän seyrek duş gelýän tehnika we enjamlar.

Esasy fondlaryn täzeden bahalandyrylmasyndan we amortizasiýanyň ösmeginden soň maliýe ykdysady görkezijileri ýaramazlaşyp biljek kärhanalar we edaralar üçin amortizasiýa indeksasiýasynyñ peselýan koeffisiýentleri peýdalanylýar.

Bellenilen koeffisiýentleriñ ulanylmasy we derejesi baradaky karar salgyt gullugynyñ yerli edarasyna bu hakda habar berilmesi bilen kärhananyñ ýa - da edaranyñ ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýär.

Maddy däl aktiwler boýunça amortizasiýanyñ hasaplanylmasynyñ aýratynlyklaryny belläp geçmeli.

Maddy däl aktiwleriñ könelmesi başlangyç gymmatyna we olaryñ peýdaly ulanylmasynyñ möhletine esaslanyp kärhana tarapyndan hasaplanylan möçberler (normalary boýunça her aý taýýar önümiñ özüne düşýän gymmatyna degişli bolýar. Maddy däl aktiwleriñ peýdaly ulanylma möhleti kärhananyñ hereket ediş möhletinden köp bolmaly däl.

Peýdaly ulanylmanyñ möhletini kesgitläp bolmaýan maddy aktiwler boýunça könelme normalaryny 10 ýyl hasabyndan kesgitleýärler, emma olaryñ ol kärhanalaryñ hereket ediş möhletinden geçmeli dal.

Ykdysady nukdaýnazardan ähli Maddy däl aktiwler ulanylma hereketinde (prosessinde) öz gymmatyny ýitirmeýändikleri, ýagny amortizasiýalaşmaýandyklary şübhesizdir.

Haryt belgileri, islendik bir zat bilen peýdalanmanyň möhletsiz hukugy we ş.m. muňa mysal bolup bilerler. Emma, eger kärhana üçin bahalanşykdaky ähli maddy däl aktiwleri amartizasiýalaşdyrmak maksada laýyk bolsa, kärhana ony edip biler.

## 5.3 Nebit gaz pudak kärhanalarynyň esasy fondlarynyň remonty.

Esasy fondlaryñ gymmatynyñ doly dikeldilmesine niýetlenen amortizasion tutumlary renowasiýa üçin tutmalar diýlip atlandyrylýärlar 1991-nji ýyldan başlap kapital (düýpli) abatlaýyş işleri üçin hem amortizasion tutumlary bellenýändigini aýdyp geçmeli. Häzirki esasy fondlary ähli görnüşlermiñ abatlaýyş işleri üçin tutmalar esasy fondlaryñ aýratyn görnüşlerine bölüşdirilmän umumy kärhana boýunça geçirilýär. Renowasiya üçin amortizasion tutumalaryń bolmaly möçberi (normasy) aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$H_r = \frac{S_p - S_1}{S_p - T} * 100$$

Şu ýerde:

**T**-enjamyñ gulluk ediş möhleti, ýyl.

Amortizasiýanyñ bolmaly möçberi esasy fondlaryñ başlangyç gymmatyna baglylykda prosentlerde añladylýar. Amortizasiýanyñ bolmaly möçberiniñ dogry kesgitlenilmesi üçin ilki bilen enjamyñ gulluk etme döwrüni anyklamak gerek.

Öňden ulanylmada bolan enjamlaryñ gulluk ediş wagtyny tehniki pasportlarda üýşýän hakyky maglumatlardan ugur alyp kesgitleýärler. Enjamyñ tehniki pasportlary bu maksat üçin uly ähmiýete eýe bolýarlar. Tehniki pasportlar esasy fondlaryñ aýratyn görnüşlermiñ her birine ulanylyp başlanylan pursadyndan önümçilik hereketine gatnaşmagynyñ soñky pursadyna çenli alnyp barylýarlar. Tehniki pasportlarda enjamyñ peýdalanylmasynyñ şertlerini häsiýetlendirýän alili maglumatlar bellenilýär: ulanylmaga girizilen wagty, iş rejesi, önümberijiligi, abatlaýyş işleri we möhleti, peýdalanylmanyñ kadaly gidişinin bozulmasyna sebäpler, enjamyñ işden aýrylmasynyñ wagty we sebäpleri we ş.m.

Esasy fondlaryň bütün işleme ömrü boýunça sazlaşykly hem-de dürüs işlemegi üçin könelmegiň öňüni almak üçin çäreler

geçirilmeli. Haýsydyr bir kärhananyň üznüksiz işlemegi üçin wajyp şertleriň biri hem esasy fondlaryň tehniki taýdan dogry ulanyş öz wagtynda we hil taýdan ýokary remontydyr. Abatlaýyş işleriniň gerekdigini könelmäniň we aýry-aýry şaýlaryň ulanyş möhleti bilen düşündirip bolýar.

Nebit gaz pudagynda enjamlaryň we başga görnüşli esasy fondlaryň abatlaýyş işlerinde meýilnama boýunça öňüni alyjy abatlaýyş sistemasy ulanylýar. Meýilnama boýunça öňüni alyjy abatlaýyş işleri-bu esasy fondlary tehniki taýdan abat ýagdaýda saklamak üçin geçirilýän öňüni alyjy häsiýetli çäreleriniň toplumy. Abatlaýyş işleriniň öz wagtynda we hil taýdan ýokary derejede geçirilmesi maşyndyr enjamlaryň işleýiş möhletini uzaldýar we olaryň işsiz durma wagtyny kemeldýär.

Düýipli we gündelik abatlaýyş işlerini tapawutlandyrýarlar.

Gündelik abatlaýyş işlerine- maşynlaryň we mehanizimleriniň sökilmesini talap etmeýän işler, mysal üçin: arassalama işleri we kiçi näsazlyklary aýyrmak, reňklemek we şoňa meňzeş işler.

Esasy fondlaryň tehniki görkezijilerini dikeltmek üçin we olaryň abatlaýyş işleri döwrüniň arasynda tygşytly we ynamly işlemesi üçin düýipli abatlaýyş işleri geçirilýär. Düýipli abatlaýyş işleri geçirilende maşyndyr we enjamlar doly sökülýärler, olaryň esasy şaýlary abatlanylýar, könelen bölekleri dikeldilýär ýa-da çalşylýar. Binalarda we gurluşlarda könelen şaýlar we konstruksiýalar has ykjamlara we ýokary hillilere çalşylýarlar. Bu abatlaýyş işleriniň görnüşi has gymmat we zähmet talap ediji we uzak wagt talap ediji görnüşidir. Kamunal kärhanalarynda esasy fondlaryň düýipli abatlaýyş işlerine serişdeler, amartizasion tutumlarynyň ýörite böleginden alynýar.

## 5.4 Esasy fonlaryň ulanylşynyň esasy görkezijileri.

Önümçilik kuwwatlarynyñ peýdalanylmasynyñ netijeliligi önümçilikde önümiñ hilini ýokarlandyrmak boýunça işlerin girizilmesi bilen ep - esli derejede ýokarlanýar .

Kärhanalarynyñ tehniki derejesini, esasy fondlaryñ peýdalanylmasynyñ netijeliliginiñ bahalandyrylmasy has wajyp ähmiýete eýe bolýar. Esasy fondlaryñ oýlanyşykly peýdalanylmasy kärhananyñ hojalyk hereketiniñ ähli taraplaryna aýgytly täsir edýär.

Esasy fondlaryñ peýdalanymasynyñ derňewinde umumylaşdyrylan, bölekleýin we kömekçi görkezijileri öz içine alýan görkezijiler sistemasyny (taparyny) ulanýarlar.

**1. Esasy fondlaryñ peýdalanymasynyñ** has wajyp umumylaşdyrylan görkezijisi bolup esasy fondun önüm berşi - esasy fondlaryñ birliginden alnan önüm - çykyş edýär. San taýdan esasy fondlaryñ önüm berşi umumy önüm möçberiniñ ($Q_W$) esasy fondlaryñ orta ýyllyk gymmatyna ($S_{sr}$) bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

$$Fot = Qw/Ssr$$

Esasy fondlaryñ önüm berşi esasy fondlarynyñ birliginiñ kömegi bilen önümiñ nähili möçbriniñ öndürilýändigini görkezýär. Esasy fondlaryñ gymmatynyñ birligine näçe köp önüm düşse, şonça - da olar netijeli ulanylýarlar.

Kärhanalarynda esasy fondun önüm berşini esasy önümçilik fondunyñ gymmatynyñ birligine düşýäni bilen kesgitlenilýär. Bu ýagdýda **esasy fondlaryñ__önüm berşi doly** diýlip atlandyrylýar. Ol belli bir döwürde öndürilen önümiñ möçberiniñ esasy önümçilik fondlarynyñ orta ýyllyk gymmatyna we dolanyşyk serişdeleriniñ normirlenýän (kadalanan) bölegine bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýar.

$$Fot = Qw/(Ssr + Sn\ ob)$$

Esasy fondlaryñ orta ýyllyk gymmaty taze fondlar girizilen we köneleriñ aýrylan möhletine esaslanyp oraça hasaplanylan ululyk ýaly kesgitlenilýär.
Esasy fondlaryñ önüm beriş möçberi näçe köp bolsa. esasy fondlar şonça - da netijeli peýdalanýarlar we tersine. Şonuñ üçin her bir kärhanada esasy fondlaryñ döredilmesine we edinmesine ulanylaýan her bir manadyñ has köp önüm we girdeji berer ýaly ähli müinkinçiliklerden peýdalanmak zerur. Esasy fondlaryñ önüm berisin ýokarlanmasy bilen taze önümçilik obýeklleriniň gurulmagyny zerurlygy peselýär, kapital goýumlary maddy we zahmet resurslary tygşytlanýar.
**2. Esassy fondlaryñ önüm berşiniñ görkezijisine ters bolan görkezijisi** esasy fondlaryñ harçlanyşynyñ netijeliligi diýlip atlandyrylýar.
Önümiñ harçlanyşynyñ netijeliligi önümiñ ýyllyk göwrüminiñ birligine düşýän esasy fondlaryň sanyny häsiýetlendirýär.
San taýdan esasy fondlaryñ harçlamsynyñ netijeliligi esasy fondlaryñ orta ýyllyk gymmatynyñ **(S)** bu fondlaryñ kömegi bilen öndürilen önümiñ tutuş göwrümine **($O_w$)** bölünmesi bilen kesgitlenilýär:

$$F_c = S_{sr} / Q_w$$

**3. Esasy fond bilen enjamlaşdyrylandygyñ görkezijisi** zähmet netijeliliginiñ derejesini häsiýetlendirýär. Ol esasy fondlaryñ gymmatynyñ has uly smenadaky **(Ssr)** işçilerin **($Ç_{sm}$)** orta sanaw sanyna bölünmesi bilen kesgitlenilýar:

$$F_w = S_{sr} / Ç_{sm}$$

Esasy fond bilen enjamlaşdyrylandygyñ görkezijisinden başga - da, zahmetiň maşynlar bilen enjamlaşdyrylanlygynyñ görkezijisi hem peýdalanylýar. Ol zähmetiň esasy fondlaryñ işeññir bölegi **($S_{af}$)** bilen üpjün edilmesinin derejesini häsiýetlendirýär:

$$F_{tw} = S_{af} / Ç_{sm}$$

Esasy fondlaryñ ýagdaýlarynyñ aýratyn görkezijilerine aşakdaky koeffisiýentler degişlidirler:

**1.Esasy fondlaryñ könelmesiniñ koeffisiýenti**. Ol könelme ululygynyñ (amortizasiýa tutumlarynyñ ululygynyñ) - $\mathbf{A_{ot}}$ başlangyç gymmata **($S_p$)** bolan gatnaşyga deñ bolýar:

$$K_{izn} = A_{ot} / S_p$$

**2. Esasy fondlaryñ tazelenmesinin koeffisiýenti**. Ol belli bir döwürde täze girizilen esasy fondlaryñ gymmatynyñ **($S_m$)** ýylyñ ahyryndaky olaryñ umumy gymamtyna **(Sk)** bolan gatnasygy bilen kesgitlenilýar:

$$K_{obm} = S_m / S_k$$

**3.Tazelenme koeffisiýentine meñzeş edilip esasy fondlaryñ hasapdan çykarylmasynyñ koeffisiýenti** hem hasaplanylýar. Ol belli bir döwürde çykarylan (hasapdan çykarylan) esasy fondlaryñ gymmatynyñ **($S_{wyb}$ )** ýylyñ ahyryndaky olaryñ umumy gymmatyna bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär:

$$K_{wyb} = S_{wyb} / S_k$$

Häzirki döwür şertlerinde esasy fondlaryñ könelmesiniñ ortaça derejesi örän ýokary bolup, ol 49% ýetýär. Sonda girizilýän esasy önümçilik fondlarynyñ esasy bölegi olaryñ göwrüminiñ giñeldilmesine gönükdirilip, könelerini çalşyrmaga bolsa - diñe üçden bir bölegi ugrukdýrylýar.

Peýdalanmaga ýararly ýagdaýda önümçilik kuwwatynyñ saklanmagy ep - esli derejede onuň ýokary hilde tazelenmesi hasabyna däl - de, düýpli abatlaýyş işleriniň geçirilmesiniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Enjamlaryñ doly peýdalanmasy, öňde baryjy tehnologiýanyñ ulanylmasy we önümçiligiñ doly guralmasy şertinde önümiñ mümkin bolan ýyllyk öndürilmesiniñ uly möçberi bilen kesgitlenýän önümçilik

kuwwaty esasy fondlary häsiýetlendirýän wajyp hakyky görkezijisidir.
Önümçilik kuwwatynyñ ulanylmasyny bahalandyrmak üçin üç görkezijiden peýdalanylýar: ekstensiw peýdalanylmañ (hil taýdan däl - de san taýdan artma) koeffisiýenti $K_e$ , ýokary derejede (depginli) ulanylmañ koeffisiýenti Ki.
Enjamlaryñ ekstensiw peýdalanmañ koeffisiýenti onuň wagt dowamynda peýdalanylmasynyňnetijeliligini häsiýetlendirýär. Ol enjamyñ iş wagtynyñ (Tr) bütin kalendar wagtyna(Tk) bolan garnaşygyny emele getirýär, ýagny enjamyñ öndürijilikli iş wagrynyñ udel agramyny görkezýär.

**Ke = Tr / Tk**

Enjamlaryñ ekstensiw peýdalanylmasynyñ koeffisiyentibirlige ýakynlaşdyrylan sanda añladylmaly.
Taze şertlerde önümçilik kuwwatlaryndan peýdalanmañ netijeliligini ýokarlandyrmaga kredit resurslaryny oýlanyşykly peydalanma boýunça kärhananyň bähbidini ösdürýän, bazaryñ kredit - maliýe sistemasy (gurluşy) ýardam etmelidir.
Nyrhyñ emele gelme we salgyt sistemasynyň kämilleşdirilmesi uly ähmiýete eýe. Önümiň nyrhlarynyň kesgitlenilmesiniñ taze usullarynyñ üstünde işlemek zerur.
Şeýlelikde, nebit gaz pudak kärhanalarynyñ bazar ykdysadyýetine geçmegi bu döwrüñ esasy guramaçylyk - ykdysady prinsipleriniñ (esaslarynyñ), önümçilik - hojalyk işleriniň guramaçylygynyñ we dolandyrylmasynyñ taze görnüşleriniň we usullarynyñ, meýilnamalaşdyrylmasyny tiz hasaba alynmasynyň we derňewiniñ üstünde pugta işlenilmesini talap edýär .

## 5.5. Önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagynyň ýollary.

Önümçiligiň netijeliligini kesgitlemek üçin görkezijileriň ulgamyndan peýdalanylýar. Olara önümiň

hili, zähmet öndürijilig, materialyň özüni ödeýşi, esasy fondlaryň özüni ödeýşi ýaly görkezijiler degişlidir.

Önümçiligiň netijeliliginiň umumy görkezijisi hökmünde şu aşakdaky formuladan peýdalanmak bolar:

$$H_{ö} = \frac{S_{ö}}{Z + M + K * F_{es}}$$

Bu ýerde: $H_{ö}$ - önümçiligiň netijeliligi,

$S_{ö}$ – sap önümi,

Z – janly zähmet harajatlary,

M – zähmet predmetleriniň harajatlary,

$F_{es}$ – zähmet serişdeleriniň bir gezekki goýumy,

K – harajatlaryň we goýumlaryň jemini çykarmaklykda, ýeke-täk ölçegliligi getirýän koeffisiýent.

Jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň köp dürli ýollary bar. Önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň esasy ýollarynyň biri ylmy-tehniki progresi çaltlandyrmakdan, onuň gazananlaryny önümçilige giňden ornaşdyrmakdan ybaratdyr. Ýurdumyzyň bar bolan mümkinçiliklerini, onuň baý çig-mal resurslaryny gaýtadan işläp bejermek we ondan taýýar önümleri öndürmek üçin öňdebaryjy tehnikany we tehnalogiýany giňden peýdalanmak zerurdyr.

Önümçiligi öndürmekde durmuş taýdan işeňňirligiň hem ähmiýeti uludyr. Adamlaryň durmuş işeňňirligini ýokarlandyrmakda eýeçiligi kämilleşdirmegiň, ony hususylaşdyrmagyň uly ähmiýeti bardyr. Sebäbi munuň özi adamlaryň ykdysady erkinligini üpjün edýär.

Önümçiligiň ykdysady ösüşini üpjün etmekde halkara zähmet bölünişiginiň artykmaçlyklaryndan giňden peýdalanmaklygyň möhüm ähmiýeti bardyr. Şonuň üçin hem ýurdumyzyň halkara ykdysady gatnaşylkara işjeň girişmekligi zerurlykdyr. Bu ugurda soňky wagtlarda aýgytly hereketler edilýär. Muňa Türkmenistanda beýleki ýurtlaryň, firmalarynyň gatnaşmagynda gurulan we

gurulýan, we çig mal serişdelerimizi gaýtadan işleýän kärhanalarymyzyş önümlerini ýagny, nebit, gaz, pagta we başga önümlerimizi satyn alýan döwletleriň barha artmagy mysal bolup biler.

Esasy önümçilik serişdeleriň tilsimat düzümi olaryň rejeli ulanylşyna täsir edýär. Ol esasy serişdeleriň işjeň böleginiň esasy serişdeleriň işjeň däl bölegine ýa-da esasy önümçilik fondlaryň umumy bahasyna bolan gatnaşygyna aýdylýar.

Tehnalogik düzümi pudaklaýyn ugrukdyrmasyna bagly, şeýle-de ykdysady-geografik we beýleki ýagdaýlara baglydyr.

Tehnalogik düzümiň derejesi yzygiderli işleri alyp barýan edaralarda ($K^t$ = 0.75-0.79) we göçme-mehanizmlenen kolonnalarda ($K^t$ =0.8). has ýokarydyr.

Geljekde önümçilik serişdeleriň tehnalogik strukturasy häzirki zaman tehnika we tehnalogiýalary, önümçilik enjamlary ulanylşy ýokarlanar.

Nebit-gaz pudagynyň esasy önümçilik fondlarynyň tehnalogik düzüminiň üýtgemegine täsir edýän ýagdaýlar.

| **Serişdeleriň işjeň bölegininiň ýokarlanmagyna täsir edýän ýagdaýlar** | **Serişdeleriň işjeň böleginiň peselmegine täsir edýän ýagdaýlar** |
|---|---|
| - Nebit-gaz pudagyna tehniki progresiň täsiri:<br>- el güýji bilen ýerine ýetirilýän işleri mehanizmleşdirmek;<br>- täze ýokary öndürijilikli maşynlary we enjamlary işe ornaşdyrmak;<br>- nebit-gaz pudagynda aýry tehnalogik proseslerinde aýry tehnalogik prosesleri ulanmak<br>- Guramaçylyk ýagdaýlaryň täsiri<br>- konsentrasiýa derejesini ýokarlandyrmak<br>- giňden aragatnaşyk ulgamyny ulanmak<br>- elektron hasaplaşyk tehnikany giňden nebit-gaz pudagynyň dolandyrylyşynda ulanmak | - Nebit-gaz bazalarynda hyzmat edýän obýektleri döretmegiň zerurlygy :<br>- önüm çykaryş meýdançalarda gerekli bolan ähli şertleri, hyzmat edýän obýektleri köpeltmek.<br>- Şol obýektleriň şertlerini gowulandyrmak |

# VIBAP
# Nebit gaz pudak kärhanalarynyň aýlanşyk serişdeleri.

**6.1. Nebit gaz pudak kärhanalarynyň aýlanşyk serişdeleriniň düzümi we ayratynlyklary.**
**6.2. Aýlanşyk serişdeleriniň kadalaşdyrylmasy we çeşmeleri.**
**6.3. Aýlanşyk serişdeleriniň aýlawy we pudak üçin ähmiýeti.**
**6.4. Aýlanşyk serişdeleriniň ulanylşynyň esasy görkezijileri.**

**6.1. Nebit gaz pudak kärhanalarynyň aýlanşyk serişdeleriniň düzümi we ayratynlyklary.**Kabul edilen klassifikasiýa boýunça senagatyñ dolanyşyk serişdeleriniñ düzüminde aşakdaky toparlar tapawutlanýarlar:

**1. Aýlanyşykdaky fondlar:**

**A) Ulanyjylara ýetirilen** emma nirede saklanylanyna garamazdan entek peýdalanylmadyk we gaýtadan işlenilmedik **önümçilik zapaslary** (gorlary) - çig mallar, esasy we goşmaça materiallar, ýangyç, satyn alynýan polufabrikatlar, gaplar, gurallar we gurluşlar, hojalyk inwentary we beýleki maddy gymmatryklary. Çig mal we esasy materiallar diýlende öndürilýän önümiñ esasyny emele getirip ýa - da önümiñ taýýarlanylmasynda zerur komponenti (emele getirijisi) hökmünde çykyş edip, düzümine doly geçýän materiallaryñ görnüşlerine düşünilýär.
Goşmaça materiallar bolsa, tehnologik prossesine (hereketine) gatnaşyp, reaksiýanyñ tizligine, önümiñ görnüşine we hiline täsir edýärler, yöne onuň esasyny emele getirmeýärler.

**B) Tamamlanylmadyk önümçilik we öz taýýarlanan öz polufabrikatlary:**

**Tamamlanmadyk önümçilik** - bu taýýar önüme öwrülýänçä önümçilik döwrüne gatnaşan predmetler (zähmeti talap edýän predmetler).

**Polufabrikatlara bolsa** - işläp taýýarlanmanyň bir döwrüni geçen, yöne bu kärhananyň çäginde ýa - da onuň çäginden daşda indiki (soňky) işlenilmä mätäç bolýan zähmet predmetlari degişlidirler.

**Ç) Beýleki zähmet predmetlary we geljekdäki döwrüň çykdajylary:** täzelikçilik we oýlap tapyjylyk bilen baglanyşykly çykdajylar, proýektirleme boýunça çykdajylar we şuňa meňzeşler.

**Aýlanşykdaky fondlaryň düzümi:**

1) Önümçilik gorlary
2) Tamamlanmadyk önümçilik we öz öndüren ýarym taýýar önümi
3) Geljek döwürleriň çykdajylary




**2.Dolanyşyk fondlary**

**1**. Kärhananyň skladyndaky (gaplardaky) taýýar önüm.
**2**. Yoldaky (yüklenilip goýberilen) harytlar.
**3.**Bankdaky, akreditiwlerdäki hasaplaşyk sçýotlaryndaky ýa - da kärhananyň gaznasyndanky pul - maya serişdeleri.

**4.**Üpjün edijiler we alyjylar bilen hasaplaşyklardaky serişdeler.




Senagatyñ serişdeleri bir wagtyñ özünde sanalyp geçilen toparlaryň ählisinde bolýarlar we üznüksiz aýlaw edýärler. Dolanyşyk seişdeleriñ umumy jeminde aýratyn toparlaryň arasyndaky gatnaşyk kärhananyñ tehnologiýa we önümçilik aýratynlyklary bilen, şeyle hem onuň geografik ýerleşişi bilen (üpjün edijilerden we alyjylardan daşlygy bilen), maddy - tehniki taýdan üpjün edilmesiniň guralmasy, ulanylýan transportyñ görnüşi we beýl.bilen kesgitleýärler.

Taze maddy gymmatlyklar önümçilik prossesinde emele gelýänligi sebapli dolanyşyk serişdeleriniň düzümi (şonuñ üçin olaryñ peýdalanylmasynyñ netijeliligi hem) olaryñ näçe köp bölegi önümçilige hyzmat etse, ýagny dolanyşyk serişdeleriñ umumy jeminde aýlanyşykdaky fondlaryñ udel agramy näçe ýokary bolsa, şonça hem has amatly (oñaýly) bolar.

Ýurduñ ykdysadyýetiniñ kadaly öşüşinde dolanyşyk serişdeleriñ esasy bölegi (80 - 85%) aýlanyşykdaky fondlaryñ paýyna düşýär.

**Nebiti gaýtadan işleyiş we ñebit himiýa** senagatynda çig mal we goşmaça materiallar degişlilikde 34,6% we 50,6% tutýarlar. Nebit gaz senagatynyñ ähli pudaklary boýunça ýokary udel agram gymmat bolmadyk we tiz könelýän gurallaryñ, gurluşlatyñ, inwentaryñ we abatlaýyş işleri üçin zapas bölekleriñ paýyna düşýär.


Maddy aýlanşyk serişdeleriniň pudaklar boýunça gurluşy
çig mal, esasy materiallar we satyn alynan ýarym taýýar önüm
goşmaça materiallar
ýangyç
gaplar
ätiýaçlyk şaýlary
gurallar, hojalyk esbaplary we başga gymmat bolmadyk tiz tozýan serişdeler
2.Tamamlanmadyk önümçilik we öz öndüren ýarym taýýar önümi
3.Geljek döwürleriň çykdajylary
4.Taýýar önüm
5.Ýoldaky harytlar
6. Beýleki aýlanşyk serişdeleri
15,20
0,20
2,40
13,60
32,60
0,20
1,60
1,50
0,70
25,50
6,50

**Maddy aýlanşyk serişdeleriniň pudaklar boýunça gurluşy tablisa görnüşinde**

| Aýlanşyk serişdeleriň toparlary | Pudaklar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Umumy senagatda | Nebit çykarýan | Nebiti gaýtadan işleýän | Gaz | Nebit himiýa |
| 1. Önümçilik gorlary Şol sanda: | 60.2 | 69.2 | 72.2 | 80.8 | 76.1 |
| - çig mal, esasy materiallar we satyn alynan ýarym taýýar önüm | 39.3 | 2.4 | 20.8 | 2.2 | 41.7 |
| - goşmaça materiallar | 5.3 | 32.6 | 13.8 | 48.8 | 8.9 |
| - ýangyç | 1.6 | 1.5 | 0.3 | 4.0 | 0.4 |
| - gaplar | 2.3 | 0.7 | 1.7 | 0.5 | 2.5 |
| - ätiýaçlyk şaýlary | 3.7 | 6.5 | 12.1 | 12.8 | 6.0 |
| - gurallar, hojalyk esbaplary we başga gymmat bolmadyk tiz tozýan serişdeler | 8.0 | 25.5 | 23.5 | 12.5 | 16.6 |
| 2.Tamamlanmadyk önümçilik we öz öndüren ýarym taýýar önümi | 20.6 | 1.6 | 12.0 | 6.3 | 9.0 |
| 3. Geljek döwürleriň çykdajylary | 4.3 | 0.2 | 4.9 | 8.0 | 2.4 |
| 4. Taýýar önüm | 11.7 | 13.6 | 10.6 | 9.6 | 12.2 |
| 5. Ýoldaky harytlar | 2.7 | 15.2 | 0.1 | 0.6 | 0.2 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **6. Beýleki aýlanşyk serişdeleri** | 0.5 | 0.2 | 0.2 | - | 0.1 |
| **Jemi** | **100.0** | **100.0** | **100.0** | **100.0** | **100.0** |

## 6.2. Aýlanşyk serişdeleriniň kadalaşdyrylmasy we çeşmeleri.

Düzgüne salma usulyna baglylykda dolanyşyk serişdeleri kadalaşdyrylýanlara we kadalşdyrylmaýanlara bölünýärler (normalaşdyrylýan we normalaşdyrylmaýanlara):

- Kadalaşdyrylýan dolanyşyk serişdelerine kärhananyň işiniň üznüksizligini üpjün etmek üçin zerur bolan maddy gymmatlyklaryñ we çykdajylaryñ görnüşleri degişli - önümçilik zapaslary, tamamlanmadyk önümçilik we öz taýýarlan polufabrikatlary, geljek döwürleriñ çykdajylary we kärhananyñ skladyndaky (gaplardaky) taýýar önüm. Dolanyşyk serişdeleriñ bu toparlarynyñ her haýsy boýunça kärhana hemişeki zapaslaryñ (gorlaryñ) çägini ýa - da dolanyşyk serişdeleriñ normatiwini (bolmaly möçberini), ýagny kärhana zerur bolan dolanyşyk serişdeleriniñ mukdardaky jemini kesgitleýär.
- Kadalaşdyrylmaýan dolanyşyk serişdelere dolanyşyk çäginde bolýan (kärhananyñ skladlaryndaky taýýar önümden başga), emma önümçilik prosessiniñ (hereketiniñ) kadaly akymyna täsir etmeýän dolanyşyk serişdeleri degişlidirler: hasaplaşyk sçýotlaryndaky, akreditiwalardaky we gaznalardaky pul - maýa serişdeleri, hasaplaşykdaky serişdeler, yüklenilip goýberilen, yöne alyjylar tarapyndan tölenilmedik harytlar. Dolanyşyk serişdeleriñ bu elementleriň, bu ululygy, adaty bolşy ýaly köplenç we ep - esli derejede üýtgeýär we şonuñ üçin olara normiatiwleri (bolmaly möçberleri) kesgitlemek kyn bolýar.

**Aýlanyşyk serişdelerini normirliemek** (kadalaşdyrmak, bolmaly möçberi kesgitlemek) diýlende, maddy resurslaryñ

harçlanmasynyñ we zapaslarynyñ bolmaly möçberleriniñ üstünde işlenilme, şeyle hem dolanyşyk serişdeleriñ normatiwiniñ hasaplanylmasyna düşünilýär.

**Maddy resurslaryñ harçlanmasynyñ bolmaly möçberi (normasy) -** bu çig malyñ, önümiñ birligini öndürmeklige materiallaryñ ýa - da önümçiligiñ belli bir meýilnarnalaşdyrylan şertinde bellenilen hildäki işiň meyilnama boýunça mümkin bolan iñ köp mukdarydyr.

Normalar (bolmaly möçberler) wagty - wagtynda seredilip durulmalydyrlar.

Peýdalanylmaly maksadyna we hasiýetine görä harçlanmanyñ normalary aşakdaky alamatlar boýunça klassifisrlienýärler:

- agregasiýa derejesi boýunça;
- çig malyñ we materiallaryñ nomenklaturasynyñ ulanylma derejesi boýunça;
- hereket ediş döwri boýunça;

**Agregasiýanyň derejesi boýunça** enjamyñ kabir görnüşi ýa - da taýýar önümiñ belli bir görnüşi üçin diňe berlen kärhana üçin niýetlenen aýratyn normalar we bimieñzeş önümi öndürýän kärhanalar toparyna degişli bolýan toparlaýyn normalar. Aýratyn normalar normirlenýän çig malyñ we materiallaryñ görnüşiniñ önümiñ ýa - da işiň birligine edilýän çykdajyny kesgitleýär. Toparlaýyn normalar önümçiligiñ we işleriñ göwrümine bellenilýän nomenklatura boýunça çig malyñ we materiallaryñ harçlanmasynyñ ortaça ölçenilen ululygy ýaly hasaplanylýar.

**Çig malyñ we materiallaryñ nomenklaturasynyñ ulanylma derejesi boýunça** harçlanmalaryñ normasy (bolmaly möçberi) ýörüteleşdirilenlere we jemleýjilere bölünýärler.

**Yörüteleşdirilen normalar -** bu önümiň ýa - da işiň birligini öndürmeklige belli bir maddy gymmatlyklaryň harçlanmasydyr.

Maddy resurslaryñ harçlanylma normalarynda peýdaly harçlanma, önümçiligiñ kesgitlenilen tehnologiýasy bilen şertlendirilen tehnologik galyndylar we ýitgiler hasaba alynýarlar.

Kemçilik (brak) netijesinde, telinologiýanyñ bozulmasy, guramada önümçiligiñ we üpjün edilmäniñ näsazlygy we beýleki kesgitlenilen reglamentleriñ we işlediş tärlerlniñ berjaý edilmezligi netijesinde döran galyndylar we ýitgiler çig malyñ we materiallaryň harçlanmalarynyñ normalaryna girmeýärler. Maddy gymmatlyklaryñ harçlanmasyny normirlemekligiñ tejribesinde **hasap - analitik usullary** we **koeffisiýentler usuly** peýdalanylýar.

- **Hasap analitiki usuly** çig malyñ we materiallaryñ harçlanmasynyñ normasyny emele getirýän her bir element (peýdaly harçlanma, tehnologik galyndylar we ýitgiler), berlen kärhanada maddy resurslaryñ her bir anyk görnüşiniñ peýdalanylmasynyñ tehnologik we guramaçylyk şertleriniň derñenilmesine esaslanan hasaplaşyklar bilen kesgitlenilmesinden ybarat bolýar. Sonda ylmyñ we tehnikanyñ üstünliklerini, şeyle hem kärhananyñ yerleşen yeriniň howa, tebigy - geogragik we beýleki aýratynlyklaryny göz önüne tutmak zerur. Bu ugry ýene - de gös - göni **hasaplama usuly** diýip atlandyrýarlar. Çykdajylaryñ normalarynyñ üstünde işlemegiñ statistiki analitik (tejribe) usuly geçirilen gözegçilikler, tejribeler, labaratoriýa barlaglaryñ esasynda önümiñ birligini öndürmage zerur bolan çig malyñ we materiallaryň udel çykdaýjysynyň bellenilmegini göz öñünde tutýar. Adaty boýunça, bu usul goşmaça materillaryñ, mysal üçin, çalynýan ýaglaryñ, sürtgi materiallaryñ we ş.m. çykdajylaryny normalaşdyrmak (bolmaly möçberini kesgitlemek) üçin ulanylýar.
- **Koeffisiýentler usuly** önümçiligiñ göwrüminiñ üýtgemesine baglylykda dolanyşyk serişdeleriñ hereket edýän normatiwleriniñ köpeldilmesinden ýa - da kemeldilmesinden ybarat bolýar. Sonda ähli dolanyşyk serişdeleri üç topara bölünýärler: **önümçilik, önümçilik dal we ýöriteleşdirlen**.
    - **Önümçilik dolanyşyk serişdelerine** materiallar we tamalanmadyk önümçilik degişli.

- **Önümçilik dällere** - zapas bölekler we gymmat bolmadyk serişdeler.
- **Ýöriteleşdirilenlere** geljek döwürleriñ çykdajylary we beýleki kabir elementler degişlidirler.

Şonda önümçilik elementleri boýunça dolanyşyk serişdeleriñ normatiwlerini önümçiligiñ möçberiniñ ösüşine deň bolan ölçegde, önümçilik däl dolanyşyk serişdeler boýunça - ösüşiñ kabir böleginde köpeldýärler.

Ýöriteleşdirilen elementler boýunça dolanyşyk serişdeleriñ normatiwi gös - göni hasap bilen kesgitlenilýär.

Koeffisiýentler usuly hasabyñ ýönekeýligi bilen we dolanyşyk serişdeleriñ göwrümine täsir edýän wajyp ýagdaýlaryñ kesgitlenilmesi bilen tapawutlanylýar. Şol bir wagtyñ özünde, ol önümçiligiñ gurluşyndaky özgerişler netijesinde dörän hasaplaşyklarda nätakyklyklary döredýär. Şonuñ üçin koeffisiýentler usuly prognoz (maglumat) hasaplaşyklarynda dolanyşyk serişdeleriñ normatiwleriniñ (bolmaly möçberiniñ) hasaplanylmasynda ulanylýar.

Dolanyşk serişdeleriñ normirlenmesi (bolmaly möçberiniñ bellenilmesi) önümçilik zapaslarynyñ bolmaly möçberiniñ (normasynyñ) we dolanyşyk serişdeleriniñ normatiwiniñ kesgitlenilmesinden ybarat bolýar.

**Önümçilik zapaslarynyñ bolmaly möçberi (normasy) -** bu kärhananyñ kadaly hereketinde (işiňde) ol ýa - da beýleki maddy gymmatlyklarynyñ zapaslarynyñ olaryñ bir günki talabyna bolan gatnaşygyny hasiýetlendirýän görkezijidir. Önümçilik zapaslarynyñ bolmaly möçberi (normasy) belli bir görnüşdaki çig malyñ, materiallaryñ peýdalanyşynyñ ortaça sutkalaýyn günlerde ölçenilýär.

**Dolanyşyk serişdelerlñ normatiwi (bolmaly möçberi) -** bu kärhana üçin iñ az mukdarda zerur bolan haryt - maddy gymatlyklaryñ ortaça zapaslarynyñ (ortaça galyndynyñ) gymmatynyñ pulda añladylmasy. Normatiw - sutkada edilen çykdajynyñ ulylygynyñ we önümçilik zapaslarynyñ köpeldilmesiniñ jemi bolýar. Maddy gymmatlyklarynyñ

zapaslarynyñ normirlenmegi kärhananyñ dolanyşyk serişdeleriniň dogry guralmagynyň we aýlanyşykly peýdalanylmagynyñ zerur şerti bolýar.

Dolanyşyk serişdelrini normalaşdyrmaklygyñ esasy meselesi olaryñ iñ pes möçberinde önümçilik hereketiniñ üznüksiz gitmegi üçin önümiñ ýerlenilmegi we bellenilen möhletlerde hasaplaşyklaryñ amala aşyrylmasy üçin zerur bolan şertleri döredýän öz dolanyşyk serişdeleriniñ ykdysady we tehniki taýdan esaslanan normatiwlerini işläp taýýarlamakdan ybarat bolýar.

Dolanyşyk serişdeleriñ zapaslarynyñ bolmaly möçberi (normalary) maddy gymmatlyklaryñ görnüşleri. sortlary. belgileri, ululyklary we ş.m. boýunça bellenilýär.

Kärhanada maddy gymmatlyklaryň zapaslary aşakdakylara bölünýärler:

- gündelik zapaslary;
- kepilli (ätiýaç) zapaslary;

Maddy gymmatlyklaryñ gündelik zapaslary köplenç iki sany nobatdaky üpjün edilmelerin arasynda kärhananyñ kadaly işiňi üpjünleýän möçberde kesgitlenilýär. Nobatdaky üpjün etmäniñ ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda ýa - da meýilnamanyñ artygy bilen ýerine ýetirilen ýagdaýynda kärhananyñ kadaly işini saklamak üçin kepilli ýa - da ätiýaç zapaslar döredilýär. Adatça, kepilli ýa - da ätiýaç zapas iñ köp gündelik zapaslaryñ 50% - geçmeli däl; kärhananyñ sklad (ammar, baza) görnüşdaki üpjünçiliginde bu zapas bolmaýar. Kepilli ýa - da ätiýaç zapasy kärhana her gün talap edilýän, ýagny çäklendirilen görnüşlerin sanawyndaky maddy serişdeler boýunça döredýärler. Şeyle hem, has ýakyn yerde ýerleşýän üpjün edijiden almak añsat düşýän materiallar boýunça hem şeyle zapasy döretmeklige zerurlyk bolmaýar.

Dolanyşyk serişdelerine bolan talaby kesgitlemek üçin maddy gymmatlyklaryñ zapaslarynyñ möçberini pul añlatmasynda bilmek zerur

Dolanyşyk serişdelerine bolan talaby aşakdaky formula boýunça kesgitleýärler:

$$O_s = MH_z / T$$

şu ýerde,

**M** - seredilýän döwürde maddy gymatlyklaryñ harçlanyşy, man.;

**Hz** - maddy gymatlyklaryñ berlen görnüşiniñ zapasynyñ bolamaly möçberi, sut.;

**T** - seredilýän döwrüñ dowamlylygy, sut.

Dolanyşyk seridelerine bolan talabyñ bu umumy hasaplanyş formulasy senagatyñ (kärhananyñ) pudagynyñ ayratynlyklaryna baglylykda, hatda dolanyşyk serişdeleriñ kabir görnüşiniñ hasabynyñ çykarylmasynda ep - esli derejede özgerip bilýär.

Zapas böleklere normatiwler hasaplanylanda $O_{zn}$ , hereket edýän tehnologik, kuwwat we beýleki enjamyñ gurluşyndan. kabir bölekleriñ hyzmat ediş döwründen, zapas bölekleriñ (şaýlaryñ) taýýarlanyş we üpjün ediliş şertlerinden ugur alýarlar:

$$O_{zn} = \frac{DUN_d K_u}{t_d} S_d$$

şu ýerde:

**D** - bir gurluşygyñ birmeñzeş bölekleriniñ (şaýlarynyñ) sany;

**U** - birmeñzeş gurluşlaryñ sany;

$N_d$ - berlen bölegiñ (şaýyñ) zapas normasy, gün;

$K_u$ - berlen görnüşdaki ähli gurluşlarda zapas bölekleriñ döwürlerinden, zapas bölekleriñ (şaýlaryñ) sanyny hasaba alýan, zapas bölekleriniñ (şaýlaryñ) azaldylma koeffisiýenti;

$t_d$ - bir şaýyñ hyzmat ediş möhleti, gün;

$S_d$ - bir şaýyñ nyrhy, man.

Käwagt zapas böleklere dolanyşyk serişdeleriñ normatiwi esasy fondlaryñ berlen toparynyñ balans gymmaty % - de kesgilenilýär. Köplenç zapas bölekler esasy fondlaryñ balans gymmatynyñ 4 - 4,5% emele getirýärler.

Tamamlanmadyk önümçilik we öz taýýarlan polufabrikatlara bolan dolanyşyk serişdeleriñ normatiwleri önümçilik döwrüniñ dowamlylygyna, ýagny çig malyñ gaýtadan işlenilmä düşen pursadyndan taýýar önümiñ çykyşyna çenli wagtyna baglylykda kesgitlenilýär. Eger kärhana önümçilik dürli möhleti bolan birnäçe atly önüm çykarýan bolsa, tamamlanylmadyk önümçilige normatiwiñ hasaplanylmasy üçin önümçilik döwrüniñ ortaça dowamlylygyny kesgitleýärler.

Bazar ykdysadyýetiniñ şertlerinde dolanyşyk serişdelerine bolan talabyň kesgitlenilmesinde normirlenýän dolanyşyk serişdelerden başga - da, kärhananyñ debitor we kredit bergileri hasaba alynmalydyrlar.

Dünyä tejribesinde dalanyşyk serişdelerine ýakyn bolýan maliýe peýdalanma zerurlyklary **FEP** diýilýän düşünjesinden peýdalanýarlar.

Maliýe - peýdalanma zerurlyklar zapaslarda immobilizlenen (gymyldatman saklanylan) serişdeleriñ we müşderi bergileri, hem - de kärhananyñ üpjün edijilere bergileriniñ arasyndaky serişdeleriñ tapawudyny we beýleki bergileri kesgitleýär:

$$\mathbf{FEP = S_{zap} + Z_d - Z_{kr}}$$

şu ýerde:

$S_{zap}$ - önümçilik zapaslarynyñ we taýýar önüm zapaslarynyñ (gorlaryñ) gymmaty;

$Z_d$ - müşderi (debitor) bergileri;

$Z_{kr}$ - üpjün edijilere borçnama karzlary (kreditor bergilrei).

**Başga kesgitleme boýunça maliýe - peýdalanma zamrlyklar** - bu kärhanahyñ gündelik (häzirki) üstünlikleri (aktiwleri) bilen gündelik bergileriniñ (passiwleriñ) arasyndaky tapawutdyr.

**Gündelik üstünlikler** - bu esasy bölegiñ hasaba alynmadyk wagtynda kärhananyñ balansynyñ üstünlikleriniñ (aktiwleriniň) jemidir. Üstünlikleriň esasy bölegi esasy

fondlaryñ we maddy däl aktiwleriň gymamtyny öz içine alýar.

**Gündelik (gysga möhletli) bergiler (pasiwler) -** bu gysga möhletli kreditleriñ we karzlaryñ, gysga möhletli bergileriñ we berlen döwürde tölenme wagty gelen uzak möhletli karzlaryñ böleginiñ jemi.

**Maliýe peýdalanma zerurlyklaryñ ululygy aşakdakylara bagly bolýar:**

**1)** Peýdalanma we ýerlenme döwürleriniñ dowamlylygyna - önümçilik zapaslary näçe tiz taýýar önüme, taýýar önüm bolsa, pula öwrülse, şonça hem zapasda olar az bolarlar.

**2)** Önümçilik göwrümininñ ösüş depginlerine - önümiñ öndürilmesininñ uly göwrümi materillara, çig mala, energiýa we beýlekilere köp pul talap edýär. Ondan başga - da inflýasiýa şertlerinde kärhanalar nyrhlaryñ indiki ýokarlanmasynda artyk tölemejek bolup, öz zapaslaryny köpeltmäge çalyşýarlar.

**3)** Kärhananyñ möwsümleýin maddy resurslar bilen üpjün edilmesine;

**4)** Goşulan gymmatyñ normasyna (bolmaly möçberine) we ululygyna - goýulan gymmatyñ bolmaly möçberi naçe az bolsa, şonça - da kärhana üpjün edijilere bergini köpeltjek bolup çalyşýar.

**Goşulan gymmatlyk** - bu öndürilen önümiñ gymatlygy bilen peýdalanylan maddy önümçilik serişdeleriniñ (çig malyñ, energiýanyñ, materiallaryñ, amortizasiýa tutumalarynyñ we beýl.) hem - de başga kärhanalaryñ hyzmatlarynyñ gymmatlyklarynyñ arasyndaky tapawut.

Goşulan gymatlygyñ bolmaly möçberi (normasy) goşulan nyrhyñ **(DS)** önümiñ ýerlenilmesinden girdejä **(WR)** %, bölünmesi bilen kesgitlenilýär:

$$\mathbf{MDS = (DS/WR)\ 100}$$

Ahli sanalyp geçilen ýagdaýlar kärhananyñ dolanyşyk serişdeleriñ ululygyna hem deñ täsir edýärler.

## 6.3. Aýlanşyk serişdeleriniň aýlawy we pudak üçin ähmiýeti.

Önümçilik hereketiniň üznüksiz alnyp barylmagy we taýýar önümiñ ýerlenilmegi üçin kärhananyñ esasy fondlar bilen bir hatarda aýlanyşykda bolan fondlardan we dolanyşyk fondlaryndan emele gelýän dolanyşyk serişdeleri bolmalydyr.

**Aýlanyşykdaky fondlar** - bu zähmet predmetlary (predmetleri) we kabir zähmet serişdeleriniñ elementleridirler.

Olar bir önümçilik sikline hyzmat edip, onda peýdalanýarlar we öz gymmatyny öndürilen önüme geçirýärler.

Aýlanyşykdaky fondara üpjün edijiden gelen pursadyndan, tä olardan (ýa - da olaryñ kömegi bilen) taýýar önüm alynýan pursadyna çenli kärhanada bar bolan zähmet predmetleri bolan - çig mallar, materiallar, ýangyç we beýleki maddy resurslar degişlidirler.

Enjamlaryñ abatlaýyş işleriniñ geçirilmesi üçin ätiýaç (zapas) üçin bölekler, gymmat bolmadyk (birligi üçin kesgitlenilen gymmata çenli) we tiz könelýän (gymmatyna garamazdan bir ýyldan az hyzmat edýän) gural1ar we inwentar hem aýlanyşykdaky fondlaryna degişli bolýarlar.

Aýlanyşykdaky fondlar hemişe maddy gymmatlyklaryñ önümçiliginde bolýarlar we gös - göni ýa - da gyýtaklaýyn taýýar önümiñ maddy düzümini emele getirýärler. Aýlanyşykdaky fondlaryñ düzümine geljek döwürleriñ çykdajysy görnüşinde bolan Maddy däl elementler (aýratyn bölekler) hem girýärler.

Her bir kärhananyñ önümçilik hereketinde dolanyşyk çäginde edýän dolanyşyk fondlary bolýar. Dolanyşyk fondlaryna: kärhananyñ skladlaryndaky (gaplardaky) taýýar önüm, ýüklenip ugradylma garaşylýan, ýükläp ýollanylan, emma ulanyjylar eltilmedik (yetmedik) ýa - da olar tarapyndan tölenilmedik, şeyle kärhananyñ bankdaky hasaplaşyk sçýotlaryndaky pul - maýa serişdeleri we hasaplaşykdaky serişdeler degişlidirler.

Aýlanyşykdaky fondlaryñ bir önümçilik döwrüniñ dowamynda doly ulanylýanlygy sebäpli, olaryñ gymmaty doly taýýar önümiñ

gymamtyna geçýär. Bu gymmatlyk amortizasiýa tutumlary bilen birlikde önümçiligiñ dowamynda tazeden döran gymmatynyñ goşulmasy bilen köne (geçirlen) gymmaty emele getirýär.

Önümçilik prosessinde aýlanyşykdaky fondlar (zähmet talap edýän predmetler) dolanyşyk serişdelerine, ýagny taýýar önüme geçýärler, soňra olar pul - maýa görnüşine eýe bolýarlar.

Pul - maýa girdejisiniň has köp bölegini kärhana tazeden zähmeti talap edýän predmetlari satyn alynmasyna we işçileriň zähmetiniň tölenmesine harçlaýar we prosess (hereket) tazeden gaýtalanýar.

Şeýlelikde, aýlanyşykdaky fondlar we dolanyşyk fondlary yzygiderlilikde biri - birine öwrülýärler. Bu bolsa olary bir topara dolanyşyk serişdeleri toparyna birleşdirmäge esas berýär.

Diýmek. dolanyşyk serişdeleri senagatyñ aýlanyşykdaky fondlaryñ we dolanyşyk fondlaryñ pul - añlatmasyndaky jemini emele getirýär. Olar hem önümçilik çäginde, hem dolanyşyk çäginde hyzmat edýärler.




## 6.4. Aýlanşyk serişdeleriniň ulanylşynyň esasy görkezijileri.

Senagatyň dolanyşyk serişdeleri hemişelik hereketde bolýarlar. Hemişe we birden ähli görnüşlerde bolmak bilen, şol bir wagtyň özünde olar bir görnüşden ikinjisine - çig maldan, esasy we goşmaça materiallardan tamamlanmadyk önümçilikden we polufabrikatlardan - taýýar önüme we ýoldaky harytlara, taýýar önümden we harytlardan pul serişdelerine; pul serişdelerinden - täzeden çig mala, esasy we goşmaça materiallara geçýärler. Netijede önümçilik çägini hem dolanyşyk çägini öz içine alýan dolanyşyk serişdeleriň üznüksiz aýlanyşygy bolup geçýär. Bu prosess naçe tiz geçse, senagatda kadaly önümçilik hereketini üpjün etmek üçin, şonça - da dolanyşyk serişdeleriň az mukdary (jemi) talap edilýär. Diýmek, dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň çaltlandyrylmasy, olara bolan talaby peseltmek

bilen, senagat pudagynyñ ýa - da aýratyn kärhananyñ hojalyk işiňiň netijeliliginiñ bir görkezijisi bolup çykyş edýär.

Doladnyşyk serişdeleri üznüksiz aýlanyşykda bolýandygy sebäpli, bir aýlawy beýlekisinden aýyrmak mümkin bolmaýar, şonuñ üçin dolanyşyk serişdeleriñ peýdalanyşynyñ ýa - da olaryñ aýlanyşygynyñ tizliginiñ derejesini bahalandyrmak üçin goşmaça alamatlar boýunça edilýän hasaplaşyklardan peýdalaýarlar.

Dolanyşyk serişdeleriñ aýlanyşygy wagt boýunça hasaplanylýar, üstesine - de ol aşakdaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýan:

- dolanyşyk serişdeleriñ aýlanyşygynyñ (ýa - da) dolanyşyk serişdeleriñ aýlaw sanynyñ koeffisiýenti bilen;
- dolanyşk serişdeleriñ iş bilen üpjünliginiñ koeffisiýenti bilen;
- bir aýlawyñ dowamlylygy bilen;

Aýlanyşygyñ koeffisiýenti dolanyşyk serişdeleriñ aýratyn döwürde edýän äýläwynyñ sanyny häsiýetlendirýär:

$$\mathbf{K_{ob} = Q_{rp} / O_s}$$

şu ýerde :

**$Q_{rp}$**-goşulan gymmata bolan salgytsyz we aksiz salgytsyz kärhanada hereket edýän nyrhda ýerlenilen önümiñ göwrümi, man;

**$O_s$ -** seredilýän döwür üçin dolanyşyk serişdeleriñ ortaça nyrhy, man;

**Dolanyşyk serişdeleriñ aýlawynyñ sany (aýlanyşyk koeffisiýenti)** satylan önümiñ bir ýyl (kwartal) üçin dolanşyk serişdeleriñ bir manadyna düşýän gymmatynyň nähilidigini görkezýär. Belli bir wagtda dolanyşyk serişdeleri naçe köp aýlaw etseler, dolanyşyk serişdeleriñ üýtgewsiz bahasynda şonça - da köp önüm çykarylar. Dolanyşyk serişdeleriñ aýlanyşygynyň tizleşdirilmesiniñ esasy ykdysady mazmuny şundan ybarat.

**Aýlanşyk serişdeleriniň aýlawynyň tizlenmegi esasynda:** Dolanyşyk serişdeleriň peýdalanylyşynyñ bahalandyrylmasynda ähli pudaklar üçin umumy bolan şertlilik kabul edilen - ýerlenilýän önümiñ gymmaty amortizasiýa tutumyny öz içine almaly (alýar). Şonuñ üçin aýlanşyk koeffisiýentinde hem dolanyşyk fondlarynyñ we esasy fondlarynyñ bölekleriniñ




hereketleri şöhlelendirilýär. Yöne, şunuň ýaly ýalñyşlyklar ähli ýagdaýlarda bolany üçin, görkezijiler hem wagtda, hem kärhanalaryñ arasynda deñeşdirilip bilinýärler.

Üpjünlik koeffisiýenti satylan önümiñ bir manadyna düşýän dolanyşyk serişdeleriñ möçberini emele getirýär. Bu görkezijiniñ absolýut ulylygy naçe pes bolsa. şonça - da netijeli peýdalanýarlar.

Özüniñ manysy boýunça bu koeffisiýent aýlanyşyk boýunça - aýlanyşyk koeffisiýentine ters bolan koeffisiýentdir.

$$\mathbf{K_z = O_s / Q_{rp}} \qquad T_{ob} = T_{per} / K_{ob}$$

Bir aýlawyñ dowamlylygy wagtyñ belli döwrüniñ sutkalarynyñ sanynyñ şol wagtda dolanyşyk serişdeleri tarapyndan edilen aýlawlaryñ sanyna bölünmesi bilen kesgitlenilýär:

$$\mathbf{T_{ob} = T_{per} / K_{ob}}$$

şu ýerde:

$\mathbf{T_{per}}$ - döwrüñ dowamlylygy, gün;

Hasaplaşyklarda kwartal üçin 90 gün, ýyl üçin 360 gün alynýar.

Orta ululyk (dolanyşyk serişdeleriñ ortaça galyndysy) şertlere baglylykda dürli - dürli kesgitlenilýär. Dolanyşyk serişdeleriñ ortaça aýlyk galyndysy aýyñ başyna we ahyryna dolanyşyk serişdeleriniñ galyndylarynyñ ýarym jemi edilip kesgitlenilýär:

$$\mathbf{O_{sm} = (O_m / O_k) / 2}$$

şu ýerde:

$\mathbf{O_m}$ - aýyñ başyna dolanyşyk serişdeleriñ galyndysy;

$\mathbf{O_k}$ - aýyñ ahyryna doalnyşyk serişdeleriñ galyndysy;

Dolanyşyk serişdeleriniñ ortaça kwartal galyndysy ortaça aýlyk galyndysynyñ orta arifmetiki ululygy ýaly edilip kesgitlenilýär:

$$\mathbf{O_{sk} = (O_{sm1} + O_{sm2} + O_{sm3}) / 3}$$

Dolanyşyk serişdeleriniñ orta ýyllyk galyndysy ortaça aýlyk galyndylaryñ orta arifmetik ululygy boýunça kesgitlenilýär:

$$O_{sp} = \sum_{i=1}^{12} O_{smi} / 12$$

Dolanyşyk serişdeleriñ orta ýyllyk galyndyny kesgitlemek üçin tejribede orta hronologiýa formulasy hem giñden ulanylýar.

şu ýerde;

**$O_{ng}$** - ýylyñ başyna dolanyşyk serişdeleriñ galyndysy;

**$O_{kg}$** - ýylyñ ahyryna dolanyşyk serişdeleriñ galyndysy;

$$O_{sp} = \frac{(O_{ng} + O_{kg}) + \sum_{i=2} ni}{12}$$

**$O_{ni}$** - fewral aýyndan (ikinji aydan) başlap ähli aýlaryñ başyna dolanyşyk serişdeleriñ galyndysy;

Dolanyşyk serişdeleriñ aýlanyşygynyñ görkezijileri normirlenýän we normirlenmeýän dolanyşyk serişdeleriñ ortaça galyndylarynyñ ähli jemi boýunça hasaplanylýar. Yöne bankda kärhananyñ hasaplaşyk sçýodyndaky pul - maliýe galyndylary hasapdan aýyrýarlar, sebäbi aýlanyşygyñ tizleşdrilmesi netijesinde boşadylan dolanyşyk serişdeler hasaplaşyk sçyodyna siñýärler.

Dolanyşyk serişdeleriñ absolýut we otnositel boşadylmasy, olardan peýdalanmañ gowulandyrylan netijesi bolup bilýärler.

Dolanyşyk serişdeleriñ absolýut (doly) boşadylmasy olaryñ aýlanyşygynyñ çaltlaşdyrylmasy öndürilýän önümiñ şol bir göwrüminde kärhananyñ dolanyşyk serişdeleriniñ jeminiñ peselmesinde bolup geçýär. Dolanyşyk serişdeleriñ otnositel boşadylmasy kärhananyñ dolanyşyk serişdeleriniñ ösüşi önümi

ýerlemek boýunça aýlawyñ ösüşine garanda has haýal bolan wagtynda bolup geçýär.
Dolanyşyk serişdeleriñ otnositel boşadylmasy (köpelmesi) berlen döwürde **($R_d$)** orta sutkalyk ýerlenilen önümiñ jeminiñ şol döwürde aýlawyñ dowamlylygynyñ kemelen ýa - da köpelen sutkalarynyñ sanyna köpeldilmesi bilen kesgitlenilýär.

$$\Delta O_{s(ot)} = R_d(\pm\Delta T_{ob})$$

şu ýerde;
$\Delta$**$T_{ob}$ -** aýlawuñ dowamlylygynyñ kemelen ýa - da köpelen sutkalyk göwrümi belli bir döwürde ýerlenilen önümiñ göwrüminiñ döwrüň dowamlylygyna **($T_n$)** bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär:

$$\mathbf{R_d = Q_r / T_n}$$

**Kärhananyñ dolanyşyk serişdeleri iki topara bölünýän dürli çemeleşmeleriñ hasabyna döredilyärler:**

**1)**Hususy we şoña barabarlaşdyrylan serişdeler;

**2)** Karz alnan we alnan (çekilen) dolanyşyk serişdeleri.

- **Hususy dolanyşyk serişdeleri** - bu paýdar (aksioner) kapitalynyñ paýdarlar jemgyýetlerindäki ustaw fondunyñ bölegi ýa - da döwlet kärhanalarynyñ herekete (peýdalanma ) girizilmesinde döwlet tarapyndan goýberilen serişdelerdir.

Hususy dolanyşyk serişdeler gymmat baha kagyzlaryñ çykarylmasy netijesinde alnan serişdeler hasabyna alynan girdejiler bilen kärhananyñ hususy dolanyşyk serişdeleriniñ üsti doldurylýar.

Kärhananyñ hususy dolanyşyk serişdelerine dürli görnüşdäki durnukly bergiler degişli bolýarlar:

- iş haky boýunça işçilere we gullukçylara iñ pes bergiler;
- sosial fondy üçin tutumlar boýunça karzlar;

- indiki döwürde peýdalanmaga niýetlenen serişdeler (işgärleriñ rugsatlarynyñ, ýeñil abatlaýyş işleriň tölegleri; ýylyñ ahyryndaky sylag tölenmeler we beýl.), elektroenergiýa, telefon, radio üçin bergiler we ş.m. Bu serişdeler kanuny kärhana degişli bolmaýarlar, emma hereket edýan hasaplaşyk düzgüni boýunça olar hemişe kärhananyñ ygtyýarlygynda bolýarlar we dolanyyk serişdelerine bolan talaplaryñ ödelmesi üçin peýdalanylýarlar.

Hususy dolanyşyk serişdeleriñ geljekdäki (döwür) üçin dolanyşyk serişdeleriñ göz öňüne tutulan çaltlandyrylmasynyñ hasaba alynmasy bilen kesgitlenip bilner.

$$N_{op} = (N_{oi}(100 + J_a - J_o))/100$$

şu ýerde :

**$N_{oi}$** - her bir meýilnamalaşdyrylan ýylyñ başyna hususy dolanyşyk serişdeleriñ bolmaly möçberi (normatiwi), man.;

**$J_a$** - ozalky ýyl bilen deñeşdirilende haryt önümçiliginiñ ösüş depginine görä normatiwiñ (bolm. möçberiñ) ýokarlanma prosenti;

**$J_o$** - ozalky ýyla dolanyşyk serişdeleriñ umumy normatiwiniñ bolmaly möçberiniñ peselmesi ýa - da ýokarlanmasy has takyk ozalky ýyl bilen deñeşdirelende meýilnamalaşdyrylan ýylda dolanyşyk serişdeleriñ her bir bölegi (elementi) boýunça normatiwiñ ösüşiniñ (peselmesiniñ) algebralyk jemi ýaly edilip kesgitlenilýär.

$$\Delta N_{op} = \Sigma (O_{2i} - O_{1i})$$

şu ýerde:

**$O_{1i}$** - meýilnamalaşdyrylan ýylyñ başyna i - elementi boýunça bar bolan dolanyşyk serişdeler, man.;

**$O_{2i}$** - elementi boýunça bar bolan dolanyşyk serişdeler, man.;

**$O_{2i}$** - elementi boýunça meýilnamalaşdyrylan ýylda normatiwiñ hasaplanylan ululygy, man.

Kärhanalaryñ dolanyşyk serişdelere bolan talaby hemişe üýtgäp durýar. Hususy dolanyşyk serişdeler we şoña barabarlaşdyrylan durnukly bergiler (passiwler) kärhananyñ dolanyşyk serişdelere bolan iñ pes talabyñ öwezini doldurýarlar. Kärhananyñ hojalyk hereketiniñ dowamynda mysal üçin çig malyñ, materiallaryñ, zapas şaýlaryñ, ýangyjyñ polufabrikatlaryñ nobatdaky partiýasynyñ (toparynyñ satyn - - alynmasynda. möwsümleýin taýýarlyk görlünde, satynalynýan resurslaryñ gymmatlanmasynda, peýdalanyja - berlen önümiñ öz wagtynda tölenilmeýän tölegiñ geçirilmesinde dolanyşyk serişdeler bolan goşmaça talap karz alnan serişdeleriñ hasabyna ödelýär.

Kärhana gysga möhletli ssudalary (kreditleri) Amanat bankyndan, kommersiýa banklaryndan belli bir möhlete we maddy üpjünçiligiñ üsti bilen alyp bilýär. Kreditlerden peýdalanma üçin kärhanalardan prosentler tutulýar. Banklara kanun boýunça karzlardan başga kärhanalar resurslar bilen üpjün edijiler bilen tölegleriñ we olaryñ. döwletiñ. öz işgärleriniñ öñündäki borçnamalaryñ öz wagtynda ýerine ýetirilmeginiñ möhletini uzaldyp (yza çekip) bilýärler.

Daşary ýurt tejribesinde kärhanalar karz alnan serişdeler bilen giñden peýdalanýarlar we dolanyşyk serişdeleriñ aýlawynyñ döwri üç emele getiriji boýunça bahalandyrylýar:

$$T_{ob} = T_{obz} + T_{obd} + T_{okr}$$

şu ýerde:

**$T_{obz}$** - zapaslaryñ we taýýar önümiñ aýlawynyñ döwri, sut.;
**$T_{obd}$** - debitor bergileriñ aýlawynyñ döwri, sut.:
**$T_{okr}$** - kreidit karzlaryñ rölesinin ortaça möhleti.

Öz gezeainde,

$$T_{obd} = Z_d / W_{rd}$$

$$T_{okr} = Z_p / S_{pd} + Z_{ot} / OT_d + Z_{pr} / З_{pr};$$

şu ýerde:

**$S_{zap}$** - önümçilik we taýýar önümiň zapaslary, man.,

**$Z_d$** - kärhananyň debitor algylary. man.;

**$Z_p$** - üpjün edijilere debitor bergiler. man.;

**$Z_{ot}$** –zähmet tölegi boýunça kärhananyň bergileri, man.;

**$Z_{pr}$** - beýleki kredit karzlary (salgyl, býudzet bolmadyk fondlara tutumlar boýunça we beyl.), man.;

**$W_{rd}$** - ýerlenilmeden orta günlük düşewünt, man.;

**$S_{pd}$** - üpjün edilmäniň orta günlük gymmaty, man.;

**$Z_{pr}$** - beýleki kredit bergileriniň orta günlük ululygy, man.;

**$OT_d$** - işgärleriň zähmetiniň orta günlük tölegi.

Döwrüň dowamynda bu formularyň sanaýyjylarynyň esli yrgyldamasynda döwrüň başy bilen ahyry arasyndaky ortaça ululygy alynmaly. Zapaslaryň aýlawynyň we debitor bergileriň dowamlylygyny uzaltmak kärhana üçin amatly bolmaýar.

Resurslaryň zapas, taýýar önüm serişdeleriniň böleginiň hereketsiz goýulmagy finansirlemäniň ýokary derejenäki talabyny döredýär, önüm peýdalanyjylary tarapyndan öz wagtynda tölegiň edilmesligi bolsa üpjün edijiler bilen hasaplaşmagyň saklanmasyna alyp barýar, ýagny pul serişdelerine bolan goşmaça talaby döredýär. Şonuň bilen birlikde, resurslar bilen üpjün edijilere, döwlete we beýlekilere tölegleriň iölenmesiniň yza çekilmesi kärhana üçin amatlydyr, sebäbi önümçilik sikli (döwri) bilen döredilýän Maliýe çeşmesi emele gelýär.

Dünyä tejribesinde karz alanan serişdeleriň peýdalanylmasynyň netijeliligi bu hususy serişdeleriň düşewüntliliginiň tölegliligine garamazdan kreditden peýdalanylmadan alynýan artdyrylmasydyr.

Ykdysady girdejilik,

$$ER = \frac{(P_b + W^s{}_{kr})}{A} 100$$

şu ýerde:

**$P_b$** - kärhananyñ balans düşewünti, man.;

**$W^s{}_{kr}$** - önümiñ özüne düşýän gymmatyna degişli bolýan kredit üçin prosent tölemeleriñ jemi, man.;

**A** - kärhananyñ Maliýe balansynyñ aktiwleriniñ jemi, man.

Maliýe ryçagynyñ netijeliliginiñ peselmesi barada kärhanany habardar edýar. Differensial otrisatel bolmaly däl. Bu kredit beriji üçin hem möhümdir, sebäbi onuň töwekgellik etmegi differensial ululygyna bagly bolýar we ol näçe pes bolsa, töwekgelçilik şonça - da ýokary bolýar.

Ondan başga - da differensial bilen ryçag egniniñ arasynda özara baglanyşyklyk bolýar. Karz alnan serişdeleriñ köpelmesinde, diýmek ryçag egniniñ hem. "karza hyzmat etme" boýunça çykdajylary köpelyär. sebäbi kreditorlar kredit hakyny ýokarlandyrýarlar.

Şeýlelikde, ryçag egnini hemişe ýokarlandyrjak bölüp çalyşmaly däl, ony differensiala baglylykda ýola goýmak (sazlamak) zerur.

# VII Bap
# Nebit gaz pudagyndaky material-tehniki resurslary we logistika. Pudagy haryt-enjam bilen üpjün etmek.
## 7.1. Material-tehniki resurslaryň ähmiýeti, meseleleri we aýratynlyklary.
## 7.2. Material-tehniki resurslar bilen üpjünçiligi.
## 7.3. Nebit gaz pudak kärhanalary maddy-tehniki resurslar bilen üpjünçiligiň ýyllyk meýilnamasy.
## 7.4. Logistika. Umumy düşünje we gurluşy.

**7.1 Maddy tehniki taýdan üpjinçilik** - bu gös-göni ýa-da dellalyň üsti bilen guramaçylyk arabaglanşyklaryň we şertnamalaryň esasynda üpjün ediji bilen alyjynyň arasynda önümçilik serişdelerini paýlaşdyrmanyň görnüşi bolup durýar. Ol ep-esli derejede önümçilik fondlaryň ulanalyşyna, önümçiligiň sazlaşyklygyna (düzüwligine), özüne düşýän gymmatyna, zähmetiň öndürijiligine, we beýleki görkezijilere gös-göni täsir etmek bilen önümçiligiň netijeliligini öňünden kesgitleýär.

Bazar ykdysadyýetine geçmek bilen gurluşyk material bazarynda düýpli özgerişler bolup, döwletiň material resurslaryny paýlaşdyrma funksiýasy ýetirildi. Köp sanda ownuk dellal strukturalar peýda boldy. Olar çäkli sektorlarda hereket edýänem bolsalar, resurs dolanşygynyň kesgitli bölegini boýnuna alýarlar we şunuň bilen diňe özüne meňzeşler üçin däl-de, hat-da iri lomaý dellalçylara (hiç bolmasa zakaz alnan ýagdaýda) hem bäsdeşlik döredýärler.

Häzir öndürme-tehniki maksatly önüm dolanşygy bazar paýlamanyň häsiýetine eýe bolup, tölemäge ukyply talabyň we teklibiň bazar gatnaşygyna esaslanan.

Gurluşyk materiallaryň haryt bazarynyň umumy ýagdaýyny bahalandyryp, kärhanalar we guramalar kanun tarapyndan bellenilen kärhana eýeciliginiň işiniň ýeterlili erkinligini häsiýetlendirýän şertlerde işleýändigini belläp bolýar.

Nebit gaz pudagynyň kärhanalarynyň MTU-niň (maddy-tehniki taýdan üpjin etmäniň) esasy funksiýalary:

- zerur çig mal, polufabrikatlar we detallar (şaýlar) bilen üpjin etmek;
- alyjylaryň zaýawkasy boýunça çig mal saklamak, işläp taýýarlamak we eltip bermek;
- gurallar, gurluşlar-desgalar bilen üpjün etmek we tehnologik, energetik, transport we başga enjamlaryň remonty, olara gözegçilik we ideg etmek;
- enjamlary hemişe iş ýagdaýynda saklamaly;
- Kärhanany elektro, ýylylyk energiýalary bilen, dykyz howa we suw bilen üpjün etmek;
- meýdançanyň içinde we ondan daşda ýükleri göçürmek (ýerine üýtgetme);
- ähli ýükleýişn-düşüriş işlerini geçirmek;

MTU-niň gulluk organlaryna aşakdakylara degişli edip bolýar:

- maddy tehniki taýdan üpjünçiligini;
- materiallary, ýangyjy, çig maly we taýýar önümi sklada ýerleşdirmegi we saklamagy;
- taýýar önümi öndürme-tehniki komplektasiýasyny;
- instrumental (gurallar) hojalygyny we tehniki abzallaşdyryjy gullugyny;
- remont-mehaniki sehlerini we gulluklaryny ;

transport hojalygyny;

## 7.2. Material-tehniki resurslar bilen üpjünçiligi.

Maddy-tehniki taýdan üpjün etmek sistemasy aşakdakylary öz içine alýar:

- döwletiň talaplaryny maddy resurslar bilen üpjün etmäni ;
- tehniki enjamlaryň, gurluşyk materiallaryň, desgalaryň (konstruksiýalaryň) we şaýlaryň lomaý söwdasyny;

gurluşyk materiallaryň, desgalaryň we şaýlaryň gurluşyk biržasynyň sistemasyny söwda jaýlarynyň we dellal kärhanalaryň üsti bilen söwdany;
Maddy-tehniki taýdan üpjün etmäniň organlaryň sistemasyny aşakdakylara emele getirýärler:
- türkmenkontrakt AB (aksioner birleşmesi);
- territorial-dellalçy kärhanalar (lomaý söwdalar);
- söwda jaýlary, biržalar;
- hususy dellalçy firmalar, kärhanalar;

Guramalarda maddy-tehniki taýdan üpjün etme organlaryň funksiýalaryny öndürme-tehniki komplektasiýanyň uprawleniýasy (ÖTKU) önümçilik birliginiň hukugynda ýerine ýetirýärler. ÖTK-nyň esasy meselesi bolup, materiallary we detallary (şaýlary), polufabrikatlary, konstruksiýalary taýýarlama proseslerini bir bitewä baglaşdyrmagy we olary ýerine ýetirilýän gurluşyk-montaž işleriň grafigine laýyklykda gurlyşyklara komplektli eltilmegini üpjün etmekdir.
ÖTKU-nyň funksiýalaryna trestiň adresine gelýän maddy resurslary kabul etme, olary sklada ýerleşdirme we saklama, bir tipdäki däl şaýalary, desgalary (konstruksiýalary) taýýarlama, kabul edilýän materiallary tehniki taýýarlygyny ýokary derejä ýetirme, komplektleri öz wagtynda gurluşyk meýdançalaryna ýola goýma girýär.
Öndürme-tehniki komplektasiýasynyň uprawleniýasy hojalyk hasaplaşygy esasynda öz işini amala aşyrýar.

## 7.3. Nebit gaz pudak kärhanalaryň maddy-tehniki resurslar bilen üpjünçiligiň ýyllyk meýilnamasy.

Kärhanalaryň maddy - tehniki serişdeleri bilen üpçünçiligi kärhananyň ýyllyk önümçilk meýilnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar. Maddy – tehniki üpçünçiligiň peýdaly guralmasy, kärhananyň maddy resurslarynyň gerek görnüşlerde we mukdarda üpçün edilmesine kömek edýär we esasy fondlaryň has gowy ulanmagyna şert döredýär. Şeýle hem

Maddy – tehniki üpçünçiligiň peýdaly guralmasy, önümçiligiň zähmet öndürijiligini artdyrýar we kärhananyň zapaslarynyň azalmagyna we şol sebäpli hem aýlanyşyk serişdeleriniň tiz dolanmasyna getirýär.
Maddy – tehniki üpçünçilik meýilnamasy kärhanada natural we gymmatlyk görkezijilerinde düzülýär.
Zähmet serişdelerindäki zerurlylyk ( çig mal, esasy we kömekçilik materiallary) meýilnamalaşdyrylan önümçilik göwrümine we maddy gymmatlyklaryň ulanylyş normalaryna görä kesgitlenilýär.Tehnika we tehnologiýalaryň üýtgemegi bilen ulanylyş kadalary hem üýtgeýär. Şonuň üçin şol ýagdaýlarda kadalar täze tehnika we tehnologiýanyň serişdeleri ulanyşyna görä düzülýär, düzedilýär.
Meýilnama düzülenden soň, işe kärhananyň maddy – tehniki üpçünçilik bölümi başlaýar. Bu bölüm şol normalara laýyklykda hereket edýär we önümçiligiň bökdençsiz işlemegini üpçün edýär. Meýilnama boýunça gerek serişdeler boýunça şertnamalar baglanyşylýar. Şeýle şertnamalar kärhananyň serşdeler bilen üpjün ed,ljekdigine kepil bolup durýar. Şertnamalar boýunça wagtynda ýetişdirilmedik serişdeler üçin üpjün ediji kärhanalara jerimeler salynýar. Şu wagtda iki görnüş maddy – tehniki üpçünçiligi ulanylýar: tranzit we ambar üpjünçiligi.
**Tranzit üpjünçiligi** – senagat önümi üpjün edijiden göni alyja ýetirilýär we arada duranlary bolmaýar.Üpjün etmäniň şu görnüşi has köp ulanylýar. Bu görnüş has tiz we arzan bolup durýar. Yöne maddy - tehniki üpjünçiligiň bu görnüşi diňe şol serişdäniň köp muktary gerek bolan ýagdaýlarynda ulanmak mümkin bolup durýar.
Gerek serişdäniň mukdary kiçi bolan ýagdaýlarda alyja tranzit üpjünçiligi amatsyz bolýar. Çünki ulanmadan galan mukdaryny ulanyjy ambarda saklamaga mejbur bolýar we çykdaýjy etmäge mejbur bolýar. Aýlawdaky serişdeler doňdurulan ýagdaýa gelýär we kärhananyň ösüşine, şol serişdeleri başga maksatlara ulanmaklygyna päsgel bolup durýar.

Kärhana gerek serişdäniň mukdary iň kiçi getirme mukdaryndan az bolan ýagdaýlarynda, maddy – tehniki üpçünçiligiň ambar görnüşini ulanýar. Bu ýagdaýda ambar görnüşi has netijeli bolýar. Ambar görnüş üpjünçiliginde kärhana gerek serişdesini arada duran ýerleme bilen meşgullanýan kärhanalardan alýar. Gerek mukdar kiçi bolan ýagdaýlarda bu görnüş has amatly bolýar we kärhananyň aýlanyşyk serişdeleriniň peýdaly ulanmagyna ýardam berýär.
Üpjün etme we ýerleme – şol bir hereketiň (prosessiň iki tarapy bolup durýar: ulanyjy üçin – bu maddy tehniki üpjünçilik, öndüriji üçin bolsa – harydyny ýerleme. Bilişimz ýaly himiýa pudagy kärhanalaryň işine diňe önümi öndürmeklik girmän eýsem ony alyjylara ýetirmek hem girýär. Şonuň bilen döwleti himiýa önümleri bilen üpjün etmek halk hojalygynyň bir bölegi bolup durýar.
Nebit himiýa senagatynda başga kärhanalary tranzit görnüşinde üpjün etmek az ulanylýar. Çünki köplenç nebit we nebit himiýa önümleri nebit bazalaryndan ýerlenilýär.
Biziň özgerişler we ösüşler zamanamyzda, önümçilik göwrümleriniň ösýän wagtynda, önümleriň görnüşleriniň köpelýän zamanasynda maddy – tehniki üpjünçiligiň ähmiýeti has uly bolup durýar.

### 7.4. Logistika. Umumy düşünje we gurluşy.

**Logistika**-dürli sistemalarda maddy resurslaryň, kadrlaryň, energoresurslaryň informasiýanyň (maglumatlaryň) we başga akymlaryň hereketini planlaşdyrmak, dolandyrmak we kontrollyk etmek baradaky ylym.
Logistikanyň konsepsiýasy önümçilik sferasynda we alyjylaryň talabyny has doly kanagatlandyrmak üçin önüm çalşygyny oýlanşykly (rasional) planlaşdyrmanyň, guramanyň we kontrollyk etmäniň sistemasyny emele getirýär.
Funksional maksadyň nukdaýnazaryndan halk hojalygynyň umumy gurluşynda (strukturasynda) logistiki sistemanyň

aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: makrologistika, mikrologistika we metalogistika.

**Makrologistik sistemasy** ähli kärhanalaryň, guramalaryň we önümçilik sistemalaryny halk hojalygynyň ähli pudaklary boýunça birleşmesini emele getirýär.

**Mikrologistik sistemasy** bir kärhananyň ýa-da önümçilik sistemasynyň çäginde material (maddy) we informasion akymlaryň hereketini öz içine alýar.

**Metologistika**-dürli kärhanalaryň we sistemalaryň funksional bölümleriniň jemini emele getirýär.

Logistiki işiň 3 esasy daýanjy bar:

- Maddy resurslary alyp barýan ähli tehniki serişdeleri we abzallary jemleýji tehnika;
- Sistemadaky maddy we maddy däl akymlaryň hereketi baradaky statiki (hereketsiz) we dinamiki (täsirli, hereketli) habarlary jemleýji informasiýa (maglumat);
- Kärhananyň ykdysadyýeti we halk hojalygy;

**Logistikanyň edýän işi** - bu sistemadaky ähli maddy we maddy däl akymlary kompleksleýin dolandyrmadyr.

Logistika önümçilik sferasyny we maddy esretleriň çalyşma sferasyny (maddy-tehniki taýdan üpjin etmäniň we önümi ýerlemäniň sistema bölümi) öz içine alýar. Ol önümçiligi we marketingi dolandyrmanyň ýeke-täk sistemasynyň işini hem-de pul-maýa we ykdysady hasaplaşyklaryny döretmäge we kontrol etmäge, şeýle hem zerur bolan maglumatlary taýýarlamaga gönükdirilen.

Maddy resurslaryň ahyrky ulanylmasyny uly subýektleriň biri bolan gurluşyk kompleksi olaryň edinmäniň netijeli görnüşlerinde we aýlanyşykly (rsional) peýdalanylmagy ýokary derejede gyzyklanmaly.

Materiallar, gurluşyk desgalary (konstruksiýalary) we şaýlar üçin şolaryň özi bilen bagly çykdaýjylary minimuma getirme (kemeltme) maksady bilen maddy akymlary signallaşdyrma birinji derejedäki ähmiýete eýedir, sebäbi ol materiallar bilen guramak üpjün etmekde logistik metodlarynyň maddy

akymlaryň emeli gelişini we hereketini dolandyrmagyň netijeli ylmy gurallary hökmünde ulanylmagynyň zerurdygyny we maksada laýyklygyny öňünden kesgitleýär.

Maddy-tehniki taýdan üpjün etmäniň netijeli çözgüt gözleginiň wajyp düzüm bölegi-bu logistiki çözgütleriň (kararlaryň) rasional (aýlanyşykly0 gurlyşydyr, ýagny maddy akymyň hereketine gatnaşýan hojalyk strukturalaryň işiniň häsiýetini we düzümini kesgitlemekdir. Belli bir şertlerde logistiki zynjyryň uzadylmasy, oňa söwda dellalçylarynyň goşulmasy maksada laýyklykdyr.

## VIII Bap
## Nebit gaz pudagynyň zähmet resurslary.

**8.1 Zähmet resurslary.**
**8.2 Ilat we maşgala ýagdaýy.**
**8.3 Türkmenistanyñ ilatynyñ bilim derejesi.**
**8.4 Iş bilen meşgullyk, olaryñ regional we pudaklaýyn aýratynlyklary.**
**8.5 Zähmet öndürjiligi.**
**8.6 Zähmet resurslary we zähmet hakyny meýilleşdirmek.**
**8.7 Zähmete hak tölemek. Zähmet resurslaryny bahalandyrmakda ulanylýan esasy görkezijiler.**

### 8.1 Zähmet resurslary.

**Zähmet resursy**-zähmet çekmäge fiziki we ruhy taýdan ukyby bolan ilatyñ köplügidir. Zähmet resurslaryna 16 ýaşdan erkek adamlar 62 ýaşa, aýallar boýunça 57 ýaşa çenli ilat degişlidir. Mundan başga-da zähmet resurslaryna zähmete ukyply ýaşdaky ilatdan başga-da jemgyýetçilik önümçiliginde zähmet çekýän pensionerler hem-de ýetginjekler degişlidir.
Onuñ tersine zähmete ukyply ýaşdaky 1-nji we 2-nji topar enwalitler zähmet resurslaryna degişli hasap edilmeýär.
Zähmet resurslarynyñ kemala gelmeginiñ Türkmenistanyñ şertlerinde özboluşly häsýetleri bardyr. Olar esasan şu aşakdakylardan ybaratdyr:
1. Ilatyñ jyns we ýaş strukturasy.
(aýallar - 50,2%, erkek adamlar - 49,8%)
2. Ilatyñ bilim derejesi.
3. Ilatyñ milli düzümi (78% türkmenler).
4. Ilatyñ tebigy we mehaniki hereketi.
(çaga dogluş – aradan çykyş, emmigrasiýa - immigrasiýa)

Kärhananyñ personaly (kadrlary) diýip onuň işgärleriniñ esasy düzümine aýdylýar:

**Kadrlar** - bu önümçiligiñ esasy we möhüm tarapy, jemgyýetiñ ilkinji önümçilik güýjidir. Olar önümçilik şerişdelerini döredýärler we olary herekete getirýärler hem - de yzygiderli kämilleşdirýärler. Işgärleriñ kwalifikasiýasyna, olaryñ hünärment taýarlylygyna, işeñirlililigine önümçiligiñ netijeligi ep - esli derejede bagly bolýar.

**Kärhnalarda senagat** - önümçilik we önümçilige degişli bolmadyk işgärleri tapawutlandyrýarlar. Senagat önümçilik işgärler toparyna önümi öndürmeklik bilen meşgullanýan işgärler degişlidirler.

Olar kärhananyñ esasy, kömekçi we goşmaça bölümleriniň, şeyle hem bu bölümlere hyzmat edýän ähli gulluklarynyñ we hojalyklaryñ we senagat önümçiliginiñ personalyna önümçilik işi bilen baglanyşykly hyzmatlary edýän işgärlerdir.

Önümçilige degişli bolmadyk toparyñ personalyna önümi öndürmek bilen gös - göni bagly bolmadyk işgärler degişlidirler. Olar ýaşaýyş - kommunal hojalygynyň jemgyýetçilik iýmitiñ, çagalar, medeniýet, sagaldyş edaralarynyñ işgärleridirler.

Ýerine ýetirýän hyzmaty boýunça senagat önümçilik personalynyñ düzüminde şeyle toparlary tapawutlandyrýarlar:

- işçiler,
- spesialistler (inzener - tehniki işgärler),
- işgärler,
- kiçi hyzmat ediji personal,
- şägirtler,
- garawul.

Personalyñ her bir topary dürli karli işgärlerden ybarat bolup, şolaryñ çäginde hem olar hünärleri boýunça bölünýärler.

**Kär** - ýerine ýetirilmesi üçin aýratyn bilimler toplumyny we tejribäni talap edýän belli bir işiň görnüşini häsiýetlendirýär.

Kärin içinde önümçiligiñ ol ýa - da beýleki pudagynyñ belli bir bölegindäki (uçastogyndaky) işiň ýerine ýetirilmeşi üçrli goşmaça bilimi we eridikler talap edýän hünärler tapawutlandyrylýarlar:

**Hünär - kämilleşigi diýlende** - önümçiligiñ aýratyn bölümleri boýunça - bilimlerin jemi we olarda dürli çylşyaymlylykdaky işleri ýerine ýetirip bilmeklk düşünilýär. Belli bir hünär boýunça önümçilik endiklerini ele almak bilen birlikde işgäriñ umumy bilim we umumy tehniki taýýarlygy hünär kämilleşiginiñ hökmany başlangyjy bolup durýar.

**Işçiler toparyna** önümi öndürmeklige gös - göni gatnaşýan we önümçilik hereketiniñ kadaly akymynyñ üpjün edýän işgärler degişlidirler. Önüm öndürýän işçiler - bu esasy işçiledirler. Esasy önümçilik hereketiniň geçmesine şert döredýän işçiler - bu kömekçi işçilerdir.

**Inzener - tehniki işgärlere** (hünärmentlere) önümçiligiñ guralmasyny we dolandyrylmasyny amala aşyrýan işgärler degişlidirler:

- kärhanalaryñ, sehleriň, gurluşlaryñ ýolbaşçylary funksional bölümleriň, toparlaryñ, dispetçer gullugynyñ işgärleri we beýleki degişlidirler.

**Gullukçylara** - hasaba alma, hasaplaşyk, konselýar we hojalyk işleriňi ýerine ýetirýän işgärler degişli (hasapçylar, Maliýe işgärleri, kadri ar hasabat bölüminiñ işgärleri, çyzgyçylar, çapçylar we başg.).

**Kiçi hyzmat edýän personala** - kärhananyñ howlusyny we gulluk jaýyny arassalaýan işgärler degişli.

**Şägirtlere** kärhanada önümçilik hereketiniñ dowamynda aýratyn ýa - da toparlaýyn okuw görnüşinde okadylýanlar degişli bolýarlar.

Goralma düzümi harby, wahtýor, garawul we ýangyn goragynyñ işgärlerinden ybaratdyr.

Öz aýratynlyklaryna baglylykda halk hojalygynyñ her bir pudagyna derejesi boýunça işgärlenñ öz düzümi hasiýetlidir.

Zähmetiň bölünmesi önümçigiñ taze görnüşleriniň döremesini, tehniki prosess bilen baglylykda taze kärler - olaryñ içinde bolsa taze hünärler döreýärler. Işgäleriñ aýratyn taýýarlanylmasyny talap etmeýän pes hünär kämilleşikli zähmet kärleri aýrylýar we işgärleriñ tejribesine (derejesine)

has ýokary talaplar edilýän taze kärler we hünärler döreýärler. Ykdysadyýetiñ bazar gatnaşygya geçmegi işgärleriñ profes - sional (kär) düzümine ep - esli derejede tasir edýär.
Menedzer, broker, diler, konsating gullugynyñ, auditiñ işgäri ýaly kärer peýda boldular.

## 8.2 Ilat we maşgala ýagdaýy.

Zähmet resurslary ilatyñ esasy bölegini tutýar. Emma ilat diýen düşünje zähmet resurslaryndan sany we düzümi boýunça tapawutlanýar. Ilat ýurtda ýaşaýan, ýaşyna garamazdan, işe ukyply we ukypsyz adamlaryñ hemmesini öz içine alýar.

Ilatyñ sanynyñ ýyllar boýunça ösüşi, müñ adam 1.

| **Ýyllar** | **2000** | **2005** | **2009** |
|---|---|---|---|
| Ilatyñ sany | 4933,7 | 5323,2 | 5402,2 |
| Şäher ilaty | 2139,3 | 2246,2 | 2269,6 |
| Oba ilaty | 2794,4 | 3077,0 | 3132,6 |

2009 – njy ýyl boýunça Türkmenistanyñ we onuñ sebitleriniñ hemişelik ilatynyñ sany we jynsy boýunça bölünşi, müñ adam 2.

| | **Ilatyñ sany** | **Erkekler** | **Aýallar** |
|---|---|---|---|
| Türkmenistan | 5402,2 | 2693,2 | 2709,0 |
| Aşgabat şäheri | 598,0 | 294,4 | 303,6 |
| Welaýatlar: | | | |
| Ahal | 807,2 | 404,9 | 402,3 |
| Balkan | 421,4 | 210,2 | 211,2 |
| Daşoguz | 1171,3 | 582,6 | 588,7 |
| Lebap | 1133,9 | 565,8 | 568,1 |
| Mary | 1270,4 | 635,3 | 635,1 |

1-2. Türkmenistanyñ Milli hasabat we statistika institutynyñ maglumaty.

Türkmenistanyñ ilatynyñ ýaş toparlary boýunça düzümi, %

| **Ýyllar** | **2000** | **2005** | **2009** |
|---|---|---|---|
| Zähmete ukyply ýaşdan aşakdakylar | 40,5 | 36,5 | 35,6 |
| Zähmete ukyply ýaşdakylar | 53,5 | 57,7 | 58,7 |
| Zähmete ukyply ýaşdan ýokarlar | 6,0 | 5,8 | 5,7 |

Ýokardaky tablisalardan görnüşi ýaly ilatyñ uly bölegini zähmete ukyply we ondan aşaky ýaşdakylar tutýar. Ondan başga-da erkek we aýal adamlaryñ tutýan paýy takmynan 1:1 gatnaşygy ýalydyr. Bu ýagdaý dünýäniñ köp ýurtlary üçin häsiýetlidir.

Türkmenistanyñ ilatynyñ maşgala ýagdaýy barada aýdanyñda bolsa, ilki bilen aşakdaky tablisa seredip geçeliñ:

Nikalaşmalar we nika bozulmalary.

| **Ähli ilat ýyl** | **Nikalaşmalaryñ %** | **Nika bozmalar %** |
|---|---|---|
| 2000 | 5,9 | 1,1 |
| 2005 | 6,7 | 0,9 |
| 2009 | 6,9 | 1,0 |
| **Şäher ilaty** | | |
| 2000 | 5,9 | 2,4 |
| 2005 | 6,5 | 1,9 |
| 2009 | 6,9 | 2,0 |
| **Oba ilaty** | | |
| 2000 | 6,0 | 0,1 |
| 2005 | 6,8 | 0,2 |
| 2009 | 6,9 | 0,2 |

Türkmenistanda ilkinji gezek nikalaşmagyñ ortaça ýaşy 22,4 ýaşdyr. Bu bolsa, amatlydyr.

## 8.3.Türkmenistanyñ ilatynyñ bilim derejesi.

Türkmenistanda bilim ugry düýpli üýtgedilip gurulmak basgançagyndadyr. Döwletiñ "Bilim" syýasatynyñ esasy ugurlary: ilatyñ bilim ulgamyny seçip almakda giñden elýeterligini we erkinligini üpjün etmäge, bilim babatda döwlet gurluşyny ösdürmäge hem-de döwlete dahylsyz gurluşlarynyñ ösüşini höweslendirmäge gönükdirmekden ybaratdyr.

Türkmenistanda ulanylýan kanunalaýyklykda bilimiñ ähli basgançaklarynda döwlet ölçeginiñ çäklerinde ýurduñ emläk ýagdaýyna garamazdan mugt bilim kepillendirilýär.

Ýurduñ ýokary okuw jaýlarynyñ okuw meýilnamalaryna gaýtadan garaldy we şolara laýyklykda giñ ugurly hünärmentleri taýýarlamak amala aşyrylýar.
Türkmenistanyñ Kanunyna laýyklykda, mekdebe çenli bilim – mekdebe çenli çagalar edaralarynda berilýär.
Mekdebe çenli edaralaryñ hakykatda çagalara elýeterliginiñ seljerilmesi, esasan olaryñ öýe golaý ýerleşendigini görkezdi.
Meselem: "Zähmetiñ ykdysadyýeti we bazary" 2001ý. awtory I. B. Bakyýew soralyşylyp görlen ene – atalaryñ 31,9% öýden mekdebe çenli 250 – 500m, 30,8% bolsa 500m-den 1km çenli çagalar edaralarynyñ uzakda ýerleşýändigini bellediler.
Mekdebe çenli çagalar edaralary maliýeleşdirmek esasan býujetiñ hasabyna ýagny 90% amala aşyrylýar we galan 10%-ni ene – atalar töleýär.
Türkmenistanda iş bilen meşgullanýan ilatyñ bilim derejesi boýunça bölünşi, % Türkmenistanyñ Milli hasabat we statistika institutynyñ maglumaty.

| **Ýyllar** | **%** | **Ýokary, tamamlan-madyk ýokary** | **Orta hünär-menlik** | **hünär-menlik** | **Orta** | **Doly däl orta** |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 2000 | 100 | 20,8 | 15,1 | 13,4 | 44,2 | 6,5 |
| 2005 | 100 | 23,3 | 19,5 | 9,5 | 43,5 | 4,2 |
| 2009 | 100 | 9,8 | 11,3 | 12,0 | 60,1 | 6,8 |

Bilimiñ ýokary derejesi şäher ilatynyñ arasynda-da, oba ilatynyñ arasynda hem bar. Paýtagtyñ ilaty, islendik beýleki ýurtlaryñky ýaly, tutuşlygyna alanyñda aýal – gyzlar bilimiñ has ýokary derejesine eýedir. Mary we Ahal welaýatlary doly däl orta we orta bilimli ilatyñ has ýokary göterimine eýedir. Lebap welaýatynda ýörite orta we ýokary bilimi bolan ilatyñ göterimi ähli ýaş toparlary boýunça tutuş ýurt boýunça alanyñdakydan ýokarydyr.
Ykdysadyýetde işleýän erkek adamlaryñ 18%-e golaýynyñ ýokary bilimi bar, aýallaryñ 21% gowragynyñ ýokary bilimi bar.

## 8.4. Iş bilen meşgullyk, olaryñ regional we pudaklaýyn aýratynlyklary.

Ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýan ilatyñ sanyna eýeçiligiñ hemme görnüşlerine degişli kärhanalarda, edaralarda we guramalarda işleýänler degişlidir.

Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçilmegi bilen ujypsyzja aýlyk haky, pes zähmet öndürjiligi, önümçiligiñ hiline däl-de sanyna kowalaşylmagy, zähmet resurslarynyñ ösmegi bilen täze iş ýerlerini açmagyñ deñ gelmezligi geçmişe öwürýär. Eýeçiligiñ dürli görnüşlerindäki kärhanalaryñ köpelmegi bilen iş ýerleriniñ sany hem artýar.

Türkmenistanyñ zähmet resurslarynyñ regional aýratynlyklary şulardan ybaratdyr:

1. Zähmet resurslarynyñ köp bölegi welaýatlarda ýerleşendir. Zähmet resurslarynyñ ösüşi hemme regionlarda birmeñzeş depginde gidýär.

2. Regionlar boýunça hem zähmet resurslarynyñ jyns we ýaş aýratynlyklary halk hojalygyny işçi güýçleri bilen üpjün etmekde položitel netijäni berýär.

3. Balkan welaýatynyñ zähmet resurslarynyñ düzüminde esasan şäher ýeriniñ zähmet resurslary agdyklyk edýär.

Iş bilen meşgul ilatyñ ýaş toparlary boýunça bölünşi, % Türkmenistanyñ Milli hasabat we statistika institutynyñ maglumatlary.

| Ýyl | Hemmesi | 16 ýaşa çenli | 16-24 | 25-29 | 30-49 | 50-56 | 57-61 | 62 we ulular | Zähmet resurlaryñ ortaça ýaşy, ýaş |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 2000 | 100 | 0,3 | 12,7 | 17,9 | 53,0 | 10,2 | 4,2 | 1,7 | 37,6 |
| 2005 | 100 | 0,1 | 12,1 | 17,1 | 53,5 | 11,8 | 4,1 | 1,3 | 38,0 |
| 2009 | 100 | 0,1 | 12,0 | 16,3 | 54,0 | 12,3 | 4,1 | 1,2 | 38,3 |

Zähmet resurslarynyñ pudaklaýyn aýratynlyklary esasan şulardan ybaratdyr:

1. Zähmet resurslary esasan material önümçilik bilen meşgul.
2. Zähmet resurslary esasan oba hojalygynda iş bilen meşgul.
3. Ýuwaş – ýuwaşdan zähmet resurslary senagat we senagatyñ gaýtadan işleýän pudagynda iş bilen meşgullygy artýar.
4. Zähmet resurslarynyñ bilelikdäki kärhanalarda iş bilen meşgullygy artýar.
5. Eýeçiligiñ dürli formalarynyñ ösmegi hem-de erkin ykdysady zonalaryñ ösmegi we köpelmegi zähmet resurslarynyñ pudaklaýyn iş bilen meşgullygyny has-da oñatlaşdyrý.

Iş bilen meşgullanýan ilatyñ sanynyñ ykdysadyýetiñ pudaklary boýunça bölünşi, % Türkmenistanyñ Milli hasabat we statistika institutynyñ maglumatlary.

| Ýyllar | 2000 | 2005 | 2009 |
|---|---|---|---|
| Ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýanlaryñ hemmesi | 100 | 100 | 100 |
| Senagat | 13,0 | 14,5 | 14,7 |
| Oba hojalygy | 47,6 | 48,8 | 48,5 |
| Gurluşyk | 5,8 | 5,8 | 5,8 |
| Ulag we aragatnaşyk | 5,1 | 5,1 | 5,3 |
| Söwda, ilat üçin tagamlary taýýarlaýan kärhanalar, üpjün ediş we ýerleşdiriş. | 7,3 | 6,4 | 6,6 |
| Ýaşaýyş jaý – komunal hojalygy we ilata durmuş hyzmatlarynyñ önümçilige degişli bolmadyk görnüşleri | 2,5 | 3,0 | 3,1 |
| Saglygy goraýyş, bedenterbiýe we durmuş üpjünçiligi | 4,8 | 3,9 | 3,9 |
| Bilim, medeniýet we sungat | 9,8 | 8,5 | 8,2 |
| Ylym we ylmy hyzmat | 0,2 | 0,2 | 0,2 |
| Dolandyryş edaralary | 2,0 | 2,4 | 2,3 |
| Beýleki pudaklar | 1,9 | 1,4 | 1,4 |

## 8.5. Zähmet öndürjiligi.

**Zähmet** - bu talyby kanagatlandyrmak üçin zerur bolan maddy we ruhy eşretleri döretmek boýunça adamyyñ maksadalaýyk hereketleridir (işleridir). Zähmet öndürijiligi - maddy eşretleri öndürme hereketinde onuň peýdalylygynyñ, netijeliliginiñ görkezijisidir.

Zähmet öndürijiliginiñ guşarnyksyz ösüşi önümçiligiñ netijeliliginiñ wajyp görkezijisi, milli girdejidiniñ ýokarlanmasynyñ önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ peselmesiniñ, önümçiligiñ girdejililiginiñ ýokarlanmasynyñ esasy bolup durýar.

## Indiwidual (hususy) zähmet öndürijiligini tapawutlandyrýarlar.

**Hususy zähmet** öndürijrliginde janly, anyk zähmetiň netijeligi düşünülýär. Ol wagt birüginde (sag., gibi, aý, ýyl) bir işleýäne düşüp öndürilýän önüm bilen ýa - da önüm birügi kesgitleýär. Yöne diri zähetiñ çykdaýjylary bilen entek jemgiýet zähmetiniñ öndürijilik derejesi kesgitlenilýär. islendik önüm döretmeklige diňe işgärleriñ diri zähmeti däl - de (nebitçileriñ zähmeti, mysal üçin eger nebiti gazyp alma barda günüñ gitse), öz nobatynda öndürme hereketine gatnaşýan adamlaryň zähmetiniñ önümi bolýan önümçilik serişdeleri hem: enjamlar, çig mal, maddy - energetik resurslary we ş.m. hasaplanylýar.

**Jemgyýetçilik zähmetiniñ** öndürijiligi önüm birliginiñ öndürilmegine sarp edilýän zähmet görnüşleri bilen, ýagny anyk önümi döretmäge gatnaşýan işgärleriñ diri zähmeti we zähmet serişdelerini we gurallaryny öndürmeklige harçlanylan ozalky zähmeti bilen ölçenilýär.

Jemgyýetçilik zähmetiñ öndürjiliginiñ ösüşi ähli jemgyýetçilik formasiýalary üçin zerur şeyle baglylyk bilen añladylýar:

$$\text{ПТР.ОБ.} = Q(T_1 + T_2)$$

Şu ýerde,

**Q** - öndürilen önümiñ (zähmetinin) göwrümi;

**$T_1$, we $T_2$,** - zada geçirilen (ozalky) harçlanmalar we diri zähmet.

Anyk pudagyñ (kärhananyñ) şertlerinde meýilnamalaşdyrma, hasaba alma we derňeme maksady bilen diri zähmetiň öndürljiliginiñ görkezijisinden peýdalanylýarlar.

Yokarda aýdylyşy ýaly zähmet öndürijiligi işgärleriñ wagt birliginde öndüren önümiñ (işiň) möçberi bilen ölçenilýär.

Diri zähmetiñ öndürijiliginiñ görkezijisi şeyle baglylyk bilen kesgitlenilýar.

$$\Pi_T = \Sigma Q / U$$

Şu ýerde,

**ΣQ** - kesgitli wagtda öndürilen önümiñ (işiň) umumy sany;

**U** - şol ýa - da beýleki wagt dowamyndaky işgärleriñ orta sanaw sany.

Zähmet öndürijiligi ölçenilýan döwre baglylykda **öndürijiligiñ şeyle görnüşlerini tapawutlandyrýarlar**.

- Arassa iş wagtynda işgäriñ zähmetiniñ öndürijiligini häsiýetlendirýän zähmetiň sagatlaýyn (sagat boýunça) öndürijiligini.
- Arassa iş wagty we smenalardaky işsiz durma wagty boýunça hasaplanylýan gündäki öndürijiligini.
- Berlen wagt boýunça diňe işgäriñ öndürljiligine däl - de, zähmetiň guralmasyny, höweslendirme şertlerini we kärhananyñ önümçilik - hojalyk işiniň beýleki ugurlaryny häsiýetlendirýän aýdaky we ýyldaky öndürijiligini.

Ölçeg ululygyna baglylykda zähmet öndürijiliginiñ şeyle görnüşleri tapawutlandyrýarlar:

**1.Natural (şertli natural)** - öndürilen önüm (iş) hakyky añlatmasynda ölçenilýär. Bu has ýönekeý we takyk görkezijidir. yöne onuň ulanmasyny çäkli bolýar. Ol dine birmeñzeş önümiñ öndürilmesinde zähmet öndürijiligini hasaplamada peýdalanylyp bilner. (tonna, metr, kub.metr, sm, $m^2$ we ş.m. )

$$\Pi_T = \Sigma Q / U$$

Şu ýerde,

**ΣQ** - kesgitli wagtda hakyky añlatmadaky önümiñ umumy sany (m,t,$m^3$);

**U** - işgärleriñ orta sanaw sany.

**2.**Kärhanalarda esasy hereket bilen bir hatarda kömekçi we hyzmat ediş häsiýetindäki işleriň geçirilmesi zerarly pul görnüşinde ulanylýan ekwiwalentiñ kömegi bilen işiň ähli göwrümini bahalandyrmak zerurlygy yüze çykýar.

Önümiñ umumy göwrümini boýunça hasaplanylýan zähmet öndürijiliginiñ görkezijisi - bu aşakdaky baglylyk bilen zähmet öndürijiliginiñ **nyrh bilen baglynyşykly görkezijisidir.**

$$П_Т = ΣQЦ / U = ВП / U$$

Şu ýerde,

**Ц** - önüm (iş) binlginiñ nyrhy, man.

**ВП** - jemi önüm.

**3.** Önümiñ birliginde adam sagatda köp zähmet öndürijiliginiñ **zähmet görkezijisi** zähmet çykdaýjylarynyñ netijeligi barada anyk düşünje berýär.

Nyrhda aňladylyp alnan öndürilen önümiñ işgärleriñ orta sanaw sanyna (H) bölüm bilen zähmet öndürijiligi kesgitlenýän nyrh bilen baglanyşykly usul has ýaýrady:

$$П_Т = ΣQЦ / Ч = ТП / Ч$$

Şu ýerde **H** - aýratyn nebit önüminiñ nyrhy;

**TTI** - haryt önümi.

Zähmet öndürijiliginiň derejesi we hereketi barada has takyk düşünjäni önümiñ birligiñe Öndürmeklige harçlanýan zähmet bilen häsiýetlendirýän zähmet usuly berýär.

$$П_Т = T/Q$$

Haryt önüminiñ köp zähmet talap edijiligini hasaplanýarlar. haryt önüminiñ köp zähmet talap edijiligi berlen önümi emele getirýän komponentleriñ (emele getirijileriñ) zähmeti talap edijiligini ortaça ölçenilen ululygy ýaly edilip hasaplanylýar.

Köp zähmeti talap edijiligi hasaplama üçin ykdysady - maBaptik modellerden (matriki usulyndan) peýdalanyp bolar. Bu ýagdaýda zähmet öndürijiligi şeyle kesgitlenilyär.

$$П_Т = \Sigma Q_i t_n^0 / SQ_i t_n^1$$

Şu ýerde,

**Q** - berlen döwürde öndürilen önümiñ sany

**$t_n^{\circ}$ we $t_n^{'}$** - deñeşdirýän döwürlerde önümiñ aýratyn görnüşiniñ köp zähmet talap edijiligi.

**Zähmet öndürijiliginiñ ýokarlandyrylmasynyñ ýollary**

**1.**Önümçiligiñ tehmlki derejesiniñ ýokarlandyrylmasyny, skwazynalaryñ önümleriniñ doly peýdalanylmasyny. önümçiligiñ, zähmetiň, dolandyrylmanyñ guralmasyny gowulandyrmak. Işgärleriñ kämilleşigini, olaryñ işjeñligini ýokarlandyrmak.

**2.** Iş wagtyny peýdaly ulanmak, guramaçylyk - tehniki sebäpler bilen şertlenen smenalaryñ içindäki işsiz durmaklygy aýyrmak, işgärleri oýlanyşykly ulanmak, müdiriýet - dolandyryjy işgärleriñ sanyny kemeltmek, maddy taýdan işgärleri höweslendirmek.

**3.** Önümçilik möçberini, önümçilik öndürmäni her taraplaýyn ýokarlandyrmak.

## 8.6 Zähmet resurslary we zähmet hakyny meýilleşdirmek.

Halk hojalygynyň bazar gatnaşyklaryna geçýän şertlerinde kärhanalaryň işgärlerini meýilleşdirmegiň esasy wezipesi önümçilik buýurmalaryny ýerine ýetirmeklige zerur boljak işgärleriňiň iň minimal sanyny kesgitlemekdir.

Kärhanalar göz öňünde tutulýan döwür üçin görkezijilerini tassyk edenlerinde işçileriň takyk takyk sany kesgitlenilmeýär. Ýöne kärhananyň hukuklarynyň giňelmegi bilen, öz - özüňi maliýeleşdirmeklige geçilmegi bilen kärhananyň içindäki işgärleriň sanyny çaklamagyň ähmiýeti ýokarlanýar.

Eger – de öňler işçileriň we gullukçylaryň sany ýokary organlar tarapyndan bellenilýän bolsa, häzir kärhanalaryň özleri önümçilik tabşyryklaryny ýerine ýetirmek üçin iň minimal işçileriň we gullukçylaryň sanyny kesgitleýärler.

Netije-de bolsa, kärhananyň kollektiwinde material taýdan gyzyklanma emele gelýär. Ýagny kärhana az zähmet resurslaryny özünde saklajak bolýar.

Kärhananyň işgärlerini meýilleşdirmek iş wagtynyň balansyny kesgitlemekden başlanýar.Iş wagtynyň balansyny kesgitlemegiň maksady bir işçi üçin ýylyň dowamynda mümkin bolan iş wagtynyň fonduny anyklamakdyr. Bu ýerde aşakdakylar hasaba alynýar:

**1.** Bir işçiniň ortaça iş gününiň dowamlylygy.
**2.** Göz öňünde tutulan işe çykylmajak günler.
**3.** Smenanyň içindäki arakesmeler

Iş wagtynyň fondy hasaplanylanda hökmany suratda kalendar we nominal fondlar hasaplanylýar.

**Iş wagtynyň kalendar fondy-** munuň özi göz öňünde tutulýan kalendar günleriň sanydyr.Ýagny kwartalda **90,91,92,** ýylyň dowamynda **365 gün.**

**Iş wagtynyň nominal fondy-** bu kalendar fondundan dynç alyş we baýramçylyk günleri aýrylyp hasaplanylýar. Şeýle hem nobatdaky zähmet rugsatyny aýyrlyp hasaplanylýar.
Nominal iş wagtyndan ýarawsyzlyk boýunça, administrsiýanyň rugsat bermegi boýunça şeýle hem döwlet jemgiýetçilik borçlaryny ýerine ýetirenligi üçin işe çykylmadyk günler aýyrlandan soňra, mümkin bolan nominal fond emele gelýär.
Işçileriň zähmetine bolan höwesini artdyrmakda esasy orny oňa hak tölenşi tutýar. Zähmete tölenýän hak zähmetkeşleriň maddy hal-ýagdaýlaryny ýokarlandyrmagyň esasy çeşmesidir. Zähmet haky döwlet kärhanalarda işleýän işçilere we gullukçylara milli girdejiniň sarp ediş fondundan pul görnüşinde düşýän paýydyr.
**Zähmet hakyny guramagyň esasy prinsipi** – deň zähmete deň zähmet haky tölemekdir.

Kärhana işgärleriniñ zähmetine hak töleme - aýlyk (iş haky) görnüşinde amala aşyrylýar.

**Aýlyk** - bu önümçiligiñ wajyp sebabi we öndürilýän gymmatlygyñ çeşmesi bolýan zähmetiň nyrhydyr,Ol adamlaryñ köpüsiniñ maddy tarapyndan esas bolup çykyş edýär. Adamyñ özi haryt bolmasa - da, ol öz güýjini iş hakyna satmaklyga mejbur bolýar.
Iş hakyñ derejesi köp ýagdaýlara, şol sanda zähmetiñ aýratynlygyna, hiline we möçberine, işgäriñ kämillegine, işiñ özüne çekijiligine ýa - da özüne çekmezligine (gyzyklandyrylmazlygyna), tebigi şertleri, tehnologiýa we ş. meñzeşlere bagly bolýar. Onsoñam, zähmet bazaryndaky bäşdeşige (konkurensiýa) hem baglydyr.
Nominal (bellenilen) we hakyky iş haklaryny tapawutlandyrylýarlar. Nominal (bellenilen) - bu satyn alma ukyplygy üýtgeýän pul satyn alnyp bilinjek harydyr we hyzmatyñ zerur bolan sanyny kesgitleýär.
Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde işgärleriñ zähmetine hak tölenmesi reglamentirlenýän şeyle sistemalardan (gurluşlardan) peýdalanýar: **tarif, tarifsiz, kontrakt (şertnama).**

**Tarif sistemasy** (gurluşy) kärhanalarda zähmet töleginiñ guralmasynyñ, dolandyrylmasynyñ we meýilnamalaşdyrylmasynyñ esasy bolup durýar. Ol norma görkezijileriñ jemi bolup çykyş edýär. Bu normatiwleriñ kömegi bilen önümçiligiñ görnüşlerine, işgärleriñ dürli toparlarynyñ dereje görnüşlerine, zähmetiñ hasiýetine we şertlerine baglylykda işgärleriñ we gullukçylaryñ iş hakynyñ tölenmesi yola goýulýar.

Ykdysadyýetiñ bazar gatnaşygyna geçmezinden ozal bu gurluş halk hojalyk ähmiýetine baglylykda pudaklar we yurdun etraplary boýunça zähmet hakykynyñ döwlet tarapyndan yola goýulmasy üçin niýetlenendi.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde tarif sistemasynyñ orny ep - esli derejede üýtgeýär. Taze ykdysady şertlerlnde tarif gurluşy saklanylýar, emma onuň ähli bölekler1 (elementleri) birmeñzeş ähmiýete eýe bolmaýarlar:

- bir bölegi hökmany hasiýetini saklady,
- beýlekileri bolsa maslahat berilýänlere degişli boldular.

Yöne bu gurluşyñ ähli bölekleriniñ (elementleriñ) ähmiýetleri saklanylýar hem---de bu gurluş kärhanalarda zähmet töleginiñ sazlanylmasynyñ wajyp şerti bolup galýar. Tarif gurluşy şeyle böleklerden ybarat bolýar:

**tarif kwalifikasion ýygyndy(sprawoçnik), tarif setkasyndan. tarif hakyndan we tarif koeffisiýentinden**.

**Tarif kwalifikasion ýygyndy(sprawoçnik)-** bu işleri tarifleme we işgärlere dereje berme üçin normany (bolmaly möçberi) görkezýän dokument.

**Tarif haky** - wagt birligine (sag, güne) her bir dereje toparynyñ işgärlerine zähmet hakynyñ çägini häsiýetlendirýär.

**Tarif setkasy** - bu derejeleriñ (kämilleşigiñ) yzygiderliligini hem - de koeffisiýentleriñ kömegi bilen ikinji, üçinji we soñky razrýadlaryñ (toparlaryñ) tarif hakynyñ möçberleriniñ birinji razrýadyñ tarif hakyna bolan gatnaşygyny kesgitleýän ululyklaryñ hatary (şkalasy). Şeýlelikde, işçinin

kwalifikasiýasyny (kämilliligini) häsiýetlendirýän razrýadlar - bu tarif setkasynyñ esasy bolup durýar.
Birinji razrýadlaryñ tarif haky ikinji we soñky raziýadlaryñ işçileriniň zähmet hakynyñ kesgitlenilmesi üçin başlangyç (deslapky) derejesi bolup çykyş edýär.

## 8.7 Zähmete hak tölemek.

Ykdysadyýetiñ bazar gatnaşygyna geçilmezinden öñ bu hak döwiet tarapyndan bellenilýärdi. indi bolsa kärhanada işlenip düzülýär.
Eýeçiligiň hemme görnüşlerindäki kärhanalarda zähmete hak tölemeklik zähmete görä paýlamaklyk ykdysady kanuny esasynda amala aşyrylýar. Umumylykda zähmet hakynyň formasyny aşakdaky ýaly gärkezmek bolar:




**Esasy zähmet haky** zähmet harajatlaryna norma esasynda kesgitlenen zähmete hak tölemekligi özünde jemleýär, kepillendirilýär we wagtly-wagtynda tölenip durulýar.
Zähmet hakynyň **goşmaça formasy** bolsa, oňat ýerine ýetirlen işler üçin höweslendirmeleri we sylaglary özünde jemleýär.

**Wagt hasabyndan tölenilende** iş haky işgäriñ kämilleşme derejesi we işlenilen wagty bilen kesgitlenilýär we ýerine yetirilyän işiň gowrümine bagly bolmaýar. Ol işgärler tarapyndan ýerine ýetirilyän işiň göwrümini takyk kesgitläp we bahalandyryp bolmaýan wagtynda önümçiligiñ awtomatlaşdyrylmasynda we potratlaýyn hak tölemäniñ hiliñ peselmesine alyp barayjak ýagdaýynda ulanylýar. Gös - göni wagt hasabyndan tölenilýan däl - de mukdar we hil taýdan üstünlikler üçin (maddy-energetik resurslaryñ tygşytlanmasy, heläkçiliksizlik we beýlekiler üçin) göni iş hakyna goşmaça sylag pullary berilyän döwürleýin-sylag tölegleri has ýaýrandyr.

Zähmete hak tölemegiň bu formasynyň **esasy ulanylýan ýerleri** - halk hojalygynyň material bolmadyk pudaklary, ýagny magaryf, saglygy saklaýyşyň, medeniýetiň, ýaşaýyş jaý we kamunal hojalygynyň dürli hyzmatlar sistemasynyň, maliýe-kredit we bank sistemasynyň, sport we turizm sistemasynyň, dolandyryş apparatynyň we ş.m. kärhanalary.

Wagyt hasabynda zähmet haky tölemegiň iki görnüşi bolýar:

***1.*** Zähmete göni wagyt hasabynda hak tölemek.

***2.*** Zähmete wagytlaýyn-baýrakly hak tölemek.

Wagytlaýyn göni zähmete hak tölenilende işlenen sagat sany her bir sagada bolan bahalandyrylmalara köpeldip hasaplanylýar.

Ýagny:

$$ZH_w=T*P$$

Bu ýerde:

**ZH$_w$**-wagtlaýyn zähmet haky;

**T**-işlenen sagat sany;

**P**-her bir sagada goýulýan bahalandyrmalar;

Wagtlaýyn zähmet hak tölemekde iş wagty çäklendirilmedik kategoriýalardaky ýolbaşçylar we hünärmenler üçin aýlyk oklatlar hem ulanylýar.

**Potratlayyn töleg görnüşinde zähmete hak** öndürilen önümiñ sanyna baglylykda, aýlyk bolsa potrat nyrhlarynyñ

ýerine ýetirilen işleriniň möçberine ýa - da öndürilen önümiň möçberine köpeldilmesi bilen kesgitlenilýär. Bu görnüş has ýaýbaňlanýan maddy taýdan gyzyklanmany şöhlelendirýär.




**Göni potratlaýyn** zähmet haky esasan önüm öndürýän kärhanalarda ulanylýar hem-de 1sagatda, 1 günde, 1hepde-de ýa-da 1 aýda öndürilýän önümiň göwrümi bahalandyrma köpeldilip hasaplanýar.Göni potrat sistemasy esasan esasy işçilere zähmet haky tölemek üçin ulanylýar.
**Potratlaýyn baýrak** sistema hem köp derejede material önümçilige degişli bolup, esasy we kömekçi işçilere ýokary hilli önüm öndürenlikleri üçin şeýle hem normadan ärtyk önüm öndürenlikleri üçin ulanylýar.
**Tölegiň potrat – progressiw** görnüşi hem ýaýran bolup, onda potrat - sylag görnüşinden tapawutlykda bolmaly möçberinden (normadan) artyk öndürilen önüm ýokary (progressiw) nyrhlar boýunça tölenilýär.
Potrat tölegleriň ähli garalyp geçilen görnüşleri ýekebara (indiwidual) we toparlaýyn (brigada boýunça) bolup bilýärler. Aýratyn işçi normirlenip we hasaba alnyp bolýan işleriň görnüşleri bilen üpjün edilen wagty ýekebara (ind - al) potrat tölegi ulanylyp bilner. Toparlaýyn (brigadalaýyn) potrat

tölegi bolsa zähmetiň guralmasynyñ toparlaýyn gömüpleri bar bolan ýerlerinde ulanylyp bilner.

**Goşmaça - potrat** görnüşlerinden kömekçi işçilerin zähmetine hak tölemek üçin (sazlaýjylara, düzüjilere we ş.m.) peýdalanylýar. Tölegiñ bu görnüşinde işçinin gazanjy onuň hyzmat edýän esasy potradyna işleyän işçileriň zähmetiniň netijelerine gös - göni bagly bolýar.

**Brigadanyň akkort gazanjy** ulaldylan nyrhlar ýa-da bütin işler toplumyna bolan kalkulýasiýa boýunça kesgitlenilýär. Bu sistemada zähmet haky işleriň aýratyn alnan görnüşlerinetölenmän, eýsem hemme işlere lomaýlygyna (tutu’lygyna) tölenýär.

Tölegiñ bu görnüşi gysga möhletlerde edilmeli awariýa işleri, şeyle hem has möhüm we howlukmaç işler ýerine ýetirilende ulanylýar.

Hojalyk hasaplaşygy usuly boýunça işleýän brigadalaryñ ýaýramagy toparlaýyn zähmetiñ netijelerine aýratyn goşan goşandyna baglylykda brigadanyñ her bir işçisiniň zähmet gazanjyny höweslendirmekligiñ zerurlygyny şertlendirdi. Zähmete gatnaşma koeffisiýenti (ýa - da zähmete goşant koeffisiýenti) bu hili goşandyñ ölçeýjisi (ZGK) bolup çykyş edýär.

**ZGK** - bu zähmetiň öndürijiligene we işiň hiline, önümçilik we sosial işeññirliligine baglylykda brigada agzalarynyñ her biriniň zähmet goşandynyñ umumy bahalandyrylmasydyr.

**ZGK** - brigada maslahatynda geçen aý boýunça her bir işçä şeyle formula boýunça kesgitlenilýär.

$$ZGK=Б+(КП-КО)$$

Şu ýerde
**Б** - ZGK - niñ ortaça esas añlatmasyny;
**КП** - onuň ballarynyñ jemi;
**КО** - ters (optisatel) ballaryñ jemi.

Kärhananyñ müdiriýet - dolandyryjy apparatynyñ işgärleriniñ hünärmenleriñ (inzener - tehniki işgärleriniñ) we gullukçylaryñ zähmeti ýerine ýetirilýän işiň göwrümine we ähmiýetligene baglylykda hem - de işgärleriñ kamilliligine baglylykda wezipe haklary esasynda ýa - da zähmete hak tölemäniñ şertnama görnüşi esasynda wagt hasabynda tölenilýär.

Bazar gatnaşyklarynyñ emele gelme şertlerinde işgärleriñ bu derejesiniñ ştat derejesi kärhananyñ özünde işlenip düzülýär.

**Zähmete hak tölemäniñ tarifsiz sistemasy (görnüşi)**

Bu sistemanyñ düýp esasy her bir işgäriñ gazanjy zähmete hak töleme fondunda onuň paýy (ZhF) bilen kesgitlenilýär we ballarda işgäriniñ kämilleşik derejesine. zähmete gatnaşyk koeffisiýentine (ZGK), işlenilen wagta we bir ballyñ "nyrhyna" (tölegine) bagly bolandan ybaratdyr. Ballarda kämilleşik derejesi ozalky döwür üçin işgariniň hakyky gazanjynyñ kärhanada emele gelen iñ pes zähmet hakyna bölünmeginden emele gelen bölünme netijesi ýaly kesgitlenilýär.

## Hakyna tutmanyñ şertnama görnüşi we işgärleriñ zähmet haky

Yolbaşçylary we hünärmentleri şertrlama boýunça hakyna tutma gurluşynyñ (sistemasynyñ) ulanylmasy bazar ykdysadyýetiniñ aýrylmaz bölegi (elementi) bolup durýar.

**Zähmet şertnamasy** - bu raýat - hukuk potrat şertnamasynyñ elementleri bar bolan howlukmaç şertnamanyñ aýratyn gşrnüşidir. Ol zähmetiň soñky netijelerine gönükdirilýär, zähmetiň durnukly hilini, onuň netijeliliginiñ ýokarlanmasyny üpjün etmäge kömek edýär. Şol bir wagtyñ özünde şertnama

işgäriniñ aýratyn hünär ukybynyñ hasaba alynmasyna we ondan ýerlikli peýdalanmaklyga şert döredýär, şeyle hem önümçiligiñ ähmiýetliliginiñ hasaba alynmasyna we iki taraplaýyn jogapkärçiligiñ ýokarlanmasyna alyp barýar.

Şertnama 5 ýyla çenli baglanyşylýar. Şertnama wagtynyñ geçmegi zähmet gatnaşyklaryny hökmany besetmek üçin esas bolamaýar. Taraplaryñ ylalaşygy boýunça ol içki şertlerde dowam etdirilip ýa - da täze şertlerde baglanyşylyp bilner.

Adaty bolan zähmet ylalaşygyndan tapawutlylykda şertnama iki nusgada ýazuw görnüşinde düzülip, olaryñ biri kärhananyñ işgärler (kadrlar) bölüminde, beýlekisi bolsa işgäriñ elinde galýar. Şertnama baglanyşylandan soñ işe kabul edilme barada buýruk berilýär we zähmet kitapçasyna ýazgy edilýär.

Şertnama usulýetindäki zähmet gatnaşyklarynda zähmetiň guralmasy we oña hak tölenmesi zähmetiñ öndürijiligiñ we hiliniñ ýokarlanmasyna gönükdirilen bolýar. - Bu usul boýunça zähmete hak tölemäniñ guralmasynda iş hakynyñ **hemişelik** we **üýtgeýän** elementini göz önüne tutmak maksadalaýykdyr. Önümçiligiñ maksadyna we ähmiýetliligine, kämilleşik bölegi tölegiñ 90% - ne laýyk gelip bilner. Zähmet şertlerini we öndürijiligi üpjün edýän ýolbaşçy (direktör we ş.m.) ýaly işgärlere **üýtgeýän elementiniň** has ýokary paýyny göz önüne tutmaklyk maksadalaýykdyr.

Hak töleginiñ kesgitlenilmesiniñ başga bir görnüşi hem peýdalanylyp bilner. Ol işiň soñky netijeleriniñ bahalandyrylmasyna (girdeji koeffisiýentine) we işgäriniñ bu netijelige goşan hususy goşandyna esaslanan hususy bahalamanyñ ulanmasynda gurnalýar.

Şertnama boýunça zähmete hak tölemäniñ kesgitlenilmesiniñ üçinji bir görnüşü hem ulanylyp bilner. Onuň düýp esasy hak tölemäniñ hakyky (absolýut) ululygynda bellenilýändiginden ybaratdyr. Emma gazanjy we zähmetiň netijellgini baglaşdyrmak üçin onuň belli bir böleginiñ ýylyñ ahyrynda tölenilmegi göz önüne tutulýar.

**Mysal üçin**, her aý kesgitlenilen gazanjyñ 75% tölenilip, 25% saklanylýar we ýylyñ ahyrynda tölenilýär. Ýylyñ ahyrynda hiç hili duýduryşlar käýinçler bolmasa saklanylan pul kredit boýunça bankyñ prosentiniñ hasaba alynmasy bilen tölenilýär. Eger ýalñyşlyklar bolan bolsa, bu pul bölekleýin tölenilýär. Tölegiñ şertnama usulyýetinde şertnama boýunça göz önüne tutulmadyk, emma ýerine ýetirilen islendik iş tölenilýär.

# IX Bap

# Ýangyç energetika resurslarynyň kadalaşdyrylyşy

**9.1. Ýangyç energetika resurslarynyň normirlemeginiň aýratynlyklary.**

**9.2. Ýangyç energetika resurslarynyň tygşytlamagynyň mümkinçilikleri.**

## 9.1 Ýangyç energetika resurslarynyň normirlemeginiň aýratynlyklary

Ýangyç energetika resurslarynyň ulanylyşynyň netijeliligini hemme taraplaýuyn bahalandyrmak üçin umumylaşdyrylan udel energoharajatlar ýangynyň şertli birliginde kesgitlenýär.Ýangynyň, ýylylyk we elektrik energiýanyň harçlanylyşy normirlenende **tehnologik we umumy önümçilik** normalary tapawutlanýar.Energiýanyň tehniki tarapyndan aýyryp bolmaýän ýitgilerini hasaba almak bilen hasaplanan önimçiligiň esasy we goşmaça tehnologik prosseslerine harçlanýan şu sertişdeleriň normalaryna tehnologik normalary diýilýär.

Umumy önumçilik normasy önümçiligiň goşmaça resurslaryna (ýylylyk,wentilýasiýa we ş.m.) we önumiň öndürilişi bilen baglanyşykly ýitgileriň hasaba almagy bilen kesgitlenýär.

Harçlanyş normalaryň ölçeg birligi energiýanyň hasabynda alynýan ölçeg birligi bilen gabat gelmeli.Ýangy-şertli ýangynyň kgr-da we gr-da,ýylylyk energiýasy – gkaloriyda,müň kilokaloriýda (gkal.,müň kkal.); elektroenergiýa-kilowatt-sagatda (kwt-s) olçelýär.

Ýangyç-energetika resurslaryň harclanyşynyň normasyny önümiň fiziki birligine ya-da (dürli önümler öndürilenede ) haryt önümiň 1000 manadyna bellenilýär.

Indi bolsa energoresurslarynyň aýratyn görnüşleri boýunça harçlanyş normalary kesgitlemek üçin maslahatlary seredip geçeliň.

Elektroenergiýa. Esasy elektroenergiya sarp edýän önümçiliklere we işleriň görnüşlerine şular degişli:detallaryň mehaniki we termiki işlenilişi,göteriji-ulag enjamlaryň işlenişi,izdeliýalaryň döredilişi,ýuwulyşy we reklenilişi;suwüpjunçilik,howa çalyşmak,akkumulýator batareýalaryň zarýadkasy.

Detallaryň mehaniki taýdan işlenilişinde enjamyň 1 sagat işine elektroenergiýanyň harçlanyşynyň normasy şu formula boýunça kesgitlenýär:

M=K*N

Bu yerde K-enjamyň kuwwatlygyny ulanyş koeffisiýenti,
N-elektrodwigatelleriň orta kuwwatlygy.

Stanogyň işiniň 1 sagadyna haçlanýan elektroenergiýanyň normasyny we önümiň birligine stanogyň ulanylyşynyň normasyny ulanyp detalyň birligini taýarlamak üçin ýangyç-energetika resurlaryň harçlanyş normasyny kesgitläp bolýar.

Tebigy gaz. Aýratyn enjamlar uçin tebigy gazyň harçlanyşynyň differensirlenen normalaryny hasaplamak kyýyn mesele.Şonuň üçin, pudagyň birmenzeş kärhanalary üçin orta normalary ulanylýar.Şeýle normalar şu prosesslere kesgitlenýär: gyzgyn suwy we pary çykarmak ,detallary gyzgyn bilen işlemek we ş.m.

Par. Ýylytmak üçin paryň harçlanyşynyň normalary hasap usuly bilen kesgitlenýär,jaýlaryň ýylylyk häsiýetlerini, klimat we başga faktorlary hasaba almak bilen.

Suw. Hasap usuly bilen suwyň harçlanyşynyň normalary kompressorlary we başga enjamlary sowatmak üçin hasaplanýar.Ýöne,köplenç suwyň harçlanyşynyň normasy ekperimental usuly bilen hasaplanýar.

Nebitönümleri. Ýangynyň harçlanyşynyň normalary birmeňzeş maşynlar üçin kesgitlenýär; maşynlar üçin ýangynyň udel harçlanyşy ulanylýar. Maşynlaryn ulanyş şertleri, tehniki parametleri 5 ýyla çenli üýtgäp durmagy sebapli, şeýle normalar bäş we ondan uzak wagt üçin kesgitlenýär.Şol normalary belli şertlere getirmek üçin düzediş koeffisiýentler

ulanylýar.Yangynyň harçlanyşynyň normalaryny hasaplamak üçin hasap-analitiki,hasap-statistiki usullary ulanylýar.

## 9.2 Ýangyç-energetiki resurslaryň tygşytlamagynyň mümkinçilikleri.

Ýangynyň tygşytlamagy boýunça çäreler onuň öndürilişiniň we geçirilişiniň ekwiwalent ösüşinden 2-3 gezek arzan düşýär.
Ýangynyň tygşytlamak boýunça esasy ugurlary:
*öňdebaryjy tehnologik prosessleriň, maşynlaryň ornaşdyrylyşy;
*energoulanyş maşynlaryň modernizasiýasy;
*energiýanyň harçlanyşynyň hasaby, barlagy we tertipleşdirilişi üçin täze priborlaryň ulanylyşy we önümçiligiň giňeldilişi;
*ikilenç energoresurslaryň ulanyş derejesiniň ýokarlanmagy;
ýangy energiýanyň, ýangynyň, nebit önümleriniň çykarylyşynda, önümçliginde, geçirilişinde we saklanyşynda tygşytlamak;
*ýangynyň, energiýanyň normalarynyň kämilleşdirmegi.
Senagat şnümçilik pudaklarynda rezerwler möçberi ýökary. Elektroenergetika pudagynda elektroenergiýanyň geçirilişinde, magistral ýylylyk-geçirijilerin izolýasiýasyny gowylandyrmak. Himiki senagatynda ýangynyň harçlanylyşyny tygşytlaýaň tehnologiki prosessleriňi ornaşdyrmak.
Gurluşyk materiallary senagatynda energiýanyň tygşytlanmagy sementiň öndürilişinde “öl” usulyndan “gury” usulyna geçmegi bilen baglanyşykly.

# X Bap

# Nebit gaz pudagynda önümçilik çykdaýjylarynyň emele gelşi

**10.1.Önümiñ özüne duşýan gymmatynyñ gurluşy.**

**10.2.Nebit gaz işleriniň özüne düşyän gymmaty.**

**10.2.1.Burawlama işleriniň özüne düşýan gymmaty**
**10.2.2.Nebiti we gazy ýer ýüzine çykarmaklygyň özüne düşýän gymmaty.**

**10.3.Nebit önümleriniñ özüne düşýan gymmaty.**

**10.4.Nebiti we gazy daşama we saklama gurluşynyñ (sistemanyñ) özüne düşýän gymmaty.**

## 10.1.Önümiñ özüne duşýan gymmatynyñ gurluşy.

Önümiñ (işiň, hyzmatyñ) özüne düşýän gymmaty - önümi (işi, hyzmaty) öndürmeklik hereketinde peýdalanylýan tebigy resurslarynyñ, çig malyñ, materiallaryñ, ýangyjyñ, energiýanyñ, esasy fondlaryñ, zähmet resurslarynyñ hem - de ony öndürmeklik we ýerlemeklik üçin edilýän beýleki harçlamalaryñ gymmaty boýunça bahalandyrylmasyny öz içine alýar. Önümiñ (işiň, hyzmatyñ) özüne düşýän gymmatyna aşakdakylar degişli bolýarlar:

- önümi (işi, hyzmaty) öndürmeklik bilen gös - göni bagly bolan çykdaýjylar;
- tebigy çig malyñ peýdalynmasy bilen baglanyşykly çykdaýjylar ýerleri rekultiwasiýalaşdyrmaklyga edilýän çykdaýjylaar, suw hojalyk gurluşlaryndan senagat kärhanalary tarapyndan alynýan suw üçin tölegler we beýlekiler;
- önümçiligi taýýarlamak we özleşdirmek üçin edilýän çykdaýjylar, şol sanda gaz alma pudaklarynda taýýarlyk işleri boýunça harçlamalar, taze kärhanalary, önümçilikleri, sehleri we agregatlary özleşdirme üçin edilýän çykdaýjylar (herekete getirýän çykdaýjylar) we beýl.
- - tehnlogiýanyñ we önümçiligiñ guralmasynyñ kämilleşdirilmesi bilen baglanyşyklý şeýle hem önümiñ hiliniň ýokarlanmasy,

önümçilik hereketiniň dowamynda amala aşyrylýan peýdalanylmaklygyñ uzak wagtlylygy, berkligi we beýleki hasiýetleri bilen baglanyşykly çykdaýjylar;

* önümçilik hereketine hyzmat etmeklik üçin (önümçiligi çig mal, materiallar, ýangyç, gurallary, gurluşlar we zähmet serişdeleri, hem - de beýleki serişdeler bilen üpjün etme boýunça, esasy önümçilik fondlaryny iş ýagdaýynda saklamak boýunça - tehniki taýdan gözden geçirilmeklik we hyzmat etmeklik üçin, ýeñil we düýpli abatlaýyş işlrini geçirmek üçin, sanitar - gigiýenik, ýangyna garşy we garayynl goragynyñ talaplaryny ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin) edilýän çykdaýjylar.
* tejribe - synag işleriñi geçirmek bilen, oýlap tapmalar we täzelikçilik teklipler boýunça görnüşleri we nusgalary taýýarlamak hem - de synagdan geçirmek bilen, basdeşikleri, sergileri, gözden geçirişleri we ş.m. guramaklyk bilen baglanyşykly harçlanmalar;
* zähmetiñ we tehniki howpsuzlygyň bolmaly şertlerlni üpjün etmek boýunça harçlanmalar;
* tebigy gorama hyzmatly fondlary ekleme we peýdalanma bilen baglanyşykly gündelik harçlanmalar;
* önümçiligi dolandyrma bilen bagly bolan çykdaýjylar kärhananyñ dolandyrma bilen bagly bolan çykdaýjylar (kärhananyñ dolandyrma apparatlarynyñ we onuň gurluş bileleşikleriniň işgärlerini ekleme, olaryñ işini maddy - tehniki we ulag tarapyndan hyzmat edilme, önümçilik hereketi bilen baglanyşykly iş saparlaryna çykdaýjylar); dolandyrma tehniki serişdelerini: hasaplaýjy merkezlerini, arabaglaryny, signalizasiýa serişdeleri düzüw saklama we olara hyzmat etme, maslahat beriji, maglumat beriji we auditor hyzmatlarynyñ tölegi baglanyşykly çykdaýjylar we beýl.
* işgärleri taýýarlama we kämilleşdirme bilen baglanyşykly çykdaýjylar.
* önümçilik bilen meşgullanýan işgärleriň zähmetiniñ tölenmesine edilýän harçlanmalardan ilatyñ iş bilen meşgullylygynyñ döwlet fonduna, döwletiñ durmuşy atiýaçlandyrylmasy boýunça

tutumlar:
* hökmany medisina ätiýaçlandyrmasy boýunça tutumlar:
* sosial pudak we pudaklara býudzetden daşary fondlara kanuna laýyk geçirilýän tutumlar; önümi ýerlere bilen baglanyşykly çykdaýjylar (gaplama, saklama, daşama, ýükleme - düşurme işleri we ş.m.)
* esasy fondlaryñ gymmatyndan doly dikeldilmeklige amortizasion tutumlary görnüşinde Önümiñ (işiň.. hyzmatyñ) özüne düşýän gymmatyna goşulýan esasy fondlary gaýtadan döretmeklige edilýän çykdaýjylar;
* beýleki çykdaýjylar.

Önümiñ (işiň, hyzmatyñ) özüne düşýän gymmatyny emele getirýän çykdaýjylar özüniñ ykdysady mazmunyna laýyklykda aşakdaky elementler boýunça tapawutlandyrylýarlar:

- maddy harçlanmalary (yzyna gaýtarylmaly galyndylaryñ nyrhynyñ aýrylmasy bilen);
- zähmet hakyny tölemeklige harçlanmalar;
- sosial zerurlyklara tutumlar;
- esasy fondlaryñ amortizasiýasy;
- başga harçlanmalar;

"Maddy harçlanmalary" bölüminde aşakda sanalyp geçilýän predmetlaryñ gymmatlyklary şöhlelenýär:

* esasyny emele getirmek bilen öndürilýän önümiñ düzümine girýän ýa - da önümi öndürmeklikde (işi geçirmiklikde, hyzmaty etmeklikde) zerur komponenti bolup, gapdaldan alynýan materiallaryñ gymmaty;
* normal tehnologik hereketini üpjün etmek üçin önümi (işi, hyzmaty) öndürmek prosessinde (hereketinde) ulanylýan satyn alnan materiallaryñ gymmaty;
* kärhanada soñ montaz ediljek ýa - da goşmaça işlenjek satyn alynýan ýygyndy önümleriñ we ýarym taýýar önümiň gymmaty; -
* tebigy çig - malyñ gymmaty (mineral – çig mal esasynyñ üznüksiz önümiçiligine, ýerleri özleşdirmäge tutumlar, suw

üçin tölegler we ş.m.)

* gapdaldan alnyp tehnologik maksatlara harçlanýan ýyngyjyñ ähli görnüşleriniň, energiýanyñ ähli görnüşlerini, jaýlaryñ ýyladylmasynyñ we ş.m. gymmatlyklary;
* kärhänanyñ tehnologik, energetik, hereketlendirji we beýleki önümçilik we hojalyk zerurlyklaryna satyn alynýan energiýanyñ ähli görnüşleriniň gymmaty.

Maddy resurslaryñ gymmaty olaryñ edinmeklik nyrhlaryndan ugur alnyp emele gelýar.
"Zähmete hak löleme boýunça harajatlar" elementinde işlere we gullukçylara önümçilik üstünlükleri üçin sylaglaryñ, höweslendiriji we öwezi doldyrýan tölegleriñ hasaba alynmasy bilen kärhananyñ esasy önümçilik işgärleriñ zähmete hak töleme üçin edilýän çykdaýjylar şöhlenilýarler.
"Sosial zerurlyklara bolan tutumlar" bölüminde işgärleriñ zähmetine hak tölenmä edilýän çykdaýjylardan döwlet atiýaçlandyrma edaralaryna, Pension fonduna, Döwlet meşgullylyk fonduna we medisina ätiýaçlandyrylmasyna kanun tarapyndan kesgitlenen hökmany tutumlar şöhlelendirilýärler.
"Esasy fondlaryñ amortizasiýasy" elemetde esasy önümçilik fonduny doly dikeltmäge amortizasion tutumlaryň jemi şöhlelendirilýär.
"Beýleki harçlamalar" elementine önümiñ (işiň, hyzmatyñ) özüne düşýän gymmatynyñ düzüminde salgytlar, ýygymlar, býüdzetden daşary sosial fondlaryna tutumlar, iş saparlaryna harajatlar, işgärleriñ guramaçykly toplamaklyga harçlamalar, arabaglanyşyk hyzmatlarynyñ, hasaplaýjy merkezlerin tölegi we ş.m. harajatlar degişlidrlier.
Önümiñ (işiñ, hyzmatyñ) öndürilmesi we ýerlenilmesi bilen baglanyşykly harçlamalar özüne düşýän gymmat meýilnama esaslandyrylanda hasaba alnanda we kalkulirlenende harçlamalaryñ maddalary bilen tapawutlandyrýarlar.
Önümiñ özüne düşýän gymmatyna geçişiňe görä ähli çykdaýjylar göni we goşmaçalara bölünýärler.

Gös - göni çykdaýjylar - bu ol ýa - da beýleki görnüşindäki önümiñ özüne düşýän gymmatyna gös - göni degişli edip bolýan harçlanmalar degişlidiler - oturdyp çykylan turbalaryñ gymmaty, burawlama enjamlarmy we skwazynalaryñ amortizasiýasy we ş.m., ýa - da berlen tehnologik - gurluşlaryñ işi üçin zerur bolan çykdaýjylary - çig mala, materiallara, energetik harçlanmalary, enjamlaryñ amortizasiýasy, esasy senagat - önümçilik işgärleriň gazanjy.

Nebiti we gazy gazyp alýan senagatda harçlanmalaryñ uly bölegi gös - göni harçlanmalara degiþlidirler.

Gös - göni harçlananmalardan tapawutlylykda goşmaça harçlamalar sehiñ ýa - da kärhananyn ähli hereketi bilen baglanyşykly bolýarlar we şonuñ üçin hem berlen önümçilik üçin hasiýetli bolan belli bir şertli alamaty esasynda önümiñ ähli görnüşleri arasynda paýlanylýar.

Önümçilik hereketinde ykdysady wezipesi boýunça esasy we goşmaça harçlamalar tapawutlandyrýarlar. Esasy harçlamalar tehnologik hereketiñ amala aşyrylmasy bilen gös - göni bagly bolýarlar we önümçilik hereketinde harçlanylýan çig malyñ, materiallaryñ, ýangyjyñ we energiýanyñ harçlanmalaryny, esasy fondlaryñ amortizasiýasyny, şeyle hem önümçilik işleriniň gazanjyny öz içine alýarlar.

Goşmaça harçlamalar - bu önümçiligi dolandyrma we öña hyzmat etme boýunça edilýän çykdaýjylardyr. Olara seh, umumy iş (umumy zawod), beýleki önümçilik däl çykdaýjylary degişlidirler.

Önümçiligiñ göwrümi bilen baglanyşyklyk hasiýeti boýunça şerti - üýtgeýän we şerti hemişelik harçlamalary tapawutlandyrýarlar.

Şerti üýtgeýänler önümçilik göwrüminiñ üýtgemesine deñ bolup üýtgeýärler, emma olaryñ önüm birligine bolan derejesi üýtgemän galýar diýen ýaly. Olara çig mala, materiallara, ýangyja, energiýa edilen çykdaýjylar degişlidirler. Şehiň hemişelik çykdaýjylar tersine, önümçiligiñ göwrüminiñ üýtgemegi bilen üýtgemeýärler diýen ýaly, önümiñ birligine bolan olaryñ derejesi bolsa

üýtgeýär. Olara amortizasiýa tutumlary, sehiñ apparatlaryny saklama, umumy iş çykdaýjylary we beýleki harçlamalar degişlidirler.
Emele gelme ýeri boýunça sehleýin, önümçilik (zawod), doly we pudaklaýyn özüne düşýän gymmatlyklaryny tapawutlarldyrýarlar.
Seh boýunça özüne düşýän gymmatlyk önümi öndürmeklik ýa - da işi amala aşyrylmaklyk bilen baglänýşykly sehiñ harçlanmalaryny emele getirýär. Önümçiligiñ özüne düşýän gymmaty sehiñ harçlanmalaryndan başgada umumy önümçilik çykdaýjylaryny öz içine alýar. Doly özüne düşýän gymmatlyk önümçiligiñ özüne düşýän gymmatyny we esasan hem önümi ýetirmeklik bilen bagly bolan önümçilikden daşary edilýän çykdaýjylardan emele gelýär.
Pudak boýunça özüne düşýän gymmatlyk berlen pudagynyñ kärhanalarynyñ özbaşdak harçlanmalary nyñ ortaça hasabyny häsiýetlendirýär.
Emele gelen wagty önümçilik çykdaýjysyna geçirilmesine görä häzirki döwrüñ we geljekdäki döwürleriñ harçlanmalary tapawutland)aylýar.
Düzümi boýunça özüne düşýän gymmatlyk diýlende - çykdaýjylaryñ aýratyn elementinin ölaryñ umumy jemine bolan gatnaşygyna düşünilýär.
2. Nebit gaz işleriniň özüne düşyän gymmaty. Önümiñ we gelogik gözleg işleriň özüne düşyän gymmaty bu gözleg kärhanalaryñ işleriňi ýerine ýetirmeklik (önümi öndürmeklik) üçin gös - göni çykdaýjylaryñ pul görnüşlerinde añlatdymasydyr. Geologiýa gözleg işleriniň smeta boýunça düşýän gymmatlygy we hakyky özüne düşýän gymmatlygy tapawutlandyrylýar.
Smeta boýunça özüne düşýän gymmatlyk hereket edýän bolmaly möçberler (normalar) we nyrhlar boýunça tehniki taslamanyñ esasynda hasaplanylýar.
Meýilnama boýunça öz işine düşýän gymmatlygy smeta gymmatlygyndan meýilnama boýunça umumy jemine we

berlen döwürde geologiýa - barag işleriniň geçirilmesine çykdaýjylaryñ meýilnama boýunça peselme ululygyna kem bolýar.
Hakyky özüne düşýän gymmatlyk berlen möçberlerinndäki işleriň ýerine ýetirilmesi üçin geologiýa - gözleg kärhanasynyñ hakyky eden çykdaýjylarysyny häsiýetlendirýär.

## 10.2.Nebit gaz işleriniň özüne düşyän gymmaty.

### 10.2.1.Burawlama işleriniň özüne düşýan gymmaty

Skwazynalaryñ gurluşygynyñ ozüne düşýän gymmatynyñ emele gelmesi burawlamanyñ bütin işleriniň toplumyny şöhlenendirýär.
Birinji döwür skwazynalaryñ gurluşygyna taýýarlanyş işlerine edilýän çykdaýjylary öz içine alýar.
Ikinji döwür minaranyñ gurluşygy we onuň ýanyndaky gurluşlary hem - de burawlama enjamlarynyñ montazy bilen baglanyşykly.
Üçinji döwür skwazynalaryñ dik deşigininñ geçişiňe edilýän saklaýjylary öz içine alýar, olar skwazynalaryñ çuňlugyna, geçişiñ şertlerine we ş.m. baglylykda giñ çäkde üýtgeýärler.
Dördünji döwür gatlaklary bir-birinden aýyrmaklyga (skwazynalary berkitmä we sementlemä) harçlamalaryny içine alýar.
Bäşinji döwür nebitiñ we gazyñ akymyny barlama bilen baglanyşykly harçlamalaryny içine alýar.
Altynjy döwür enjamlaryñ we minaranyñ sökülip aýrylmasyna edilýän çykdaýjylary öz içine alýar.
Burawlamada geologiýa - gözleg işlerindäki ýaly skwazyna gurluşygynyñ smeta gymmatyny, geçiş metriniñ meýilnama boýunça smeta gymmatyny we geçiş metriniñ hakyky özüne düşýän gymmatyny tapawutlandyrylýar.
Skwazynanyñ smeta gymmatyny kesgitlemek üçin alty sany smeta - maliýe hasaplaşygy we umumy smeta hasaplanylýar.
Geçiş metriñ meýilnama boýunça smeta gymmatlygy smeta gymmatynyñ burawlama tizligini üýtgemesiniñ we

skwazynanyñ çuñlugynyñ koeffisiýentlerine gönüklendirilmesi bilen hasaplanylýar.

Burawlama işleriniň özüne düşýän gymmaty skwazynalary burawlamanyñ birnäçe aýratynlygynda emele gelýär:

- skwazynalaryñ dürli görnüşliliginde;
- skwazyna gurluşygynyñ dürli döwürlerinde iş düzüminiñ we çykdaýjylaryñ dürliliginde;
- skwazinalaryñ çuñlaşma derejesine göra burawlama şertleriniň üýtgemesinde:
- burawlama meýdançasynyň süýşýänliliginden (göçmeliliginden).

Skwazyna gurluşygynyñ özüne düşýän gymmatynyñ derejesine we düzümine şol bir wagtyñ özünde ýagdaýlaryñ çylşyrymly toplumy täsir edýär:

- geologiýa we ykdysady - tehniki şertler,
- iş önümleriñ tehniki we guramaçylyk derejesi.

Skwazynalaryñ gurluşygynyñ özüne düşýän gymmatyny emele getirýän harçlanmalary şeyle bölümlere we kalkulýasiýa maddalaryna bölünýärler.

1 - nji Bölüm. Skwalynalaryñ gurluşygyna taýýarlyk işleri.

Kalkulýasiýasynyñ bu bölümi tokaýçapma işlerine, burawlama üçin meýdançalary meýilnamalaşdyrylma, edýän ýol gurluşlaryna, turbogeçirijileriñ çekilmesine we sökülmesine, kuwwat, ýaglylyk we telefon liniýalaryñ çekilmesine, suw skwazynalaryñ burawlanmasyna harçlamalary birleşdirýär.

2 - nji Bölüm. Ýer üstündäki gurluşlaryñ gurulmasyny we sökülmesi, enjamlaryñ montazy we sökülmesi

Bu bölüm burawlama wyşkalarynyñ, onuň ýanyndaky binalaryñ, ýyladyş jaýlarynyñ gurluşygy (göçürilmesi) boýunça, burawlama enjamlaryny we ýyladyş gurluşlarynyñ montazy (düzülmesi) we sökülmesi boýunça harçlanmalary öz içinde alýar.

| **Pudak boýunça burawlamanyň 1 m. geçişine düşýän gymmatynyň düzümi we gurluşy.** | | |
|---|---|---|
| **№** | **Çykdaýjylaryň düzümi.** | **Çykdaýjylaryň udel agramlylygy, %** |
| 1 | Taýýarlyk işleri. | 4,7 |
| 2 | Enjamlaryň düzülmesi we sökülmesi. | |
| 3 | Skwažinalary burawlama, jemi. | 69,6 |
| 4 | Şonuň içinde materiallar. | 19,1 |
| 5 | Olaryň içinde turbalar. | 10 |
| 6 | Esasy iş haky. | 4,7 |
| 7 | Buraw enjamlaryny we gurallaryny ulanmak. | 15,5 |
| 8 | Şonuň içinde buraw enjamlarynyň amortizasiýasy. | 7,3 |
| 9 | Ulag. | 16,2 |
| 10 | Energiýa. | 6,6 |
| 11 | Kömekçi önümçilikleriniň hyzmatlary. | 7,5 |
| 12 | Skwažinalaryň öndürjiligini synamak. | 3,1 |
| 13 | Pudak-geofizika işleri. | 3,1 |
| 14 | Goşmaça çykdaýjylary. | 11,4 |
| 15 | Brak ýitgileri. | 0,2 |
| | **JEMI** | 100 |

## 3 - nji Bölüm. Skwazynalary burawlama

Bu bölümde skwazynalaryñ geçmesi we olaryñ berkidilmesi boýunça çykdaýjylar jemlenen. Olar şeyle maddalar we kalkulýasiýalara bölünýärler:

1. Materiallar: töwerege oturdylýan .turballar, tamponaz sementi, toýun, ýuwulýan suwuklygy himiki ýol bilen işläp taýýarlama üçin reagentler, agraldylyjy, tehniki suw we başga.
2. Esasy iş haky - Bu madda boýunça burawlama toparlarynyñ işçileriniň, skwazynalaryñ geçiş we berkidilme wagty dowamynda ýuwulýan suwuklary taýýarlama boýunça işçileriň esasy iş haky görkezilýär.
3. Burawlama ejamlaryñ we guramallarynyñ peýdalanmasy boýunça harçlamalar.
4. Ulag (transport) harçlamalry. Bu madda skladlardan ýa - da edarlardan (bazalardan) burawlama ýerlerine yükleri etmek boýunça, wahtalary alyp barmak boýunça, şeyle hem burawlama hyzmat etmede ulanylýan dürli ownuk materiallary alyp barmak üçin peýdalanylýan hyzmat ediş transportyny saklamak boýunça çykdayjylary öz içinde alýar.
5. Energetik harçlamalary. Bu madda dürli görnüşindäki energiýanyñ peýdalanmasy bilen baglanyşykly.
6. Kömekçi önümçiliginiñ we gapdaldan edilýän beýleki hyzmatlar we beýl. çykdaýjylar.

## 4 - nji Bölüm. Skwazynalaryñ öndürijiligini barlamak

Kalkulýasiýasynyñ bu bölüminde skwazynalaryñ öndürijiligini barlamak boýunça ähli edilýan çykdaýjylar jemlenilýär.

Gazyp alyş senagat kärhananyñ geofiziki işleri. Hojalyk guramaçylyk harçlary.

Burawlamada harçlanmalary burawlama wagtyna we burawlamanyñ göwrümine bagly bolýan çykdaýjylara bölýarler.

Burawlama wagtyna bagly bolýan çykdaýjylar skwazynalaryñ burawlamasynyñ dowamlylygyna deñ üýtgeýär. Olara aşakdakylar degişlidirler: burawlama toparlarynyñ iş haky, burawlama enjamlaryny saklamaklyga edilýän çykdaýjylar, burawlama enjamlarynyñ amortizasiýasy; ýörite transport (ulag) we beýl. Harçlamalaryñ bu topary burawlama edilýän ähli çykdaýjylaryñ 60 - 80% öz içine alýar. Üstesine - de skwazynalaryñ çuňlugynyñ ösmegi bilen wagta bagly bolan çykdaýjylaryñ udel agramy ýokarlanýar. Burawlamanyñ göwrümine bagly bolan harçlamalar skwazynalaryñ çuňlugy we gurluşy bilen ululygy kesgitlenilýär: dolota. semente, oturdylýan turbalara, edilýan harçlamalar.
Aýratyn etraplar we aýratyn maksatlar boýunça çuñ gözleg burawlamanyñ özüne düşýän gymmatlylygynyñ gurluşy ep - esli derejede üýlgeýär, emma wagta bagly bolan harçlamalar ähli ýagdaýlarda agyrlyk edýarler. Sonuň üçin bu çykdayjylary peseltmäge mümkinçilik berýän burawlamanyñ tizligini ýokarlandyrmaklyk burawlama işleriniň özüne düşýän gymmatyny azaltmaldygyñ esasy usuly bolup çykyş edýär.
Harçlamalaryñ bir bölegi burawlamanyñ göwrümine bagly bolýar oturdylýan turbolaryñ, dolotlaryñ, sementiñ gymmatlyklary, burawlama turbolaryň köpelmesi.
Özüne düşyän gymmatlygy azaltmaklygyñ esasy ýollary - bu burawlama tehnikasynyñ we tehnologiýasynyň kämilleşdirilmesidir, önümçiligiñ we zähmetiň netijeli guralmasydyr.



Pudak boýunça burawlamanyň 1 m. geçişine düşýän gymmatynyň düzümi we gurluşy, diagramma görnüşinde:
Pudak-geofizika işleri. 2%
Kömekçi önümçiliklerinin hyzmatlary. 4%
Goşmaça çykdaýjylary. 6%
Taýýarlyk işleri. 2%
Skwažinalaryň öndürjiligini synamak. 2%
Brak ýitgileri. 0%
Enjamlaryň düzülmesi we sökülmesi. 4%
Şonuň içinde buraw enjamlarynyň amortizasiýasy. 4%
Energiýa. 4%
Ulag. 9%
Skwažinalary burawlama, jemi. 37%
Şonuň içinde materiallar. 10%
Buraw enjamlaryny we gurallaryny ulanmak. 8%
Olaryň içinde turbalar. 5%
Esasy iş haky. 3%

## 10.2.2.Nebiti we gazy ýer ýüzine çykarmaklygyň özüne düşýän gymmaty.

Nebiti we gazy gazyp almaklygyñ özüne düşýän gymmatynyñ emele gelmesi geologiýa gözleg işleriniň, yataklardan peýdalanmanyñ, skwazynalardan ulanylmanyñ çylşyrymly we köpdürli prosessleriñ toplumyny bilen bütinleý bagly bolýar. Şol bir wagtyñ özünde nebitiñ we ugurdaş gazyñ gazylyp alynmasynyñ hem - de skwazynalardan peýdalanmanyñ dürli usullarynyñ ulanmasy (çüwdürimli, kompressorly, çuñluk - nasosly) nebitiñ we gazyñ gazylyp alynmasynyñ özüne düşýän gymmatynyñ emele gelmesinin mönüm aýratynlyklary bolup durýarlar.

Nebit we gaz ýataklarynyñ tapylmasynyñ we peýdalanmasynyñ tehniki ykdysady aýratynlyklary nebiti we gazy gazyp almaklyk bilen baglanyşykly çykdaýjylaryñ maddalarynyñ atlarynyň jemini kesgitleýär.

1. Nebiti çykarma üçin energiýa harçlanmlary. .
2. Gatlaga emeli usul bilen täsir etme boýunça harçlamalar umuman gatlaga tasir etme ýoly bilen nebiti gazyp almagy güýçlendirmek boýunça işleri amala aşyrmaklyk bilen baglanyşykly. Bu harçlamalar gatlak basymyny saklama sehlerinde meşgullanýan işgärleriñ iş hakyndan, nasoslap suw ýygnamanyñ, gapdaldan gysylan howanyñ ýa - da gazyñ gymmatlyklaryndan, gysyp toplaýjy skwazynalaryñ we beýleki esasy serişdeleriñ amortizasiýasyndan we beýleki çykdaýjylardan emele gelýärler.
3. Önümçilik işçileriñ iş haky.
4. Sosial atiýaçlandyrma bolan tutmlar esasy we goşmaça iş hakynyñ jemi boýunça normalar (bolmaly möçberler) bilen kesgitlenilýär.
5. Skwazynalaryñ amortizasiýasy.
6. Nebiti we gazy ýygnama we ulag bilen gerekli Ýere alypbarma boýunça harçlamalar mebiti we gazy ýygym we ulaglama (daşama) sistemalaryndan peýdalanma boýunça çykdaýjylardan emele gelýärler.

7. Nebiti tehnologik taýdan taýýarlama boýunça harçlamalar nebiti dürli usullar bilen taýýarlama üçin çykdaýjyiary öz içine al yarlar.
8. Önümçiligi taýýarlama we özleşdirme üçin harçlamalar işlenilmä tazeden girizilýän maýdançalarda nebiti gazyp alýan taze edaralaryñ guralmasy bilen baglanyşykly taýýarlanyş işleriňe edilýän harçlamaar ybarat bolýaralar.
9. Enjamalaryñ saklama we olardan peýdalanma üçin harçlamalar tehnologik we energetik enjamlaryny - çüwdürim armaturalary, nasos - kopmressor lurbolary, çuňluk - nasos ştangalary, yralýan stanoklar, eksplutasion minarallary we maçtalary. çümdirilen elektronasoslary, yralýan stanoklara we toparlaýyn herekete getirijilere elektrohereketlendirijileri. deniz estakadalary. - Saklamaklyga we olardan peýdalanmaklyga edilýän çykdaýjylary birikdirýärler.
10. Umumy önümçilik harçlamalary inzener - tehniki gulluklaryny saklamaklyga, önümçilik proseslериniň awtomatlandyrylan we telemehanizmleşdirilen serişdelerinden, umumy önümçilik maksatly gurluşlardan we inwentardan peýdalanmaklyga, umuman nebiti gazyp alyş edaralaryny saklamaklyga, şeyle hem, umumy önümçilik maksatly beýleki çy'kdaýjylary ööz içine alýar.
11. Önümçilik harçlamalary geologiýa - gözleg işleriňe edilýän tutumlary, ylmy işleri üçin çykdaýylary öz içine alýar.

Yokarda sanalyp geçilen kalkulýasiýa maddalary boýunça ähli harçlamalar umuman önümiñ önümçiliginiñ özüne düşýän gymmatyny emele getirýärler. Bu çykdayjylardan başga - da nebit we gaz alymnasynyñ özüne düşýän gymmaryna önümçilikden daşary harçlamalar girýärler.

Şertli hemişelik harçlamalar - skwazynalaryñ we beýleki esasy fondlaryñ amortizasiýasy. seh we umumy iş çykdaýjylary, gazanç (iş haky), önümçiligi taýýarlama we ony özleşdirmä, enjamlary saklama we ondan peýdalanylma edilýän, harçlamalar nebiti gazyp alma senagatynyñ özüne düşýän gymmatynda uly udel agramy bilen häsiýetlendirýärler.

Gurluşyñ bu aýratynlygy. esasan hem, nebiti we gazy çykarylmasynyñ göwrüminiñ ösmegi netijesinde özüne düşýän gymmaty azaltmaklyga ýardam edýär.
Etraplar boýunça nebitiñ we gazyñ özüne düşýän gymmatynyñ gurluşy tebigy - geologik aýratynlyklary bilen bagly bolýan uly tapawutlyklara eyedirler.
Nebit gatlagynyñ gurluşy hem nebiti gazyp alynmasynyñ özüne düşýän gymmatynyñ ýagdaýyna we peýdalanylmanyñ umumy netijesine ep - esli derejede täsir edýär.
Skwazynalaryñ arasynda aralyga (uzaklyga), peýýdalanylmanyñ möhletine, nebitiñ çykarylyşynyñ gündelik ýagdaýyna we onuň ýerastlardan alnyş derejesine görä nebit gatlagynyñ gurluşynyñ görnüşi özüne düşýän gymmatlykda şöhlenilýär (oña tsir edýär). Has uly nebit berijiligi bilen tapawutlanýanbasyş işleyiş düzgünü (kadaly), aýratyn hem suw batlandyryjyly görnüşindäkisi has tygşytly bolýarlar. Şonuñ üçin has pes netijelikli reçimleri (işleýiş kadalary) gatlaga suwýa - da gaz ýygnama usuly bilen emeli batly rezimlere (işleýiş kadalara) çalyşylmagy nebit alynmasyny ýokarlandyrýar we ähli tehniki ykdysady görkezijileri gowulandyrýar. Skwazynalaryñ çuňlugy - peýdalanma ykdysadyýetiniñ wajyp ýagdaýlarynyñ biridir. Skwazynalaryñ çuñlugynyñ artmasy bilen skwazynalary burawlamaklyk we peýdalanylma üçin olary enjamlaşdyrmaklyk üçin kapital goýumlary artýar, bu bolsa skwazynalaryñ we beýleki esasy fondlaryñ amortizasiýasyna täsir edýär.
Çuñ skwazynalardan peýdalanylmaklyk zähmet hakyna, energiýa, esasy fondlaryñ ýeñil abatlaýyş eşlerine harçlanmalaryñ ýokarlanmasy bilen we gatlaklaryñ peýdalylygynyñ artmasy bilen tapawutlanýar.
Gatlakdan skwazynalaryñ sütümine nebit we gaz bilen bile çägäniñ ep - esli bölegi, parafin çökündileri, skwazynalarda konodirleme hasiýetli sreda, nebit ýataklarynyñ deňizde ýerleşmegi we beýlekiler peýdalanylýan tehnika hem - de geçirilýän işleriň guralmasyna we diýmek nebiti we gazy

gazyp almanyñ özüne düşýän gymmatyna ep - esli derejede täsir edýärler.
Çäge dykylarynyñ aýrylmasy boýunça işler skwazynalaryñ işsiz durmaklaryna, nebitiñ alynmaklygynyñ peselmesine alyp barýar we ep - esli derejedäki harçlamalary talap edýärler. Nassos - kompressor turbolarynyñ, nasos ştangalaryñyñ, çñluk nasoslarynyñ, nebit geçiriji turbolaryñ we beýlekileriñ gatlak suwyndan poslap dargamasy (kanoziýasy) hem nebit alynmanyñ ykdysadyýete täsir edýär. Nebit gatlaklarynyñ we skwazynalaryñ öndürijililiginiñ özüne düşýän gymmatynyñ - derejesini we beýleki ykdysady görkezijilerini kesgitleýän esasy sebäpleriñ biri bolup çykyş edýär. Ol tebigy şertlerin toplumyna. nebit alynmanyñ tehnikasynyñ we tehnologiýasynyñ derejesine bagy bolýar.
Nebit ýataklaryndan peýdalanylma - ulanylma şertleriniñ üýtgemesindewe nebiti gäzyp almanyñ ähli görkezijileriniñ ýaramazlaşmasynda uzak wagtyñ dowamynda bolup geçýän çylşyrymly önümçilik prosesidir.
Nebiti we gazy gazyp almanyñ özüne düşýän gymmatyny azaltmaklygyñ esasy ýollary - tehniki progress, önümçiligiñ we~zähmetiñ guralmasynyñ kämilleşdirilmesi geologiýa – gözleg işleriniñ; ygtybarlylygyny skwazynalaryñ we nebit kärhanalaryñ enjamlarynyñ berkligini ýokarlandyrmakdyr.
Materiallara, ýangyja we energiýa çykdaýjylaryñ kemeldilmesi nebiti we gazy gazyp çykarmaklygyñ özüne düşýän gymmatyny azaltmaklygyñ wajyp ugurlarynyñ biri bolup çykyş edýär. Çykdaýjylary kemeltmeklik, hususan hem materiallara. - gatlaklaryñ nebit berijiligini ýokarlandymiak maksady bilen nebit gatlaklara emeli usul bilen täsir etmäniñ kämilleşdirilmegi we giñelmegi bilen amala aşyrylýar.
Energetik harçlamalary kemeltmeklik aşakdaky 2 topara birikdirilen işleriñ ýerine ýetirilmesi bilen üpjün edilýär.
1.Tehnologiýa täzelikleriñ girizilmesi we önümçilik hereketleriniñ guralmasynyñ gowularldyrylmasy.
2.Energiýa üpjünçilik sistemasyna täzelikleriñ girizilmesi.

Energiýa güýjünden peýdalanmaklyklygy möçbermek, hasaba almak, gözegçilik etmek energiýa harçlarlmalarynyñ tygşytlanmasynyñ wajyp şerti bolup durýarlar.
Nebit senagat tehnikasyny we beýleki esasy fondlary, ylaýta - da skwazynalary, nebiti çykarmak üçin maşynlary we enjamlary, turbogeçirijileri ýokary derejede öndürijilikli, turbogeçirijileri ýokary derejede öndürijilikli peýdalanmaklyk nebiti we gazy gazyp çykarmagyñ özüne düşýän gymmatyny azaltmaklygyñ. möhüm çeşmesidir.

## 10.3.Nebit önümleriniñ özüne düşýan gymmaty.

Nebit önümleriniñ özüne düşýän gymmaty - nebiti gaýtadan işläp çykarýan önümlerini tapawutlandyrýan kabir aýratynlyklaryñ şertlerinde emele gelýär. Olara çykarylýan nebit önümleriniñ görnüşleriniñ dürli dürlidigi. aýratyn tehnologik taýdan özara baglanyşan hereketleriñ (prosessleriñ) ulanylmasy we olaryñ kompleksleýin hasiýeti, gaýtadan işleme prosesleriñ himiýalaşdyrylmasy degişlidirler.
Ýangyç, ýangyç - ýagly we ýangyç - nebit - himiki shemalar nebiti gaýtadan işläp çykarma önümçiliginiñ esasy tehnologik shemalarydyr. Nebiti gaýtadan işläp çykarmanyñ shemasýanyñ üýtgemegi bilen peýdalanma harçlanmalaryñ möçberi we önümiñ özüne düşýän gymmaty üýtgeýär.
Nebiti gaýtadan işläp çykarma we nebit - himiýa senagatynda özüne düşýän gymmatyñ gurluşynyñ aýratynlygy bu çig mala we energiýa edilýän çykdaýjylaryñ, uly udel agramynyñ bolmasydyr, ol nebiti gaýtadan işläp çykarmanyñ umumy çykdaýjylarynyñ 90% - ne barabaryny emele getirýär. Nebiti gaýtadan işläp çykarma we nebit - himiýa senegatynyñ önüminiñ özüne düşýän gymmatynyñ ikinji bir aýratynlygy bu ýütgeýän harçlanmalaryñ ýokary ululygydyr (85 - 90%).
Nebit himiýa önümleriniñ önümçiliginiñ özüne düşýän gymmatynyñ gurlşy dürlrdürlidir, sebäbi olar material, energiýa we kapital talap

edijiligi boýunça tapawutlanýarlar. Polimerleriñ köpüsiniñ öndürilmesine çig malyñ uly çykdaýjylary edilýär. Monomerleriñ önümçiligine çigmala edilýän harçlanmalar pesräk, emma energýa goşmaça materiallara, amortizasiýa we ýeñil abatlaýyş işleriňe barçlamalar güýçli ösýär.

Nebit gaýtadan işläp çykarma önümleriniñ özüne düşýän gymmatynyñ gurluşyny hasaba almak bilen, onuň (özüne düşýän gyrnmatyñ) has peselmesini çig maldan peýdalanylmanyñ gowulandyrylmasy netijesinde gazyp bolýar. Mununñ üçin çig maly gowy saýlama we taýýarlamak, onuň düzümini durnukly etmek (stabilleşmek), tehnologik rejäni kämilleşdirmek we durnukly etmek, katalizatory dogry saýlamak, has arzan çig maly ulanmak, ozalky proseslerde (hereketlerde) onuň Önümçiligini arzanlatmak, goşmaça alynýan önümleri oýlanyşykly peýdalanmak zerurdyr.

Hereket edýän önümçilik güýçleriniñ (kuwwatynyñ) öndürijiligini we san taýdan (ekstensiw) peýdalanylmasy ýokarlandyrmak önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ peselmesini wajyp çeşmesidir. Birmeñzeş tehnologik gurluşlaryñ iş görkezijileri ýyl dowamynda we kärhanalar boýunça bir sutkadaky öndürijiligiñ üýtgesini takyklaýar. Bu çig malyñ düzüminiñ we hiliniň durnuksyzlygy, tehnologik rejimiñ tapawutlylygy, hyzmat edýän toparlaryñ kämilligi bilen döreýär. Diýmek, çig malyñ düzüminiñ stabilleşdirmesi (durnukly edilmesi), tehnologik rejäniñ kämilleşdirilmesi, hereket edýän önümçilik kuyywatynyñ peýdalanylmasynyñ öndürijiligini artdyryp bilýär, bu bolsa önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ azaldylmasyna ýardam edip biler.

Tehnologik desgalaryñ işiniň dowamlylygy birinji nobatda geçirilýän abatlaýyş işleriň aralygy bilen kesgitlenilýär. Köplenç tehnologik desgalar çig malda bar bolan duzlaryñ we kükükrtli birleşmeleriniň täsiri astynda apparatynyñ we turbogeçirijilerin konoziýasy (dargamasy) sebäpli, turbodan edilen peçlerde we beýleki apparatlarda koks emele gelmesi zerarly, hapalanma we şorlanma netijesinde ýyllyk alyşyk apparatlarynda ýylylýgyñ geçirilmesiniň yärämazlaşmasy sebäpli abatlaýyş işleriniň geçirilmesi üçin işsiz durýarlar. Bu sebäplere netijesindäki işsiz durmalar çig -

malyñ yeterlik derejede taýýarlanmadyklygy tehnologik iş kadasyny (rezimini) beijaý edilmezligi, kabir awtomatlaşdyrylan serişdeleriniñ bolmazlygy we ş.m. bilen bagly bolup bilýär.
Hereket edýän güýçleriñ san taýdan (ekstensiw) peýdalanmasy artdyrmak abatlaýyş işleriniň guralrnasynyñ gowulandyrylmasynyñ üsti bilen solar sebäpli işşsiz durmalary azaltmak bilen amala aşyrylyp bilner. Tehniki ösüş (progress) önümiñ özüne düşýän gymmatyny azaltmaklygyñ esasy bolup durýar. Kuwwatly, utgaşdyrylan (kombinirlenen) desgalar gurnalanda, kapital harçlamalar peselýär, diymek, amortizasiýa, abatlaýyş işleri we ş.m. ýaly maddalar boýunça önümiñ özüne düşýan gymmaty hem azalýar. Desgalaryñ işiniň durnuklylygyny (üznüksiz önümçiligini) ösdürmek netijesinde önümçiligiñ awtomatlaşdyrmasyny kämilleşdirmeklik önüm öndürmäniñ ösüşini, energiýanyñ we maddy - tehniki serişdeleriñ harçlanma möçberiniñ kemeldilmesi üpjün edýär netijede, önüm özüne düşýän gymmaty peselýär.
Energiýa harçlanmalarynyñ kemeldilme mümkinçilikleri ýylylyk çeşmelerinden, şol sanda gaýtadan alynýan energiýa çeşmelerinden - tüsse gazlaryndan we gyzgyn nebit önümlerinden ýokary derejede peýdalaanylmasyna, ýylylyk üpjünçiliginiñ kamilleşdirilmesine. howa bilen sowadyş apparatynyñ girizilmesine, energoresurslaryñ progressiw harçlanma moçberini girizilmesine hem bagly bolýar.
Önümiñ özüne düşýän gymmatyny ep - esli azaltmagyñ mümkinçilikleri önümçilige hyzmat etme we ony dolandyrma edilýän çykdaýjylaryñ peselmesine baglydyr.

## 10.4.Nebiti we gazy daşama we saklama gurluşynyñ (sistemanyñ) özüne düşýän gymmaty.

Nebitiñ we gazyñ transportynyñ (ulgaymynyñ) özüne düşýän gymmatynyñ gurluşynda esasy paý amortizasiýa harçlanmasýana düşýär (50% - den köpräk), elektropriwodlar bilen abzallaşdyrylan kompressor stansiýalary gazyñ transportynda ep - esli derejede energiýa harçlanmalaryñ paýy ýokarlanýar. Ondan başga - da önüm

öndürilme prosessi bolman, dine onuň ýeriniň üýtgedilmesini amala aşyrylýandygy sebäpli bu gurluşda çig mala edilýän çykdaýjylar gurluşynyñ beýleki bir aýratynlygy - bu daşalýan nebitiñ we gazyñ göwrümine bagly bolmaýan, ýagny şertli hemişelik harçlanmalaryñ agyrlyk etmegidir, olara hasaplap çykarmalar bilen iş haklary, esasy fondlaryñ amortizasiýasy, müdiriýet dolandyryş harçlanmalary, jaýlary, gurluşlary, inwentary saklamaklyga transport harçlanmalaryñ, beýleki umumy hojalyk we ş.m. harçlanmalaryñ ep - esli bölegi degişlidir. Bu harçlamalar ähli peýdalanylma çykdaýjylaryñ 80 - 85% - e barabaryny emele getirýarler.

Nebiti we gazy daşamanyñ göwrümine bagly bolýan harçlanmalara (şertli üýtgeýänlere), esasan hem reagent harçlanmalary, energetik çykdaýjy we nebit hem - de gazyñ ýigitleri degişlidirler. Eger reagentiñ harçlanmasy we gaz geçirijide gazyñ yitirilmesi onuň daşalýan göwrümine deñ köpelse, onda gazyñ daşalma göwrümine garanda energetik harçlamalar hemişe ýokary derejede köpelýärler we kompressor stansiýalaryñ agregatlaryñ işiňi bellenilen rezimine (iş kadasyna) hem - de dykyzlanma derejesine bagly bolýar.

Nebiti we gazy daşamada harçlanmalaryñ garalyp geçilen düzüminden tapawutlykda nebit üpjünçilik sistemasynyñ dolanyşygynyñ harçlanmalaryñ düzümi ep - esli derejede tapawutlanýar we şeyle çykdaýjylary öz içine alýar:

- nebit bazalaryñ, suwuklyk guýulýan punktlaryñ (ýerlerin), maşynlara ýangyç guýma ýerleriň harajatlary (transport ugrundan harytlary getirme we göýberme boýunça; sklad ugryndan - sklad işgärleriñ iş haky, sklad jaýlaryny we gurluşlaryny saklamaklyk we olardan peýdalanmaklyk üçin harçlamalar; göteriji - transport mehanizmleri we sklad enjamlary saklama we olardan peýdalanma üçin edilýän çykdaýjylar, ýeñil abatlaýyş işleri boýunça harçlamalar; gap boýunça edilýän çykdaýjylar; dolandyryş apparatyny saklama üçin edilýän çykdaýjylar; nebit önümlerini kabyul etme we iberme boýunça harçlamalar; beýleki saklad çykdaýjylary).

-önümçilige degişli bolmadyk harçlamalar (ýolda we saklamada azalma normasynyñ (möçberiniñ) çaginde harydyñ ýetmezligi we ýetirilmegi)
-ýolda we saklamada kemelme möçberinden artyk harydyñ ýetmezligi we ýitirilmegi:
-barmaly ýeriñ franko - stansiýa nyrhy bellenilen nebit önümlerini daşama boýunça harçlamalar (demir ýol, suw we beýleki tarif, nebi önümlerini nasoslap guýmak bilen bagly bolýan harçlamalar).

Önümçilik harçlanmalarynyñ peseilmesi – nebit we gazyň daşalmasy hem - de saklanmasy sistemasynyň işinin esasy hil häsiýetlendirmeleriniñ biri bolup durýar. Maddy tehniki we ýangyç - energetik resurslaryñ ähli görnüşleriniň tygşytlanmasy olaryñ azaldylmasynyñ wajyp rezerwidir. Bu bolsa esasy nebit gaz geçirijilerlñ iñ amatly iöleýiş düzgüniniñ we kompressorlaryñ herekete getirijisinin görnüşleriniň saýlanylmasynyñ üsti bilen amala aşyrylýar.

Önümçilik prosesleriniň awtomatlaşdyrylmasy we telemehanizirlenmesi hyzmat edýän işgärleriñ samiryñ ep - esli derejede azalmasyna alyp barýar, bu bolsa öz gezeginde daşalýan önümiñ birligine iş hakynyñ tygşytlanmasyny, şeyle hem ortaça iş hakynyñ ýokarlanmasy bilen deñeşdirilende zähmet öndürijiliginiñ ösüşiniñ ozmagyny üpjün edýär.

Önümçiligiñ harçlanmalarynyñ umumy möçberlerde önümçiligi dolandyrma we oña hyzmat etme bilen bagly bolan çykdaýjylar uly udel agrama eýedirler. Olaryñ gös - göni tygşytlanmasy, şeyle hem önümçiligiñ göwrümine garanda olaryñ ululygy haýal ösýänligi hasabyna tygşytlanma - özüne düşýän gymmatyñ azalmasynyñ ep - esli derejedäki rezerwi.

Nebitiñ we gazyñ ulagyna harçlanmalaryñ gurluşynda şertli hemişelik çykdaýjylaryñ agyrlyk etmegi daşalýan nebitiñ we gazyň birliginde çykdaýjylaryň azalmasynyň möhüm şertidir. Şeýlelikde nebtiñ we gazyñ ulag gurluşynyň hyzmat ediş mümkinçiginiñ doly ulanylmasy, olaryñ öndürilmesiniň artmasy - özüne düşýän gymmatlygyñ azaldylmasynyñ esasy

rezerwi, ýagny nebitiñ we gazyñ ulaglarynyñ möçberiniñ ýokarlandyrylmasynda çykdaýjylaryñ esasy elementleri tygşytlanmasynda özüne düşýän gymmatlygyñ peselmesi gazanylýar.

Esasy fondlaryñ has gowy peýdalanylmasy hem özüne düşýän gymmatynyñ peselmesini üpjün edýär. Özüne düşýän gymmaty nebitiñ we gazyñ daşalmasynda olaryñ ýitirilmesiniň kemeldilmegi hasabyna hem özüne düşýän gymmaty azaldyp bolýar. Bu bolsa esasy nebit we gaz geçirijisine hyzmat edilişiň gowulandyrylmasy bilen, öz wagtynda nebitiñ we gazyñ akyp, syzmasynyñ önümiñ alynmasy bilen amala aşyrylýar.

# XI Bap
# Nyrh we nyrhyñ emele gelmesi.
## 11.1. Nyrh barada düşünje.
## 11.2. Nyrhyň sazlaýyş ähmiýeti.

## 11.1. Nyrh barada düşünje.

Kärhananyñ önümi, kärhananyñ we döwletiñ girdejisiniñ möçberine,has bagly bolan derejesi boýunça satylýar.

Islendik harydyñ nyrhynyñ üstünde işlenilende we nyrh bellenilende firma birnäçe meseleleri çözmelidir:

a) Nyrh emele getirme meselesiniň goýulmasy firmanyñ anyk harydyñ üsti bilen ýetmäge dyrjaşýan maksatlaryna bagly bolýar. Bu şeyle maksatlar bolup bilýar:

- bazarda öndürijileriñ sany gaty köp bolan mahaly we ýiti basdeşlegiñ höküm sürýän wagty saklanyp galmagy başarma (üpjün etmey; bu ýagdaýda firmalar peýdalanyjylar tarapyndan hoşniýetli jogap gazanmaklyk üçin has pes nyrhlary goýmaklyga mejbur bolýarlar.
- gündelik girdejisinin in uly mukdara ýetirilmesi. Firmalar nyrhyñ dürli derejelerde ulanylmaga degişli bolan talaby we harçlanmalary bahalandyrýarlar we gündelik girdejinin iñ uly mukdarynyñ gelmesini we harçlanmalaryñ iñ köp derejede öweziniñ dolanmasy üpjün etjek nyrhy saýlap alýarlar, sonda firma üçin gündelik görkezijiler uzak wagtlyk gözkezijilere garanda möhümräk bolýarlar;
- bazar paýynyñ görkezijileri boýunça önde baryjylygy gazanmak. Sonda kompaniýanyñ iñ pes harajatlanmasy we iñ uly uzak wagtlyk girdejisi bolup biler diýip hasaplanylýar;
- harydyñ hili görkezijisi boýunça öñdebaryjylygy gazanmaklyk. Bubolsaýokaryhili gazanmaklyga edilýan harçlanmalaryñ öwezini doldurmak üçin we gymmat bälialy ylmý - barlag we tejribe - konstruktorlyk işlerini geçirmek üçin öña has ýokary nyrhyñ bellenilmesi talap edýär.

b) Talabyñ (islegiñ) kesgitlenilmesi nyrh bilen satylmanyñ mümkin bolan göwrüminiñ arasyndaky baglylygyñ

takyklanmasyndan ybarat bolýar; sonda nyrhyñ üýtgemegine talabyñ duýgurlylygyny bahalandyrmak zerur bolýar
ç) Harçlanmalaryñ bahalandyrylmasy. Talap, adaty bolşy ýaly, firmanyñ öz harydy üçin sorap biljek iñ ýokary nyrhyny kesgitläp bilýar. Iñ pes nyrh firmanyñ harçlanmalry bilen kesgitlenilýär. Kömpaniýa önümçilik "boýunça peýdalanylma we ýerleme boýunca ahli harçlamalaryñ öwezini doldurar ýaly we belli bir girdejiniñ alynmasyny üpjün eder ýaly nyrh bellemäge çalyşýar".
d) Nyrhlaryñ we başdeşleriñ harytlarynyñ derñewi nyrh emele gelme prosessiniñ zerur elementi we başdeşleriñ takliplerine garanda öz teklibini poziserlemek üçin başlangyç nokady bolup durýar.
e) Geçirilen barlaglar esasynda firma ulanyjylar, distribýuterler we dilerler, firmanyñ öz işgalleri, bäsdesler, üpjün edijiler we döwlet edaialary tarapyndan hoşniýetli kabul edilip bilinjek kesgitli nyrhy belleýär. Nyrh bellenilende fimia satyjydan alyja harydy daşama bilen baglanyşykly harçlamalary we şoña göra harydyñ helak bolmagy hem - de zaýalanmagy bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri hasaba almalydyr.
Nyrh şeyle hem bellenilip bilner:
- satyjynyñ franko - sklady - satyjy harydyñ alyja eltilmesi üçin jogapkarçiligi we harçlamalary boýun alrnaýar;
- alyjynyñ franko - sklady - alyjy satyjynyñ harydynyñ getirilmesi üçin jogapkarçiligi we harçlamalary boýun almaýar.
Halkara sowdanyñ tejribesinde hususan hem doly ahasalanmadyk nebitde nyrhlaryñşeýle görnüşlerindeň peýdalanýarlar:
- FOB (Free - On - Boardy - satyjynyñ portunda "bortda erkinlikde". Satyjy öz hasabyna harydy alyjy tarapyndan kireýine tulan gäminiñ bortuna konosament (yüklenme baradaky dokumentry bermek bilen şertnamada bellenilen porta we bellenlen wagtda tabşyrýar.

Eýeçilik hukugy we töwekgellikler alyja gäminiñ tutalgasyndan (uçaryñ ýük bölümden; ýüküñ geçiş pursadyndan geçirýärler.
- SIF (kost, Insuranse, Freight - "gymmatlyk, atiýaçlandyrma, frant", alyjynyñ ýurdunyñ porty. Bu şertde satyjy gäminiñ kireýine alynmasy, harydyñ yüklenmesi, alyjynyñ ýurdunyñ ylalaşylan portuna çenli harydyñ eltilmesi we atiýaçlandyrylmasy bilen baglanyşykly ahli çykdaýjylary töleýär. Konosament, atiýaçlandyrma polisi, eýeçilik hukugy düşüriş pursadynda gäminiñ tutalgasyndan yükleriň geçiş pursadyndan alyja geçirýärler.
Türkmenistanyñ içki bazarynda satylanda nebitiñ bir tormasynyñ nyrhy döwlet býudzetine tutmalaryñ hasaba alynmasy bilen (ýerastlar üçin tölegler. mineral - çig mal bazanyñ üznüksiz önümçiligine tutumlar we ş.m.y gazyp çykarmanyñ özüne düşýän gymmatyndan, gazyp alýan kärhananyñ girdejisinden, aksiz toplanmasyndan, goşulan gymmata bolan salgytdan we gaýtadan işleýän karhana çemli nebiti alyp barmaklyk üçin transport harçlanmalaryndan emele gelýär.
Ýurduñ içindaki peýdalanyjylara tabşyrýan nebite şertnama nyrhlaryñ Türkmenistanda emele gelen kesgitlenilme tejribesiniñ esasy tapawudy sonda nebitiñ tebigy hiliñ hasaba alynmaýandygyndan ybaratdyr (kükürdiñ, ýagty fraksiýalaryñ we şuna meñzeşleriñ bolmagy). Aslynda bolsa, hil üçin artdyrylan pul (arzanladylmay dünya boýunça kabul edilen nyrh emele getirme gurluşynyň (sistemasynyñ) hökmany elementi (şerti) bolup durýar.
Bazar gatnaşygynyñ ösüşine we onuň işinin dürli çaklerine aralaşmasyna göra nyrh emele gelme sistemasy bu pudak boýunça dünyä tejribesinde ýakynlaşyp öser we kämilleşer.

## 11.2. Nyrhyň sazlaýyş ähmiýeti.

Maýa goýumlary bahalandyrmakda gündeki bahalamaklyk usuly ulanylýar. Bu usulyň kömegi bilen m.g. taslamasyndan

erkinlige çykýan pul akymlary seljerilýär. Bu birinji bilen taslamanyň başdaky döwründäki maýa goýumlaryň çykdaýjylary bolup biler. Maýa goýumlaryň taslamasyny ulanmaklyk döwründe bu taslama girdeji getirýär. Bu girdeji ýokarlandyrylýan gelimlerden, tygşytlylygyň esasynda döreýän doly däl çykdaýjylardan hem-de dürli gymmatlyklary bolan yzygiderli gelmeýän pul serişdeleriniň hasabyna düzülýär.

Eger-de ulanyş döwründe maýa goýumlaryň taslamasy satylsa, onda satylmakdan galan pul serişdeleri döreýär, ýagny likwidasion wyruçka.Ol hem maýa goýumlar hasaplaşyga girizilýär. Gündeki bahalamaklygyň usulyny mysalda seredip geçeliň.

Bu ýerde iki wariant bar:

| | Maşyn A | Maşyn B |
|---|---|---|
| Satyn alyş nyrh | 750 000 | 1200 000 |
| (hemişe) girdejililigiň ýyllyk normasy | 250 000 | 300 000 |
| Maşynyň amortizasiýanyň möhleti | 5 ýyl | 6 ýyl |
| Likwidlilik düşewüntliligi | 0 | 0 |
| Hasaplaşyk göterim stawkasy (i) | i=6% | i=6% |

$$\text{Gündeki baha} = \frac{\text{1 ýyl üçin girdeji}}{\text{(1+i) bu ýyl üçin}}$$

Netijede wariant A üçin:

$$\text{1 ýylyň soňunda girdejililik: } \frac{250\ 000}{(1+6\ \%)^{1}} = 235{,}849\text{-}$$

# XII Bap

## Kärhananyñ gazanjy we girdejiligi.
## 12.1.Gazanç we girdeji barada düşünje.
## 12.2.Kärhananyň düşewüntsizligi.

## 12.1.Gazanç we girdeji barada düşünje.

Gazanç - önümi öndürmekligi, şeyle hem ony ýermekligi öz içine alýan kärhananyñ önümçilik - hojalyk işlerini umumylaşdyrylan görkezijisi bolup durýar. Şunuň bilen birlikde gazanç diňe görkeziji bolman. eýsem kärhananyñ, pudagyñ we umumy jemgyýetiñ talaplaryny kanagatlandymaklyk üçin serişdeleriñ çeşmesidir.
Görkezijiler:
1.Satylmanyñ umumy (tutuşy göwrümi.
2. Satylmanyñ umumy göwrüminde salgytlar
3.Satylmanyñ (ýerlenilmäniñ arassa göwrümi.
4. Satylmanyñ özüne düşýan gymmaty.
5. Umumy kommersiýa gazanjy
6. Umumy hojalyk harçlanmalary
7. Kommersiýa harçlanmalary
7. Arassa kommersiýa gazanry (zyýany).
8. Beýleki düşüwünler we girdeji1er
9. Beýleki harçlanmalar we zyýan görmeler
10. Jemi balans girdejilik
11. Prosentleritölemeklige harçlanmalar
12. Balans girdejilik (zyýany)
13.Girdejä bolan salgyt
14. Arassa girdeji (zyýan)
Ahyrky malrye netijesi (düşewünt ýa - da zelely önümi (iş, hyzmaty) satmaklygyñ malrye netijesinden, esasy serişdelerindeň we kärhananyñ beýleki emläginden hem - de ýerlernekligindeň daşary operasiýlardan alnan girdejilerdeň (bu operasiýalar boýunça harçlanmalaryñ jemine azaldylan girdejilerindeň düzülýärler.
Önümi (işi. hyzmaty) ýerlemeklikdeň alnan düşewünt (zyýany goşulan gymmata salgytsyz hereket edýän nyrhlarda önümi (işi,

hyzmaty) satmakdan girdeji bilen ony öndürmeklige we ýerlemeklige aksizler we harçlanmalaryñ tapawudy edilip kesgitlenilýär.

Eksport işi bilen meşgullanýan kärhanalar nebiti ýa - da gazy ýerlemeklikdeň alnan puldan gazanjy kesgitlänlerinde eksport tariflerine yol bermeýärler.

Satylmanyñ tutuş göwrümi satylan önümiň, satyn alynýan harytlary we beýleki maddy - önümçilik zapaslaryñ. edilen işlerin we hyzmatlaryñ bazar (satuwy gymmatyny, beýleki ýerlenilmeleriñ gymmatyny, dellalçylyk hereketlerinden, konmision - konsignasion söwdasyndan komisiormylary (kommision gymmatyny)) öz içine alýar.

Ýerlenilmäniñ arassa göwrümi - bu satylmanyñ tutuş göwrününe girýän aksiz ýygymlary, goşulan gymmatlyga bolan salgydy we beýleki salgytlary hasaba alynmakda satylan önümiñ gymmatydyr.

Jemi (umumy) kommersiýa gazanç - "marzinal girdejiýa - da "ödeme puly düşünjeleri deňdir (adekwaty).

Satylmanyñ arassa göwrümi bilen özüne düşýän gymmatlygyñ arasyndaky tapawut. Şoñkysyna ýerlenilen önümiñ, işin, hyzmatyñ önümçilik boýunça özüne düşýän gymmaty (gös - göni harçlanmalar + umumy önümçilik harçlamalary, satylan harytlaryñ, maddy - önümçilik zapaslarynyñ gymmatlyklary, dolanyşyk harçlanmalary we dürli önümçilik zapaslarynyñ hem - de hyzmatlarynyñ ýerlenilmesi bilen gös - göni bagly bolan beýleki çykdaýjylar degişli bolýarlar.

Arassa kommersiýa gazanjy - "satuwdan gazanç düşünjesi deñ bolýar. Bedeň hasabat döwrüminde jemi kommersiýa gazanjynyñ umumy hojalyk we kommersiýa çykdaýjylaryñ arasyndaky tapawudy emele getirýär. Bu çykdaýjylar satuw göwrümi bilen gös - göni bagly bolmaýan hemişelikdir.

Belli bir önümiñ, işin, hyzmatyñ önümçiliginde önümçilik kuwwatlary hereket edip başlamadyk bolsalar, onda gutulyp bolmaýan galan çykdaýjylar - amortizasion tutumlar, enjamlaryñ konserwasiýasy we goragy boýunça harçlamalar,

kabir önümçilik işgärlerini saklamaklyk - berlen döwür üçin umumy hojalyk harçlanmalaryna goşulýarlar.

Tutuş balans gazanç - bu kärhananyñ beýleki işleri (operasiýalary bilen bagllylykda döreýän girdeji we arassa komersiýa gazanjyñ jemidir.

Satuwdan daşary opperasiýalardan girýän girdejilere aşakdakylar degişli:

Türkmenistanyñ çäginde we çagindeň daşda başga karhanalaryñ işinde paýly gatnaşmadan girdejiler, kärhanan degişli bolan aksiýalar we beýleki gymmat baha kagyzlar boýunça diwidentler;

- emlägi kärendesine bermekdeň girdejiler;
- önümçilik zapaslarynyñ we taýýar önümiñ goşmaça bahalandyrylmasyndan girdejiler;
- hojalyk şertnamasynyñ bozulmasy sebapli peni we sanksiýalaryñ beýleki görnüşleri tölemek hökümiçykarylan we bergidartarapyndan boýun alnanjerimler;
- hasabat ýylynda yüze çykarylan ozalky ýyllaryñ girdejisi;
- walýuta hasaplaşyklarda şeyle hem daşary ýurt walýutasyndaky öperasiýalärda kurs boýunça öñýaly tapawutlyklar.
- önümçilik hem - de önümi satmaklyk bilen bagly bolmadyk operasiýalardan alynýan beýleki düşewünt.

Harçlamalara we ýitgilere aşakdakylar degişlidirler:

* ýatyrylan önümçilik tabşyrmalar boýunça harçlamalar, şeyle hem önüm bermedik önümlçilige edilen çykdaýjylar;
* durzylan we togtadylan önümçilik güýçleriniñ we obýektleriñ saklanmasyna harçlanmalar;
* sebäpkärler tarapyndan bellenilýan daşky sebäplere görä işsiz durmaklykdan ýigitler;
* önümçilik zapaslarynyñ we taýýar önümiñ arzanladylmasyndan ýitgiler;
* gap bilen geçirilýän operasiýalar boýunça görülýän zelel;

* sud harçlanmalary we arbitraz çykdaýjylary;
* hojalyk şertnamasynyñ şertleriniň bozulmasy üçin höküm çykarylan we boýun alnan jerimler, peniler we beýleki sanksiýalar;
* başga kärhanalar bilen hasaplaşyklar boýunça şübheli karzlaryñ jemi;
* talap ediş möhleti geçen debitor bergidarlygyñ hasapdan aýrylmasyndan çykdaýjylar (zelel)
* tebigy heläkçilikler zerarly tölenilmeýän ýigitler, şol sanda tebigy heläkçilikileriň öňüniñ alynmasy ya - da olaryñ netijelerini ýok etmek (düzetmek) bilen baglanyşykly çykdaýjylar;
* walýuta hasaplaşyklarynda

Daşary ýurt walýutasyndaky operasryalarda kurs boýunça oñaýsyz tapawutlyklar, özbaşdak meýilnamalaşdyrýar, guraýar we barlaýar, pul - maýa bilen üjün etme we ýerleme hem - de ösüşi bilen baglanyşykly soraglary çözýär.

Nebit gaz kärhanalarynyñ we döwlet dolandyryş edaralarynyñ arkalaşykly hereket görnüşleri maglumatlaryñ alyş - çalyş edilmesini, özara maslahat alyşmalary (konsultasiýalary), bilelikdäki işçiler toparlaryny guramaklygy we maglumatlaryñ we guramaçylyklaryñ özara hereketleriniñ beýleki görnüşlerini öz içine alýar.

Bazar ykdysadyýet şertlerinde girdeji almak önümçiligiň gös göni maksady bolup durýar. Girdeji kärhananyň geljekde özgermesi, ösmesi üçin garantiýa bolup durýar.Kärhanada, önümiň talabyny, önümçiligiň göwrümini, baha syýasatyny, önümi ýerlemekligiň bazar bölegini nähili seljeren bolsalar, şeýle hem netije ýagny finans netijeler bolar.




- Arassa girdejiniň paýlanma shemasy.




## 12.2.Kärhananyň düşewüntsizligi.

Pentawelwost (hakyky girdeji) - ýetilen netijäniň we ortaça goýlan maýa goýumyň arasyndaky aragatnaşygy. Ortaça

goýulan maýa goýum diýip hasaplaşyk döwründäki deslapky we soňky maýa goýumyň ortaça görkezijisi hasaplanýar. Girdejilik we goýulan maýa goýum arasyndaky aragatnaşygy 3 sany koeffisiýentler arkaly görkezip bolýar:
Hususy maýa goýumdan girdeji,umumy maýa goýlan girdeji,öwezini doldyrmaklygyň indeksi.

$$\textbf{Hususy maýa goýum-ň girdeji}=\frac{\text{Arassa girdeji özbaş.m.g.üçin hasap. göterimleri}}{\text{Özbaşd.m.g.-nyň ortaça göwrümi}}$$

$$\textbf{Umumy m.g-ň girdeji}=\frac{\text{Arassa girdeji özbaş.m.g.üçin hasap. göterimleri} + \text{karz alnan m.g.üçin göterimler} \times 100\%}{\text{Ortaça umumy maýa goýum}}$$

Bu iki koeffisiýentler bir tarapdan arassa girdejiniň we degişli göterim paýlarynyň arasyndaky aragatnaşygyny, beýleki tarapdan bolsa goýulan m.goýumlarynyň göwrümini görkezýär. Bu iki koeffisiýentleriň arasyndaky arabaglanyşyga lewerij effekt diýilýär.
Mysal 1.
Umumy maýa goýumdan alnan girdeji karz alnan maýa goýumlardan goýlan göterimler ýokary.
Eger-de bankdan karz pullar üçin tölenmeli göterimler umumy maýa goýumdan alnan girdejiden pes bolanda, onda hususy maýa goýum näçe pes bolanda şonça-da hususy m.g-n alnan girdeji ýokary bolar. Şeýlelikde, pes göterimli karz pul serişdeler hususy maýa goýumdan alnan girdejini ýokarlandyrýar.Bu pozitiw (+) lewerij effektiň mysaly.
Mysal 2.
Karz alnan maýa goýumlara goýulan göterimler hususy maýa goýumdan alnan girdejiden ýokary.
Bu ýagdaýda hususy maýa goýumlar näçe ýokary bolsa şonça-da hususy maýa goýumlardan alnan girdeji ýokary bolar.
Bankyň göterimlerine näçe köp serişde gitse, şonça-da girdejiň ölçegi az bolar. Bu ýagdaý negatiw (-) lewerij-effektiň

bolmagyna getirýär. Bankyň lewerij-effektiň täsiriň netijesinde pes bolanda (kärhanalar üçin örän amatly döwür) karz pul serişdeler köp alnanda kärhananyň girdejisi ýokarlanýar.

Girdejililigiň üçünji koeffisiýenti (ROI):

$$\text{(ROI) Öwezini doldyrmak indeksi} = \frac{\text{Arassa girdeji}}{\text{Ortaça umumy maýa goýum}} \times 100\%$$

Aşakda görkeziljek tablisada arassa girdejiniň umumy maýa goýumyň nettasy bilen,aragatnaşygy göterimler görkezilýär.
ROI koeffisiýentden görkezijileriň uly toplumy başlanýar- ROI
”ROI deregi”(derewo R.O.I.)
”ROI deregi”(derewo R.O.I.)



Haçanda firma öz maýa serişdelrini aýlanyşyga köp goýberen bolsa onda ROI ýokary derejeli bolýar.
Ýokjarda görkezilen girdejileriň koeffisiýentleri çykarylan maýa goýumlaryň we ýetilen netijeleriň arasyndaky gatnaşygy görkezýär. Netijeler diýip ululyk diýip düşünýäris, ýagny girdeji + degişli göterimler, şeýle hem netto-ululyk, ýagny girdeji göterimsiz.
Ýene-de iki sany girdejililik koeffisiýentleri bar:
1)aýlanyşykdan alnan girdeji
2)cash-flow koeffisiýenti–nagt girdejileriň nagt çykdaýjylardan ýokary bolmagy.
Ýokarda agzalan 3 koeffisiýentden tapawutlylykda bu iki koeffisiýentler deslapky ululyklar hökmünde maýa goýumlary däl-de aýlanyşygy görkezýärler.
Aýlanyşykdan alnan girdeji koeffisiýenti:
Aýlanyşykdan alnan girdeji= arassa girdeji/aýlanyşyk x 100%
Marž-satyn alnan we satylýan bahalaryň arasyndaky tapawudy.
Aýlanyşykdan alnan girdeji her dürli pudaklarda dürli bolup biler. Mysal üçin,rornisada satýan firmalarda girdeji almak üçin maržyň pes derejesinde aýlanyşy ýokarlandyrmak gerek;
Başga ýagdaýlarda maržyň ýokary derejesinde, ýagny girdeji almak üçin pes aýlanyşykly bolmak ýeterlik bolup durýar.

Cash-flow koeffisiýenti

Cash-flowdan alnan girdeji=cash-flow/aýlanyşyk x 100%
Eger-de bölek satow gurşawynda cash-flow 4-5% bolsa ýeterlik bolup durýar; Önümçilik üçin bu görkeziji 10% bolsa gowy bolar.

# XIII Bap
# Salgyt ulgamy.
## 13.1. Salgyt görnüşleri.
## 13.2. Salgyt ulgamynyň umumy häsiýetnamasy.

## 13.1. Salgyt görnüşleri.

Bazar ykdysadyýet şertlerinde döwletiň ykdysadyýeti dolandyrmasynyň iň netijeli bir usuly bolup, salgytlar bolup durýar.

Türkmenisanyň salgyt sistemasy, döwletiň çägindäki şahslardan belli bir düzgünde ýygnalýan salgyt we ýygymlaryň jemi bilen görkezilendir.

Salgyt sistemasy ýygym, sazlama we paýlama funksiýalaryny ýerine ýetirýär. Jemgiýet, syýasat we ykdysadyýet meseleleri üçin ýygym funksiýasynyň kömegi bilen döwletiň girdejisi emele getirilýär. Döwlet Salgyt stawkalarynyň, ýeňillikleriniň we jerimeleriniň kömegi bilen ykdysady we jemgiýet ösüşlerini sazlaýar.

Salgytlaryň görnüşleri :

- Goşulan baha üçin salgyt
- Käbir harytlara we mineral çig mallara bolan aksizler.
- Girdeýjä bola salgyt
- Kapital girdejileriniň salgydy
- Ýeketäk sosiýal salgyt
- Döwlet poşlinasy
- Gümrük poşlinalary we ýygymlary
- Ýerasty bilen peýdalanma üçin salgyt
- Tokaý salgydy
- Su salgydy
- Gozgolmaýan emläk salgydy
- Gar ýol salgydy
- Satuw salgydy

We ş.m.

Salgytlaryň görnüşüni seljermede başka usullar hem ulanylýar. Mysal üçin, salgytlary hasaba alma usulyna göra salgytlar aşakdakylara bölünýärler:

- Önümüň özüne düiýän gymmatyna goşulýan salgytlar
- Harydyň satuw nyrhyna goşulýan salgytlar (aksiz, NDS)

Girdejilik we çykdaýjylyk şertlerine görä salgytlar göni we göni däle bölünýärler.

- Göni salgytlara: Kärhananyň girdeýjisine bolan salgyt, ýer salgydy, şahslaryň girdeýjisine blan salgyt.
- Göni däl salgytlar: Goşulan baha üçin salgyt, käbir harytlaryň aksizlary, gymmat kagyzlar bilen amallara bolan salgyt.

Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda Girdeýjä bolan salgydy, telekeçilik işi bilen meşgullanýan gurama we kärhanalar, maýa goýumunda daşary ýurt puly gatnaşýan kärhanalar we ähli ýuridik bolan şahslar töleýär.

Bu salgydy kärhanalaryň aýry hasaaplaşma hasaby bolan şahamçalary hem töleýär.

Salgyt salynýan obýekt bolup salgyt töleýäniň girdejisi çykyş edýär

## 13.2. Salgyt ulgamynyň umumy häsiýetnamasy.

Döwlet büjetiň girdejiler bölümi esasanam döwletde hereket edýän salgyt ulgamynyň kömegi bilen döredilýär.

Salgyt ulgamy – bu döwlet büjetiniň harajatlar bölümi baglanşykda hereket edýär. Döwlet büjetiniň girdejiler bölüminde ýygnalan pul serişdelere hasabat ýylynda doly derejede niýetlenen ugurlary boýunça peýdalanylypdyr. Döwlet büjetiniň girdejiler hem-de harajatlar bölüminiň tapawudy döwlet büjetiniň ýetmezçiligini ýa-da artykmaçlygyny kesgitlemek mümkinçiligini döredýär. Türkmenistanyň döwlet büjetiniň girdejiler bölümi esasanam döwletde hereket edýän salgyt ulgamynyň kömegi bilen emele gelýär. Döwlet büjetiniň

girdejiler bölümine şu aşakdaky salgytlaryň kömegi bilen pul serişdeleri jemlenýär:

1) Salgytlardan we töleglerden büjete gelýän girdejiler
- ilatdan alynýan salgytlar;
- peýdadan alynýan salgytlat;
- emläk üçin alynýan salgytlat;
- goşmaça baha salynýan salgytlat;
- ýerasty baýlyklary peýdalanýandygy üçin alynýan salgytlat;
- goşmaça tölegler (aksizlar);
- döwlet durmuş ätiýaçlylyk üçin geçirilýän serişdeler;
- möhleti uzaldylan bergiler boýunça girdejiler;
- pensiýa ätiýaçlandyryş toplamalaryndan çekilýän serişdeler;
- gaýry salgytlar we tölegler.

2) Toplumlaryň we döwlet gaznalarynyň serişdeleri
- nebitgaz energetika we senagat toplumy;
- agrosenagat toplumy, himiýa toplumy.


Döwlet salgytlary.
fiziki taraplardan
yuridik tarapdan
garysdyrylan salgytlar
fiziki tarapyndan alynżan salgyt
akyuz salgydy
yol ätiyaclary-na salgytlar
satylyan,sowgat berilyän ya-da mi-raslyk emläge
gosulan gym-matlyga salgyt (HOC)
Döwlet salgydy
Yk-ŋ ileri tutulyan puda gyny maliye tar.goldamak ücin yörite sal.
gümrük salgydy
kärhanalara, banklara we basg.sub-yektlere sa-lynyan sal.
gymmat baha-ly kag-ry b/n ammarl.gecir-mek ücin töler yän salgytlar.
tebigy bay-dan peydalanmak ücin salgyt
Mineral cig mal ätiyacl-ŋ öwezi ni dold-k ücin salgytlar.
Ulag salgydy




Islege indiki görkezijiler täsir edýär: önümiň bahasy, hili, sarp edijileriň girdejileri, sarp edijileriň sany, ýaşy, jynsy, jemgyýetde eýelik edýän durmuş derejesi, wezipesi, modaň täsiri, reklama. Şonuň üçin marketologlar bazary öwrenmekligiň birnäçe usullaryny ulanýarlar: psihologiki, funksional, dinamiki.

Her bir telekeçi üçin bazar-häzirki we geljekki alyjylaryň jemi. Marketologlar sarp edijileri indiki kesgitleýji häsiýetler arkaly tapawutlanýarlar: geografiki, demografiki, sosial hereketleri boýunça, islegleri. Muňa bazary segmen-tirlemek, bölmek diýilýär. Şonuň bilen birlikde bazaryň maksatlaýyn böleklerini saýlamak: sarp edijileriň umumy toplumyna gönükdirilmek; sarp edijileriň 1 toparyna, bazaryň bir bölegine gönükdirilmek.
Toplumlaýyn marketinge standart önümleri çykarmaklyga gönükdirilen, bu ýerde har. Reklama etmek üçin toplumy maglumat serişdeleri ulanylýar.
Bazaryň köp böleklerinde özboluşly harytlary çykarmaklyga çalyşýar.
Aksiz salgytlar hemme harytlara salnanok, harytlaryň çäkli sanawyna-alkogol içgiler, ýeňil maşynlar, çilime, gyzyla, hrustaldan ýasalan harytlara, farfordan harytlara. Bu ýerde önüm öndüriji kärhanalar aksiz salgydyny öndüren harydynyň bahasyna geçirip satyn alyjylara alnyp bu ýerde geçirýän salgyt.
Goşulan gymmatlyga salgyt (NOC), sarp etmek üçin salgyt.
Biznes-peon-kärhanany döretmekligiň başlangyç tapgyrynda maksatlary kesgitlemek; bäsdeşlik ýagdaýlarda kärhananyň geljeginiň durmuşa ukyplylygyny görkezmek üçin niýetlenen önümçiligi ösdürmek bilen baglanşylan belli bir taslama üçin maliýe kömegini almakda mümkinçilik döredýär.
Şol günlerde hem mukaddes gymmatlyklaryň biri bolan, ata-babalaryňdan miras galan. Degişli düzgün boýunça bujete tölenýän töleg-bu salgytlar.

\

EDEBIÝATLAR


1. Saparmyrat Türkmenbaşy, Ruhnama Aşgabat, 2001.
2. Saparmyrat Türkmenbaşy, Ruhnama. Ikinji kitap. Aşgabat, 2004.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagytdyr. Aşgabat, 2007.
4. Türkmenistanyň prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň umumy milli “Galkynyş” hereketiniň we Türkmenistanyň demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. 1-nji tom Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň prezidentiniň “Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin” Milli maksatnamasy, Aşgabat, 2007.
7. “Türkmenistanyň ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasy, “Türkmenistan” gazeti, 2003-nji ýyl Awgust aýynyň 27-si.
8. Alekseewa M.M. Planirowanie deýatelnosti predpriýatiýa- M., 2000.
9. Nebit –gaz pudagynyň Türkmenistanyň 2010 –njy ýyla çenli sosial-ykdysady ösüşiniň strategiýasy.
10. Türkmenistanyň “Uglewodorod resurslary baradaky kanun” Нетральный Туркменистан. 16 oktýabr, 1999.
11. “Türkmenistanyň nebiti gazyçykarýan senagatynyň ykdysadyýeti”, Türkmen NIPI nebit.
12. Егоров В.И., Победоносцева Н.Н., Сыромятников Я.Ш. Экономика нефтегазовой промышленности. Недра 1990.

13. Бренс А.Д.,Гандкин В.Я., Урынсон Р.С. Промышленная экономика добычи газа. Недра 1985.
14. Андреев А.Ф., Зубарев В.Д.,Победоносцева В.Д., Проектирование разработки нефтяных и газовых месторождений. Академия им. Губкина,1999.

MAZMUNY

Giriş 7
1.Bap.Ykdysadyýetiň esaslary 10
2. Bap.Kärhana barada düşünje. 12
2.1.Kärhanalaryň görnüşleri we hojalyk – hukuk formalary. 12
3. Bap. MAÝA GOÝUMLARYŇ YKDYSADY NETIJELILIGI. 19
3.1.Maýa goýumlar. Umumy düşünje. 19
3.2.Maýa goýumlaryň ykdysady netijeliligini kesgitlemegiň usullary. 21
3.3.Nebit gaz pudagynyň maýa goýumlarynyň çeşmesi. 24
4.Bap. Daşary ýurt kompaniýalary bilen önümi paýlaşmak baradaky ylalaşyklar boýunça hyzmatdaşlygyň ösüşi. 27
5. Bap. Nebit gaz pudak guramalarynyň esasy fondlary. 29
5.1.Esasy fondlar barada düşünje. Esasy fondlaryň klassifikasiýasy, görnüşleri we bahalandyrylyşy. 29
5.2.Amortizasiýa we esasy fondlaryň könelmesi. 36
5.3.Nebit gaz pudak kärhanalarynyň esasy fondlarynyň remonty. 40
5.4.Esasy fonlaryň ulanylşynyň esasy görkezijileri. 42
5.5.Önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrylmagynyň ýollary. 45
6.BAP: Nebit gaz pudak kärhanalarynyň aýlanşyk serişdeleri. 49
6.1. Nebit gaz pudak kärhanalarynyň aýlanşyk serişdeleriniň düzümi we ayratynlyklary. 49
6.2.Aýlanşyk serişdeleriniň kadalaşdyrylmasy we çeşmeleri. 54
6.3.Aýlanşyk serişdeleriniň aýlawy we pudak üçin ähmiýeti. 62
6.4.Aýlanşyk serişdeleriniň ulanylşynyň esasy görkezijileri. 64

7. Bap: Nebit gaz pudagyndaky material-tehniki resurslary we logistika. Pudagy haryt-enjam bilen üpjün etmek. 74
7.1.Material-tehniki resurslaryň ähmiýeti, meseleleri we aýratynlyklary. 74
7.2.Material-tehniki resurslar bilen üpjünçiligi. 75
7.3.Nebit gaz pudak kärhanalary maddy-tehniki resurslar bilen üpjünçiligiň ýyllyk meýilnamasy. 76
7.4. Logistika. Umumy düşünje we gurluşy. 78
8. Bap. Nebit gaz pudagynyň zähmet resurslary. 81
8.1.Zähmet resurslary. 81
8.2.Ilat we maşgala ýagdaýy. 84
8.3.Türkmenistanyň ilatynyň bilim derejesi. 85
8.4.Iş bilen meşgullyk, olaryň regional we pudaklaýyn aýratynlyklary. 87
8.5.Zähmet öndürjiligi. 89
8.6.Zähmet resurslary we zähmet hakyny meýilleşdirmek. 94
8.7.Zähmete hak tölemek. Zähmet resurslaryny bahalandyrmakda ulanylýan esasy görkezijiler. 97
9. Bap. Ýangyç energetika resurslarynyň Kadalaşdyrylyşy 104
9.1 Ýangyç energetika resurslarynyň normirlemeginiň aýratynlyklary. 104
9.2 Ýangyç energetika resurslarynyň tygşytlamagynyň mümkinçilikleri. 106
10.Bap. Nebit gaz pudagynda önümçilik çykdaýjylarynyň emele gelşi
10.1.Önümiň özüne duşýan gymmatynyň gurluşy. 107
10.2.Nebit gaz işleriniň özüne düşyän gymmaty. 113
10.2.1.Burawlama işleriniň özüne düşýan gymmaty 113
10.2.2.Nebiti we gazy ýer ýüzine çykarmaklygyň özüne düşýän gymmaty. 119
10.3.Nebit önümleriniň özüne düşýan gymmaty. 123

10.4.Nebiti we gazy daşama we saklama
gurluşynyñ (sistemanyñ) özüne düşýän gymmaty. 125
11.Bap. Nyrh we nyrhyñ emele gelmesi. 129
11.1. Nyrh barada düşünje. 129
11.2. Nyrhyň sazlaýyş ähmiýeti. 131
12.Bap. Kärhananyñ gazanjy we girdejiligi. 133
12.1.Gazanç we girdeji barada düşünje. 133
12.2.Kärhananyň düşewüntsizligi. 137
13. Bap. Salgyt ulgamy. 141
13.1. Salgyt görnüşleri. 141
13.2. Salgyt ulgamynyň umumy häsiýetnamasy. 142
EDEBIÝATLAR 147